**O. Annanepesow**

# TÜRKMEN HALK SAZ GURALLARYNDA ÝERINE ÝETIRIJILIGIŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 78 + 7.01 / 097
A 60

**Annanepesow O.**
A 60 **Türkmen halk saz gurallarynda ýerine ýetirijiligiň taryhy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

Okuw kitabynda türkmen milli saz gurallary, gadymyýetden gelýän milli aýdym-saz sungatymyzyň ösmegine, biziň günlerimize ýetip gelmegine egsilmez goşant goşan ussat halypa sazandalaryň ömri we döredijiligi, olaryň ýerine ýetirijilik aýratynlyklary hakynda giňden söhbet açylýar.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna niýetlenilip, ondan sazçylyk mekdepleriniň okuwçylary, türkmen milli saz sungatyny öwrenijiler, şeýle hem giň okyjylar köpçüligi peýdalanyp bilerler.

Jogapkär redaktor Sungaty öwreniş ylymlarynyň kandidaty, dosent
*Muhammetmyrat Gapurow*

TDKP № 224, 2012 KBK 85. 245 (2 Tü)

© Annanepesow O., 2012.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Men halkymyzyň eşretli durmuşynyň gözbaşlaryny ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmeginde görýärin.***

## GIRIŞ

Türkmen halkynyň milli aýdym-saz döredijiligine ser salsaň, bu jadyly senediň atadan-ogla, nesilden-nesle, halypadan-şägirde geçip gelmek däbiniň bardygyna göz ýetirýärsiň.

«Adam dünýä inip, mana düşünip ugransoň, öz kesbini gözlemek bilen bolýar. Kim tapýar, kim tapanok. Kesbiň – düýbüň, damaryňdyr. Özüňe bagyş etseň – diliň uzar, iliňe bagyş etseň – ömrüň...»[1]

Bu sözler meşhur sazanda Mylly aganyň şägirtlerine beren wesýetinden.

Bilime, ylma aýratyn hormat goýýan halkymyz bar. «Türkmen Oguzhan döwründen bäri kitaby iň ýokary ruhy gymmatlyk, mukaddeslik saýypdyr. Geçmişde hojalygyny dolandyrýan ýalňyz düýesini kitaba çalşyp bilen türkmeniň oňa goýan sarpasyny göz öňüne getirmek kyn bolmasa gerek» diýip, hormatly Prezidentimiz belleýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda medeniýet, sungat, döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren duşuşygynda geljekde medeniýet, sungat ulgamynda-da amala aşyrmaly meseleler barada jikme-jik durup geçip, birnäçe teklipleri orta atdy.

Biziň ata-babalarymyzdan gelýän milli mirasymyz hasaplanýan milli aýdym-saz sungatymyz nesilden-nesle, dilden-dile, halypadan-şägirde geçip, «halypa-şägirtlik» okadylyş usulynda şu günümize gelen sungatdyr. Biziň ötüp geçen meşhur halypa bagşy-sazandalarymyzyň däbine eýerip, gadymyýetden gelýän «halypa-şägirtlik» okadylyş usulynyň üsti bilen ýörite halypalar mekdebini döredip, halypalaryň şägirtleriniň ussatlyk derejesine ýeten ýagdaýynda «ak

[1] H. Durdyýew. Gözellik. Aşgabat: Magaryf, 1993, 5 sah.

pata» bermek däbiniň hem ýola goýulmalydygy barada örän wajyp mesele nygtaldy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe – uly-uly ösüşleriň amala aşyrylýan zamanasynda biziň hemmämiz, ýagny milli aýdym-saz sungatymyzyň halypa mugallymlary, ussat sazandalary hormatly Prezidentimiziň aýdanlaryna jogap edip, elimizde baryny edip, gujur-gaýratymyzy gaýgyrman, gadymy milli saz okadylyş usulyna mahsus bolan «halypa-şägirtlik» aragatnaşygynda milli aýdym-saz sungatymyzyň inçe syrlaryny ýaş nesle, şägirtlerimize geçirmek biziň jana-jan borjumyzdyr diýip hasap edýäris. «Türkmen halk saz gurallarynda ýerine ýetirijiligiň taryhy» diýen şu okuw kitabynda, ilki bilen, milli saz gurallarymyz bolan dutar, gyjak, üflenip çalynýan saz gurallarymyz: gargy tüýdük, dilli tüýdük, goşa dilli tüýdük hem-de gopuz hakynda maglumatlar berilýär. Türkmen halk saz gurallary orkestriniň döredilişi, şeýle hem dutardyr gyjaklarymyzyň adaty görnüşi bilen birlikde saz gurallary orkestri üçin niýetlenilen dutaryň, gyjagyň maşgalalary hakynda-da maglumatlar berilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanymyzda ähli pudaklarda bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan sungat, medeniýet ulgamyna hem täze badalga berildi. Halkymyzyň gadymdan gelýän milli saz guraly bolan dutary ösdürip, kämilleşdirip, ýokary derejä ýetiren sungat ussatlarynyň – sazandalaryň, bagşylaryň durmuş we döredijilik ýollaryny içgin öwrenmezden, geljekki hünärmenlerde saz sungatyna söýgi, höwes döredip bolmaz. Watanymyzyň bagtyýarlyk eýýamynda milli saz gurallarymyza täzeden üns berildi. Geçmişde ýaşap geçen görnükli saz ussatlarynyň, mukamçy kompozitor-sazandalaryň türkmen halkyna miras goýan ölmez-ýitmez owazlaryny diňläniňde, olara bolan söýgiň, buýsanjyň has-da artýar. Şeýle şirin mukamlaryň şu güne çenli halkyň arasynda ýaşap gelendigine haýran galýarsyň.

Türkmen halk saz gurallarynyň-da döreýiş hem kämilleýiş taryhyna degişli maglumatlary düzgünleşdirmek meselesi, şeýle hem dürli ýollarda saz çalan ussatlar bilen tanyşdyrmak şu okuw kitabynyň maksadyna girýär.

«Türkmen halk saz gurallarynda ýerine ýetirijiligiň taryhy» atly şu okuw kitabynda milli saz gurallarymyz hakynda gürrüň edilenden soň, gadymyýetden gelýän milli saz sungatymyzyň pajarlap ösmegine egsilmez goşant goşan, şeýle hem biziň günlerimize ýetip gelmeginde öçmejek yz galdyran meşhur halypa dutarçylarymyzyň, gyjakçylarymyzyň, tüýdükçilerimiziň ömri we döredijiligi hakynda giňden söhbet açylýar. Ahal we Mary dutar ýerine ýetirijilik mekdebiniň ussat halypalary we olaryň ýerine ýetirijilik aýratynlyklary barada-da maglumatlar berilýär.



**Türkmen radiokomitetiniň bagşy-sazandalarynyň ansambly (1935 ý.)**

**Öň hatardakylar, çepden saga:**

1. Ýazmuhammet Köse – tüýdükçi.
2. Geldi Ugurlyýew – Türkmenistanyň at gazanan artisti.
3. Pürli Saryýew – Türkmenistanyň halk artisti.
4. Mylly Täçmyradow – Türkmenistanyň halk artisti.
5. Muhammetmyrat Nepesliýew – meşhur tüýdükçi.

**Yz hatardakylar, çepden saga:**

1. Abdylla Amanjaýew – Türkmenistanyň at gazanan bagşysy.
2. Annamyrat Täçmyradow – dutarçy (Mylly aganyň ogly).
3. Täçmämmet Suhangulyýew – Türkmenistanyň halk artisti.
4. Giçgeldi Amanow – Türkmenistanyň halk artisti.
5. Nursähet Halsähedow – Türkmenistanyň at gazanan bagşysy.
6. Oraz Sopyýew – bagşy.

## TÜRKMEN INSTRUMENTAL SAZYNYŇ GADYMY GÖZBAŞLARY

Türkmenistanyň çäginde bolan saz gurallarynyň taryhy örän gadymydyr. Ol biziň eýýamymyzdan öňki III asyrdan tä biziň eýýamymyzyň X asyryna çenli döwri öz içine alýar. Ýazuw çeşmeleriniň, diwara çekilen şekilleriň materiallary, Parfiýa ritonlary (biziň eýýamymyzdan öňki I–II asyrlar) şol gadymylykdan habar berýär. Şol ritonlarda sazandalaryň saz gurallarynyň şekilleri bar. Al-Farabiniň, Jamynyň, Derwüş Alynyň ylmy işlerinde bu mesele işlenilendir. Halk arasynda türkmen saz gurallarynyň gadymylygyndan söhbet açýan dilden aýdylýan rowaýatlar hem bar. Orta Aziýa saz gurallary hakynda, instrumental sazlar hakynda W. S. Winogradowyň, T. S. Wyzgonyň we beýleki alymlaryň işlerinde gabat gelmek bolýar. Saz näme? Örän gadymy döwürlerden bäri bu sowal birtopar adamlaryň ünsüni özüne çekip gelýär. Mysal üçin, gadymy hindi sazynyň wekili Bharata (biziň eýýamymyzdan ozalky I asyr) özüniň «Gitalankara» (sazyň gözellikleri hakda iş) traktatynda «Adamlar hemme zatdan beter bagt isleýär, saz bolsa bagt çeşmesi, edil durmuş energiýasy ýaly üstünligiň we abadanlygyň çeşmesi. Sazy durmuşda takwalyk, baýlyk, lezzet we gudratly azatlyk ýaly dört maksada ýetmegiň serişdesi hasaplaýarlar. Gör, näme üçin aýdym aýtmaga we saz diňlemäge yhlasly çalyşmaly ekeni!» diýip, sazyň uly ähmiýetini belleýär. Başga bir hindi akyldary Narada (VIII asyr) «Sangitamakaranda» («Saz şerbeti») atly traktatynda «Aýdyma, saz gurallarynyň sesine, tansa saz diýilýär» diýip kesgitleme berýär. Ol «Sazyň sesini eşitse, sallançakdaky çaganyň gözýaşy kepeýär, heniz durmuşyň süýjüsini datmazdan, sazyň şerbetini dadyp, ol şatlykdan dolýar. Tokaýda parahat ot çürtüp ýören jereniň çagasy awçynyň aýdymyny eşidende jadylanyp, arkaýyn ölüme barýar, gara ýylan hem aýdymyň sesinden şatlyk duýýar. Eýsem,

aýdymyň belentligini kim şöhratlandyryp biler» diýip, bu sungatyň mertebesiniň örän belentligini nygtap geçýär.[1]

Biziň eýýamymyzdan ozalky I–VI asyrlar arasynda ýaşap geçen gadymy hytaý sazynyň görnükli wekillerinden Konfusiý, Sýun-szy, (luszu) (lu-szu) ýaly birnäçe filosoflaryň hem sazyň tebigatyna, onuň jemgyýeti dolandyrmakda tutýan ornuna bagyşlan ençeme ylmy işleri bize gelip ýetipdir. Olarda sazyň jemgyýetçilik ähmiýetine uly üns berlip, halkyň aňyny, erk-islegini jylawlamaga, şol esasda döwleti dolandyrmaga ukyply serişde hökmünde umumy, idealistik garaýyşlar öňe sürlüpdir. Gündogar sazyna degişli ýazuw ýadygärlikleri hakda aýdylanda, onuň aňyrky çägi Arap halyfatynyň döwründen, ýagny biziň eramyzyň VII–VIII asyrlaryndaky feodal gatnaşyklaryň ösen döwründen alnyp gaýdylýar. Muňa mysal edip, 870–950-nji ýyllar arasynda ýaşap geçen filosof Abu Nasyr al-Farabynyň «Saz hakynda uly kitap», «Saz hakynda düşünje», «Ritmleriň klassifikasiýasy hakda kitap», «Ylymlaryň klassifikasiýasy hakda kitap» ýaly işlerine, X–XI asyryň belli filosofy Abu Ali ibn Sinanyň (Awisennanyň (930–1037) «Sagaldyş kitaby» atly meşhur işindäki «Saz hakynda bilimler ýygyndysy» bölümini we XIII, XIV, XV asyrlaryň görnükli alymlaryndan As-Şirazynyň, Derwüş Alynyň, Al-Amulynyň, Abdyrahman Jamynyň, Al-Husaýniniň we birnäçe beýleki alymlaryň saz hakynda traktatlaryny ýatlamak mümkin. Saz öwreniji alym W. P. Şestakow şeýle belleýär: «Dogrudan hem, gadymy Gündogaryň saz estetikasy üçin onuň ösüşiniň ilkinji başlangyjynyň mifologik formada bolmagy häsiýetlidir. Munuň şeýledigi, ilki bilen, bu ýerde saza, onuň täsirine diňe bir adamzat psihologiýasyny däl, eýsem dünýäni, bütin tebigaty, ösümlikleri, daşlary, planetalary, pasyllary we ş.m. tabyn etmäge ukyply, kuwwatly güýç hökmünde seredilmegi bilen düşündirilýär.

Sazyň jadyly güýji hakda pikir baryp gadymy Grek estetikasynda Orfeý hakdaky mifde özüniň ajaýyp beýanyny tapypdyr. Gadymy grekleriň bellemeklerine görä, Orfeý öz sazy bilen, hatda, aýaly Ewridikany hem direltmegiň hötdesinden gelipdir. Käbir beýleki miflerde bolsa sazandalaryň ýaryşy suratlandyrylýar.

[1] *Ahmedow A., Saparow A.* Dutaryň owazy – halkymyň sazy. – A.: Türkmenistan,1983. 6–7 sah.

Rowaýatlardan belli bolşuna görä, antik döwrüniň «Barbat» atly ilkinji saz guralyny Pifagor döreden bolsa, meşhur türkmen dutarynyň ilkinji nusgasyny Alynyň atbakary Babagammar döredipdir. Olaryň döreýiş usullarynda aýdyň duýulýan umumylyk bar. Şol rowaýatlar deňeşdirilse, onda Pifagoryň saz guralyny döredişi, ýüpek kirişleri ulanyşy, «Barbat» saz guralynyň hyýalyňa gelýän umumy görnüşi – türkmen saz gurallaryna (dutara-da, gyjaga-da) degişli alamatlar bolup durýar. Tüýdük saz guralynyň döremegi hem gadymy grek medeniýetiniň gündogara ýaýradylan döwründe, ýagny ellinizm döwründe grek serkerdesi Aleksandr Makedonskiý (Isgender Zülkarnaýn) sebäplidigi rowaýatlarda öz beýanyny tapypdyr. Saza dahylly hemme halklarda giňden ulanylýan muzyka, analiz, gimn, hor dialog, diapazon, orkestr, tema, filarmoniýa, simfoniýa we ş.m. birtopar terminler antik döwrüniň medeniýetinden geçen sözler bolmaly.

# TÜRKMEN HALK SAZ GURALLARYNA HÄSIÝETNAMA

## Dutar

Ýaşuly bagşy-sazandalar bilen gürrüňdeş bolsaň, olar dutaryň döremegine yslam dininiň wekili Alynyň atbakary Babagammar sebäp bolupdyr diýen arkama-arka geçip gelen rowaýaty orta atýarlar. Bu rowaýatyň meşhur Şükür bagşy tarapyndan aýdylan görnüşi hem-de gadymy grek filosofy Platonyň ady bilen baglanyşykly beýleki bir rowaýat W. Uspenskiniň we W. Belýaýewiň «Türkmen sazy» kitabynyň içinde getirilýär. Halk arasynda bu rowaýatlaryň dürli görnüşleri bar. Geliň, Alynyň atbakary Babagammar bilen bagly rowaýat bilen tanşalyň:

– Hezreti Alynyň biçak owadan Düldül diýen aty bolupdyr. Ony Babagammar diýen adam seýisläpdir, ýagny ol Hezreti Alynyň atbakary bolupdyr. Babagammar dutar saz guralyny ýasapdyr, ol bu ýasan dutarynda ussatlyk bilen şeýle şirin sazlary çalypdyr, bu sazlary diňläp duran Düldül diýen at, hiç zat iýmän, tukat bolup, gün-günden horlanyp başlapdyr. Muny aňan Hezreti Aly munuň sebäbini bilmegiň kül-külüne düşýär. Hezreti Aly günlerde bir gün garaşylmadyk ýagdaýda atýatagyna girse, ol ýerde Babagammaryň dutarda saz çalyp oturanyny görýär. Babagammar Hezreti Alyny görüp, ör-gökden gelip, gorkusyna dutary ýokaryk galdyryp, ýeriň ýüzüne pylçap urup döwjek bolup durka, Hezreti Aly ony saklap ýetişýär. Hemem haýran galmak bilen, ondan bu ýasan zadynyň nämedigini gürrüň bermegini haýyş edýär.

Babagammar Hezreti Ala bu ýasan zadynyň dutar diýen saz guralydygyny, şeýle hem bu saz guralyny ýasanda ilki bilen hiç hili ses,

owaz çykmandygyny, çünki dutardan sesiň çykmagyna «şeýtanyň» sebäp bolandygyny gürrüň beripdir.[1]

Türkmen halkynyň saz durmuşyna bu saz gurallarynyň haýsy döwürlerde ornaşandygy hakynda anyk aýtmak kyn. Emma taryhy arheologik tapyndylar dutar görnüşli iki kirişli saz guralynyň biziň eýýamymyzdan öň III–II asyrlarda gadymy Merwde bolandygyna şaýatlyk edýär. Türkmen halkynyň dutar saz guralynyň «saz» diýip atlandyrylmagy barada aýtsak, Gündogaryň giňden ýaýran eposdyr dessanlaryna göz gezdirenimizde, «Eline sazyny aldy-da, bir söz diýer boldy» diýen setirlerde türkmen halkynyň «saz» sözüni, esasan, dutar hökmünde ulanandygy mälim bolýar.

Ylmy çeşmelerde dutar sözi XV asyrlarda duş gelýär.

Dutar, esasan, üç bölümden ybarat: kädi, gapak, sap. Dutaryň kädisi, gapagy tut agajyndan, sapy bolsa erik agajyndan ýasalýar. Kirişleri saza düzmek üçin, dutaryň 2 sany gulagy bar. Dutaryň kirşi has ir döwürlerde içegeden edilipdir. Soňra ol ýüpek tar, iň soňunda hem polat sim tarlar bilen çalşyrylypdyr. Dutarda 13 sany perde bar.




[1] *Uspenskiý W*., *Belýaýew W*. Туркменская музыка. Т. 1. – A.: Türkmenistan, 1979. 112 sah.

Dutaryň gadymy gazma görnüşiniň düzgüni, esasan, 1-nji kirşi, 1-nji oktawanyň «re» notasyna, 2-nji kirşi bolsa kiçi oktawanyň «lýa» notasyna düzülýär.

## Dutaryň perdeleri

Geçmişde türkmen bagşy-sazandalary hünäriň talaplaryna görä, dutar perdeleriniň hersini dürli atlar bilen atlandyrypdyrlar. Şeýle hem olar howaýy atlar bolman, köp ýyllaryň tejribesi netijesinde sazandalaryň kalbynda berk ornaşan her perdäniň aýratynlyklary göz öňünde tutulyp dakylan atlardyr. Perde atlary belli derejede häzirki nota sowadynyň ornuny tutupdyr diýsek, megerem, ýalňyş bolmasa gerek, sebäbi ol halypa dutarçynyň hünär öwretmegine, şägirtleriň halypalardan tälim almaklaryna uly mümkinçilikler beripdir. Mysal üçin: halypanyň «Baş perde» diýerine mähetdel, şägirt birinji perdäni basmak bilen bolýar...

W. A. Uspenskiý özüniň Türkmenistanda geçiren saz ekspedisiýasy döwründe «Şirwan perde», «Zaryn perde», «Lal perde» diýlen üç sany perde atlaryna duş gelendigini belleýär. Bulardan başga-da onuň işinde «Bäş perde» diýen ada-da duşmak bolýar. Emma olardan diňe «Zaryn perde» ýa-da «Lal perde», ondan aşakda ýerleşýän ýedi perdä bolsa tutuşlygyna «Şirwan perde» diýip at beripdir.

Ýöne olar heniz dutar perdelerine dakylan atlaryň doly sany däldir. Ýogsa-da, diňe 2–3 sany at bilen dutar perdeleriniň aýratynlyklaryny islendik derejede aýyl-saýyl görkezip bolmajakdygy, galyberse-de, 2–3 adyň hünär öwretmek, öwrenmek, hünäri ösdürmek üçin hem ýeterlik däldigi belli zatdyr. Biz dutarçylyk sungatynyň çäginiň ummasyzdygyny unutmaly däldiris.

Dürli ýollaryň bagşy-sazandalary öz iş tejribelerine hem halypalarynyň ýatlamalaryna salgylanyp, türkmen dutaryndaky 13 perdäniň hersiniň öz adynyň bolandygyny, olaryň häzir hem ulanylyp gelinýändigini tassyklaýarlar. Şol atlaryň köpüsi türkmen bagşyçylyk ýollarynyň hemmesinde birmeňzeş bolup, diňe käbirleri dürli «ýollarda» başgaçarak atlandyrylypdyr. Olaryň ýörgünliräk mysaly hökmün-

de Ahal sazandalarynyň ulanýan perde atlaryna gysgaça nazar aýlap geçýäris.

Dutaryň sapynyň üstündäki 13 perde ýokardan aşaklygyna hasaplanyp, olaryň ilkinjisine «Baş perde» diýilýär. Munuň sebäbi, birinjiden, onuň «başlangyç perde» ýa-da «ilkinji perde» diýen many berýändiginde bolsa, ikinjiden, saz eserleriniň, köplenç, şol perdeden başlanýanlygyndadyr. «Nowaýy», «Sallanan gözel» halk sazlarynyň ýa-da şolara meňzeş ýeke kirişde, agraslyk bilen çalynýan sazlaryň hemişe diýen ýaly ikinji perdeden başlanýandygy üçin, ikinjidir.

Perdeleriň içinde käbir meňzeş atlylaryna-da duş gelmek bolýar. Mysal üçin, üçünji perdä «Ýokarky açyk perde», ýedinji perdä hem «Aşaky açyk perde» diýilýär.

Bu perdeleriň «Açyk perde» diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi hakda halypa bagşylar şol perdeleriň owaz aýratynlyklaryna salgylanyp, «Üçünji perdäniň owazy başlangyç perdelere görä has açyk eşidilýär, ýedinji perde bolsa, köplenç, saz çalnanda, aşaky kiriş basylyp, ýokarky kiriş basylman (açyk) galýar»[1] diýen düşünjäni aňladýarlar. «Ýokarky kyýamat perde» diýilýän dördünji perde bilen «Aşaky kyýamat perde» diýlip atlandyrylan on birinji perde hakda-da «Saz çalynýan mahaly bu perdelerden ýokaryk geçiliberilse, onda çalynýan sazyň umumy dartgyny düýpgöter üýtgäp, diňleýjide saz başga bir akyma gönükdirilen ýaly duýgy döreýär (sazandalaryň dili bilen aýtsak, ***тональность*** üýtgeýär ýa-da ***модуляция*** amala aşyrylýar). Şu aýratynlyklary göz öňünde tutup, irki wagtyň sazandalary bu perdeleri «Kyýamat perdeler» diýip atlandyrypdyrlar diýen düşünje bar.

Emma bular, elbetde, islendik derejede takyk kesgitlenen düşünjeler däldir, sebäbi perdelerden çykýan owazlaryň «açyklyk» häsiýetlerine-de, ***модуляция*** hadysalaryna-da diňe agzalan perdelerde däl, eýsem çalynýan esere baglylykda islendik beýleki perdelerde-de duş gelmek bolýar.

Dutaryň bäşinji perdesi ses aýratynlygy boýunça däl-de, tertip sany boýunça «Bäş perde» diýlip atlandyrylypdyr. Bu perdede, köp-

---

[1] *Ahmedow A., Saparow A.* Dutaryň owazy – halkymyň sazy. – A.: Türkmenistan, 1983. 22–24 sah.

lenç, dutar kirişleriniň düzülişi barlanýar. Netijede, bu perdäni hemmeleriň kynçylyksyz tapyp bilmegi üçin ony «Bäşinji perde» diýip atlandyrmaklyk has amatly hasaplanylypdyr.

Başda dutar perdeleriniň bada-bat 13 edilip döredilmän, häzirki mukdaryna uzak gözlegleriň netijesinde ýetilipdir. W. S. Winogradow özüniň «Музыка советского Востока» diýen kitabynda gazak halkynyň dutara meňzeş saz guraly dombra hakda şu maglumatlary getirýär: «Gazak dombrasynyň sapynda, A. Zataýewiçiň aýtmagyna görä, 10 sany perde bar (Semipalatinsk dombrasynda şeýle perdeler, onuň synlamagyna görä, 8), beýleki çeşmelerde günbatar Gazagystan dombralarynyň 12–14 perdeli we gündogar Gazagystanyň 7–8 perdeli dombralarynyň barlygy görkezilýär.

Edil häzir gazak dombrasyndaky ýaly göz-görtele aýratynlyklar bolmasa-da, şol aýratynlyklary türkmen dutary hem başyndan geçirip gelipdir. Ýogsa-da, käbir ýaşuly sazandalaryň ýatlamalaryndan (rewolýusiýanyň öňüsyrasyndan) Daşoguz etrabynda 7 perdeli dutaryň bolandygyny eşitmek bolýar. Galyberse-de, 8-nji perdäniň gelip çykyşy hem gyzyklydyr. Bu perde XIX asyryň aýaklaryna çenli türkmen dutarynda asla bolmandyr diýen çaklama bar. Ol ilkinji gezek türkmen sazandalary tarapyndan boglupdyr we şonuň üçin hem oňa «Türkmen perdesi» diýip at beripdirler. Gazak dombrasynyň 1-nji perdesi (pernesi – gazak dilinde) «Türkmen perdesi» diýip atlandyrylýar. O. A).

Garagalpaklarda bolsa bu perde henize çenli bogulmandyr. Bu barada Türkmenistanyň halk artisti Ata Ablyýew (özüne duşmak miýesser bolan) bir wakany gürrüň berýär. Belli garagalpak bagşylaryndan biri türkmen dutaryny edinmegi ýüreginde besläp, dutarçy ussamyza ýüz tutupdyr. Arzuw eden dutary eline gowşanda, ol bada-bat sekizinji perdäni aýyrmak bilen bolupdyr. Munuň sebäbi soralanda bolsa, ol garagalpak bagşylaryna bu perdäniň geregi ýok diýip, jogap beripdir.

Meniň şu ýerde bir wakany ýatlasym gelýär. 1983-nji ýylyň iýul aýydy. Ynha, şol ýyl Türkmen döwlet pedagogik sungat institutynyň «Saz, folklor, etnografiýa» laboratoriýasynyň milli aýdym-saz sungatymyzy toplamak maksady bilen Stawropol ülkesindäki türkmenleriň arasynda gurnan ekspedisiýasyna gatnaşmak maňa-da mi-



2. Sargyt № 952

ýesser etdi. Bu ekspedisiýa institutyň «Saz, folklor, etnografiýa» laboratoriýasynyň müdiri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Allaberdi Oraztaganow (merhum), şeýle hem Şageldi Amangeldiýew (merhum), Aşyr Esenow, Narmyrat Hojanazarow dagylar gatnaşdylar. Ol ýerde biz milli aýdym-saz sungatynyň ussat halypasy Nazar bagşy bilen duşuşdyk. Ol bagşydan biz birnäçe aýdym-sazlary, dessanlary ýazyp aldyk. Halypa bagşy Stawropol türkmenleriniň dutary hakynda gyzykly maglumatlar berdi. Olaryň ýasalyşy edil türkmen dutary ýaly üç bölekden ybarat: kädisi, gapagy, sapy, 2 kirşi, 2 gulagy bar. Türkmen dutary tutdan, erik agaçlaryndan ýasalýan bolsa, Stawropol türkmenleriniň dutary sosna agajyndan ýasalýar. Stawropol türkmenleriniň dutarynyň kädisi tut agajyndan, gapagy sosna agajyndan, sapy çynardan ýasalýar. Ol dutaryň kirişleri goýnuň ajy içegesinden, gulaklary bolsa agaçdan ýasalýar.

Biziň dutarymyz bilen deňeşdirilende, gaty ýönekeý ýasalypdyr. Kirşi goýnuň ajy içegesinden edilipdir. Perdeleri jemi 7 sany bolup, aralary biziň dutarymyzyňky ýaly yzygiderli bogulmandyr, saz dili bilen aýdylanda, perdeleri «hromatiki» bogulman, kä perdesiniň arasy açyk, ýagny «diatoniki» görnüşde boglupdyr. Şeýle hem Stawropol türkmenleriniň dutaryny edil orta bilinden, ýagny kädi bilen sapyň sepleşýän ýerinden ikä bölüp, ýene öňküsi ýaly birleşdiribem, sepläbem bolýar (O.A.).

Ahally bagşylaryň dilinde dokuzynjy perde «Ogruja perde», onunjy perde hem «Göni perde» diýlip atlandyrylypdyr. Olaryň aýratynlyklary sazdan baş çykarmaýan adam üçin (hatda, käbir saza düşünýänler üçin-de) hiç zat aňlatmaýan howaýy atlar ýaly bolup duýulýar. Emma anyklanylsa, bu atlaryň hem uzak ýyllaryň bagşyçylyk tejribesiniň döreden atlarydygyna göz ýetirmek mümkin. Aýdymçy bagşylaryň «Tüni derýa», «Owazy geldi» ýaly käbir çekimli aýdymlary aýdýan mahallary, ýokarky kyýamat perdeden gaýta-gaýta öwrüm edip geçişleriniň şaýady bolýarys. Käbir halatlarda bagşylar indiki, has çekimli aýdym üçin sesini aýamak maksady bilen «kyýamat perdäniň» deregine «ogurja perdäni» (ýagny, 9-njy perdäni) ulanyp, yzyna dolanýar. Göräýmäge, hemme zat ýerbe-ýer. Adaty diňleýji bu hadysany kän bir aňyp durmaýar.

Tejribeli hünärmenleriň welin edil şol pursatda «Häk, bagşy ogrulad-ow!» diýip içini gepledýänligi gümansyzdyr. Şeýle bolansoň, (käte «Kyýamat perdäniň» wezipesini elinden alýanlygy üçin), bagşylar 9-njy perdä «Ogruja perde» diýip at beripdirler. Käbir halk heňleri başlangyç perdelerde kän eglenmän, bada-bat göni onunjy perdä geçip, şol ýerde-de ösdürilip başlanýar. «Meýlis halan», «Tapylar» ýaly beýleki birnäçe heňler turuwbaşdan gös-göni onunjy perdeden «ýola düşýärler», megerem, şeýle alamatlar onunjy perdäniň «Göni perde» diýlip atlandyrylmagyna esas döredendir.

Çeper eserlerde bolşy ýaly, aýdym-saz eserleriniň gurluşy-da, köplenç, başlangyç, ösdüriliş, iň ýokary dartgynly dereje (kulminasiýa) we çözüliş ýaly sýužetiň dört sany esasy bölümleri özünde jemleýär.

Şol bölümler dutarçylyk sungatyna dahylly eserleriň gurluşynda-da giňden ulanylyp gelinýär. Mysal üçin, türkmen halk saz eserleriniň haýsy birini yzarlap görseň-de, çalnanda, olaryň hemmesi diýen ýaly «Baş perdäniň» töwereginden «ýola düşüp» ugraýarlar.[1]

Dutaryň 11-nji perdesinden başga, hemme perdesinde halk sazlarymyzyň başlanyp, ýola düşýänligini belläsim gelýär.

Türkmen halk sazlary «Ýandym gyrk» Ýokarky kyýamat perdeden (4-nji perde), «Şadilli» 5-nji perdeden, «Ýar, derdiňden» Gökleň (6-njy) perdeden, «Baga gireli» Aşaky açyk perdeden (7-nji perde), «Hatyja» Türkmen perdeden (8-nji perde), «Ýar gara gözli» Ogruja perdeden (9-njy perde), «Kepderi» Göni perdeden (10-njy perde), «Näzli baýram» (9-njy perde), «Gyzyl injik» Kiçi şirwan perdeden (12-nji perde), «Ýusup owgan» Şirwan perdeden (13-nji perde) başlanyp ýola düşýärler (O.A).

Soňra orta perdäniň töwereklerinde dürli öwüşgindäki iniş-çykyşlar arkaly eser barha ösdürilýär. Bu ösüş perdesaýyn ýitileşip, Kiçi şirwan diýilýän on ikinji we Şirwan perde diýlip atlandyrylan on üçünji perdelerde iň ýokarky derejä (kulminasiýa) ýetirilýär. Diňe şondan soňra (çözüliş) dutarçynyň çeýe barmaklary ýene-de ýokarky perdelere dolanyp gelýär. Şol ýerde-de eseriň umumy jemlemesi amala aşyrylýar.

[1] *Ahmedow A., Saparow A.* Dutaryň owazy – halkymyň sazy. – A.: «Türkmenistan», 1983, 26 sah.

On ikinji we on üçünji perdelere näme üçin «Şirwan perdeler» diýlipdir? Bu barada, gynansak-da, häzir bagşy-sazandalaryň arasynda takyk düşünje ýok. Bu perdeleriň öz atlaryny örän ir wagtlardan göterip gelýändikleri welin belli. Olar dutarçylaryň arasynda «dartgynly perdeler» ýa-da sesiň iň ýokary çägi, «gümmeze» baryp direýän ýeri diýen düşünjäni aňladyp gelýärler. Ýöne «Şirwan perdelerden» alynýan seslere dutaryň çykarýan sesleriniň aňry çägi diýmek mümkin däl. Sebäbi «Şirin-şeker», «Hajygolak», «Balsaýat» ýaly käbir sazlar çalynýan mahaly, biz dutarçynyň barmaklarynyň «Şirwan perdeden» aşaklarda-da öwrümler edip, has ýokary ses beýiklerini döredýän pursatlaryna gabat gelýäris. Şol ses beýiklerini diňe dutarçylar däl, eýsem aýdymçy-bagşylar belent joşgunda aýdym aýdýan mahallary ýygy-ýygydan ulanýarlar. Şu aýdymlardan mälim bolşy ýaly, häzirki türkmen dutarynda (heniz atlandyrylmadyk we ýerleşdirilmedik bolsa-da) «Şirwan perdeden» aşakda 14-nji, 15-nji, hatda 16-njy perdeler hem bardyr diýsek, ýalňyş bolmasa gerek. Olar perdelerden çykylyp, gapagyň ýüzünden alynýar we bagşy-sazandalar tarapyndan giňden ulanylyp gelinýär.

## DUTARYŇ PERDELERINDE TÜRKMEN HALK SAZLARYNYŇ ILKINJI «GIRIŞ» BÖLÜMINIŇ BAŞLANGYJYNYŇ TERTIPNAMASY

### 1-nji perde – Baş perde

1. Gökdepe mukamy
2. Goňurbaş mukamy
3. Erkeklik mukamy
4. Burnaşak
5. Haraýym döndi
6. Düşmüş
7. Harazman
8. Bolmuşam
9. Daglara bar
10. Kararym

11. Maýagözel
12. Zybagözel
13. Durdy bagşy
14. Allalar
15. Tapmadym
16. Ýedi manzar
17. Gözüm bir gülzara düşdi
18. Çoh derde goýan ýarym
19. Senem geldi
20. Ýandym
21. Söýli halan (Mylly aganyň çalyş hasaby)

**2-nji perde – Nowaýy perde**

1. Nowaýy
2. Körpe guzy
3. Balsaýat
4. Birzaman goýgun
5. Sallanan gözel
6. At çapan
7. Biçäre
8. Azerbaýjan
9. Nergiz
10. Sataşdym
11. Gözliniň
12. Karar oldum
13. Saparmämmet

**3-nji perde – Ýokarky açyk perde**

1. Mukamlarbaşy
2. Aýralyk mukamy
3. Baga seýle
4. Dilber

5. Humarala
6. Ýarahum

## 4-nji perde – Ýokarky Kyýamat

1. Ýandym gyrk
2. Selbinýaz gyrk
3. Döwletýar gyrk
4. Garry gyrk
5. Ýylgaýlar
6. Hajygolak
7. Keçpelek
8. Kerem geldi
9. Tüni derýa
10. Mendag gyrk

## 5-nji perde

1. Keçeli gyrk
2. Şadilli
3. Berkeli çokaý
4. Nowgül
5. Gaşly ýar
6. Zelil göwnüm
7. Haýt ýykan
8. Uçradym
9. At çapan
10. Babajyklar
11. Ol daglaryň
12. Aşyk oglan
13. Zelil
14. Heserli
15. Saltyklar
16. Ýedimanzar (Mary)
17. Dön, göwnüm

18. Sahujemal
19. Gyzyl börük
20. Gyzyl börük (Mylly Täçmyradowyň çalyş hasaby)
21. Näz eder
22. Nar agajy
23. Hatyrjem
24. Göroglynyň at oýnadyşy
25. Amman-amman
26. Maral geldi
27. Alagaýyşly
28. Ene
29. Nagyş
30. Urup çykdy
31. Derdiňden
32. Aýna
33. Wagtydyr
34. Bilbil gördüm
35. Gelin ýörişi
36. Söýli halan (Ç. Täçmämmedowyň çalyş hasaby)
37. Bike halan
38. Owadan gelin
39. Daş galdy
40. Kän güldi
41. Salmadan bökdüren
42. Sallana
43. Hözirli
44. Ýyldyz dagy
45. Ýow bagşy
46. Oýan indi
47. Öltürer
48. Tomagaly
49. Baba sen

**6-njy perde – Geňzew (Gökleň) perde**

1. Ýar derdiňden

## 7-nji perde – Aşaky açyk perde

1. Dilim gyrk
2. Gyzdurdy
3. Näler göründi
4. Gülhanym
5. Baga gireli
6. Ynjytma
7. Dag arman
8. Meşrep
9. Gapdal heňi
10. Teşnit
11. Suwa geledir
12. Ýandym Leýli
13. Näzliniň
14. Budibilmen
15. Gelinler
16. Nije oldy
17. Gelemen
18. Ezizim
19. Bibijan
20. Meýlis halan
21. Hoş gal indi

## 8-nji perde – Türkmen perde

1. Tapylar
2. Arzyman
3. Hatyja
4. Şirin-Şeker

## 9-njy perde – Ogruja perde

1. Ýar gara gözli
2. Hajygolak
3. Näzli baýram

### 10-njy perde – Göni perde

1. Kepderi

### 11-nji perde – Aşaky kyýamat perde

Men entek öz ýerine ýetirijilik tejribämde şu perdeden başlanýan sazlara gabat gelemok.[1]

### 12-nji perde – Kiçi şirwan perde

1. Jereni Kyblam
2. Gyzyl injik
3. Atlyk

### 13-nji perde – Şirwan perde

1. Ýusup owgan

## Dutarda ýerine ýetirilýän uly göwrümli sazlar

Dowamlylygy 5 minutdan az bolmadyk dutarda ýerine ýetirilýän sazlar uly göwrümli sazlara degişli hasap edilýär.

Olardan:

1. Ynjytma
2. Gyzdurdy
3. Gyzylinjik
4. Zelil göwnüm
5. Burnaşak
6. Kepderi
7. Gelemen
8. Hatyja

[1] Kitaba girizilmedik sazlary goşup bolar.

9. Haýt ýykan
10. Azerbaýjan
11. Babajyklar
12. Uçradym
13. Ýar gara gözli
14. Teşnit
15. Çoh derde goýan ýarym
16. Durdy bagşy
17. Maral geldi
18. Jereni Kyblam
19. Ýandym Leýli
20. Göroglynyň at oýnadyşy
21. Baba sen
22. Çyzyl börük
23. Wagtydyr
24. Sataşdym
25. Ýow bagşy
26. Heserli
27. Zybagözel
28. Näler göründi (P.Saryýewiň çalyş hasaby)
29. Baga gireli
30. Budibilmen
31. Saparmämmet

sazlaryny mysal getirmek bolar.

Bu ýerine ýetirilýän çylşyrymly, uly göwrümli sazlardan başga-da dutarda ýerine ýetirilýän sazlaryň içinde «Ýedi mukamy», «Ýedi gyrklary» görkezmek bolar.

***Mukamlar:***

1. Goňurbaş mukamy
2. Erkeklik mukamy
3. Gökdepe mukamy
4. Aýralyk mukamy
5. Berkeli çokaý mukamy
6. Ybraýym Şadilli mukamy
7. Mukamlarbaşy mukamy

***Gyrklar:***

1. Dilim gyrk
2. Keçeli gyrk
3. Mendag gyrk
4. Selbinýaz gyrk
5. Ýandym gyrk
6. Döwletýar gyrk
7. Garry gyrk

Dutarda ýerine ýetirilýän uly göwrümli sazlaryň arasynda her bölümi haýsy-da bolsa bir halypa degişli hasap edilýänleri hem bar.

Olardan: Türkmen halk sazy «Hajygolak» dört bölümden ybarat.[1]

1-nji bölümi – Kel bagşy
2-nji bölümi – Amangeldi Gönübek
3-nji bölümi – Gulgeldi ussa
4-nji bölümi – Sary bagşynyň aýdym aýdyşyna, Mylly Täçmyradow döredýär.

### Türkmen halk sazy «Ýandym», 3 bölümden ybarat

1-nji bölümi – Garadäli gökleň
2-nji bölümi – Hemra şyh
3-nji bölümi – Mylly Täçmyradow

### Türkmen halk sazy «Saltyklar», 7 bölümden ybarat

1-nji bölümi – Şyhy bagşy
2-nji bölümi – Gulgeldi ussa
3-nji bölümi – Hemra şyh
4-nji bölümi – Gulpak bagşy
5-nji bölümi – Amangeldi Gönübek
6-njy bölümi – Garry saltyk
7-nji bölümi – Mämidi bagşy

[1] Türkmen halk sazlary «Hajygolak», «Ýandym», «Saltyklar» hakynda maglumatlar. Türkmenistanyň halk artisti, ussat halypa gyjakçy Ata Ablyýew bilen bolan söhbetdeşlikde bellige alyndy. 17.06.1993 ý.

## TÜRKMEN DUTARYNYŇ REPERTUARY WE TÜRKMEN HALK SAZLARYNYŇ ELIPBIÝ BEÝANY

### A

1. Ak meňli
2. Ak ýüzli maralym
3. Ak eşekli
4. Alagaýyşly
5. Alyseýdiň muhannesi
6. Allalar
7. Ala gözli
8. Amman-amman
9. Apbanepes
10. Arzyman
11. At çapan
12. Apat
13. At çapar
14. Atlyk
15. Awlak Saýat
16. Aý indi
17. Aýna
18. Aýryldym
19. Aýa meňzär
20. Aýralyk mukamy
21. Aşyk oglan
22. Akja apam
23. Azerbaýjan
24. Akyl peri
25. Azady kyl
26. Arzygül
27. Allaha tabşyrdym seni
28. Aýrylsa begler
29. Aglaryn

### B

30. Balsaýat
31. Babagammar
32. Baga gireli
33. Baga seýle
34. Baba sen
35. Batyr Karow
36. Babajyklar
37. Berkeli çokaý
38. Bir zaman goýgun
39. Biçäre
40. Bidert ýarym
41. Bike halan
42. Bibijan
43. Bilbil gördüm
44. Bibi
45. Bolmuşam
46. Burnaşak
47. Bu jennetdir
48. Budibilmen
49. Begler
50. Bir peri
51. Bendiwan oldum

## Ç

52. Çekdi
53. Çoh derde goýan ýarym
54. Çykdym güller

## D

55. Daş galdy
56. Dag arman
57. Daraýy donly
58. Daglara bar
59. Derdiňden
60. Derman eýledi
61. Dilim gyryk
62. Dur heniz
63. Dilber
64. Döwletýar gyrk
65. Dön göwnüm
66. Dözmenem
67. Durdy bagşy
68. Düşmüş
69. Düşdi nazarym
70. Dalaşa
71. Dogrusy
72. Daraýy ýaraşar
73. (Derman eýledä meňzeş)
74. Dadym ýetmez

## E

75. Ene
76. Erkeklik mukamy
77. Ezizim
78. Eýledi

## G

79. Garry kyrk
80. Gaşly ýar
81. Garry ezizim
82. Gara gözliniň
83. Galan bar
84. Gardaşym
85. Garybym
86. Gapdal heňi
87. Gelemen
88. Gelin ýöreýşi
89. Gelinler
90. Gülälek
92. Gülüm, Öwezjan
97. Garşa begler
98. Gökdepe mukamy
99. Göroglynyň at oýnadyşy
100. Gözüm bir gülzara düşdi
101. Gözliniň
102. Gülhanym
103. Gyzdurdy
104. Gyrmyzy
105. Gyzyl börük
106. Gülzar
107. Guly hal
108. Gand-u Şekerli
109. Gül sary

93. Gaýra Şirwan
94. Gördüňmi
95. Gyrat
96. Goňurbaş mukamy
110. Garawul heňi
111. Gülzar eýledi
112. Gyzylinjik
113. Görünmez

**H**

114. Hajy golak
115. Haýt ýykan
116. Hatyrjem
117. Hatyja
118. Haraýym döndi I görnüş, II görnüş
119. Hazarman
120. Han Ogulmeňli
121. Heserli
122. Hemraýym
123. Hoş gal indi
124. Hözirli
125. Humarala
126. Halym galmady
127. Hak üçin

**I**

128. Işbaý

**J**

129. Jereni kyblam
130. Jelil
131. Jan-eý-jan

**K**

132. Kararym
133. Karar oldum
134. Kadyr Allanyň sungundan (husnundan)
135. Kän güldi
136. Kiçi
137. Köçe bagy
138. Keçpelek
139. Keçeli gyrk
140. Kepderi
141. Kerem geldi
142. Körpe guzy
143. Kör Ata
144. Kim biler
145. Kyrklar

**L**

146. Leýli gelin

**M**

147. Maýagözel
152. Meşrep

148. Maral geldi
149. Maral geledir
150. Mendag gyrk
151. Mellek
153. Meýlis halan
154. Mukamlar başy
155. Müşgil
156. Muşdakýar

**N**

157. Nar agajy
158. Nagyş
159. Natuwan eýlär
160. Neýläýin
161. Nijeoldy
162. Nergiz
163. Näler göründi
164. Näzliniň
165. Näzli baýram
166. Näz eder
167. Nowaýy
168. Nowgül
169. Näzliýar
170. Nalyşyň seniň

**O**

171. Ogulbeg
172. Ogulmeňli
173. Ol daglaryň
174. Ol ýylan
175. Orazym
176. Oýan indi
177. Oýan
178. Oýanmazmyň
179. Owadan gelin

**Ö**

180. Öltürer
181. Öwezim

**P**

182. Pelek ömrüm
183. Pyýala

**S**

184. Saryýa
185. Sallanan gözel
186. Saparmämmet
187. Sataşdym
188. Saltyklar
189. Sallana
190. Sahujemal
193. Senem geldi
194. Sen-sen
195. Seýdek
196. Söýgüli jenan
197. Söýli halan
198. Suwa geledir
199. Saba boldy

191. Salmadan bökdüren
192. Selbinýaz gyrk
200. Sona gelin

**Ş**

201. Şalar bilmez
202. Şemşat
203. Şelepli durna
204. Şirin-Şeker
205. Şirmaýy darak
206. Şordan tapyldy

**T**

207. Tabşyrdym
208. Tapmadym
209. Tapylar
210. Taý atym
211. Teşnit
212. Tomogaly
213. Torgaý guşlar
214. Tüni derýa

**U**

215. Uçradym
216. Urup çykdy
217. Uzuklar
218. Ussadym

**Ü**

219. Üç agaç
220. Ürgenji bal-saýat

**W**

221. Wahyt
222. Wagtydyr

**Y**

223. Ybraýym şadilli
224. Ynjytma

**Ý**

225. Ýandym
226. Ýandym gyrk
227. Ýarahum
228. Ýar derdiňden
229. Ýandym, Leýli
230. Ýaranlar
231. Ýaşylbaş
232. Ýagma bulut
235. Ýar gyrmyzy geýnipdir
236. Ýedi manzar
237. Ýow bagşy
238. Ýoluksa
239. Ýusup owgan
240. Ýyldyz dagy
241. Ýylgaýlar
242. Ýigitlik çagy

233. Ýarym garaşar
234. Ýadyma düşdi
243. Ýar senden

**Z**

244. Zag aldy
245. Zelil göwnüm
246. Zöhrejan
247. Zybagözel[1]

## Gyjak



Milli saz guralymyz meşhur bagşy Sary bagşynyň we onuň ogly Pürli Saryýewiň we ýene birnäçe halypa sazandalaryň aýtmaklaryna görä, türkmenlerde 3 kirişli gyjak, takmynan, XVIII asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykypdyr. Ilkibaşda ony arap, hindi ýurtlaryndan getirilen kokos hozundan, suwkädiden ýasapdyrlar, soňra tut agajynyň içini köwüp ýasandyklary barada halypalar gürrüň berýärler. Netijede, gyjagyň sesi öňküsinden birneme güýçlenýär, tembri owadanlanýar. Gyjagyň kädisiniň ýüzüne keýik ýa-da balyk hamyny çekipdirler. Ol üç kirişli bolup, kwarta düzülýär. Diapazony (ses göwrümi) 1-nji oktawanyň «re» notasyndan 2-nji oktawanyň «fa» notasyna çenlidir.

## Gargy tüýdük

Gargy tüýdük üflenip çalynýan türkmen milli saz gurallaryna degişlidir. Ol guýularyň içinde ýa-da derýalaryň kenarlarynda gögerýän gamyşlaryň aýratyn görnüşinden ýasalýar. Bu saz guraly tatar, uýgur, gyrgyz, gazak, özbek ýaly birnäçe gündogar halklarynda hem gabat gelýär.

[1] Kitaba girizilmedik sazlary goşup bolar.



3. Sargyt № 952



Gargy tüýdügiň 6 sany ses deşikleri bolup, olaryň 5-si öň tarapda, biri hem ýeňse tarapynda ýerleşýär. Gargy tüýdügiň ses göwrümi (diapazony) kiçi oktawanyň «si» notasyna çenlidir, emma onuň (B) (si) bemol sesleri ýokdur.

## Dilli tüýdük

Dilli tüýdük adamzadyň taryhynda kakylyp çalynýan saz gurallaryndan soň iň irki gadymy saz gurallarynyň biridir.

Türkmenleriň arasynda juda gadymy döwürlerden bäri belli bolup, ol diňe bir çopanlaryň çöl meýdanlarda göwün açary bolman, eýsem, türkmen toýlarynyňam bezegi bolupdyr.



Dilli tüýdük dag eteklerinde gaty ýerde gögerip çykan gamyşlardan ýasalýar. Dilli tüýdügiň ýasalyşy hem göräýmäge aňsat ýaly hem bolsa, onuň özüne ýetik gizlin syrlary bar. Onuň arassa, ýakymly, näzik sesleri bermegi üçin saýlap alnan gamşyň ýerine düşmegi gerek, perdeleriň dogry ýerinden kesilmegi, diljagazynyň talaba laýyk timarlanmagy ýaly birnäçe wajyp işleri talap edýär. Dilli tüýdügiň uzynlygy 14–15 *sm*. Içi gyzgyn sim bilen arassalanýar, üstünde dört sany perde deşijegi bar.

## Goşa dilli tüýdük



Türkmen saz gurallarynyň içinde dilli tüýdügiň goşalandyrylan görnüşleri hem belli bolupdyr. Dilli tüýdüge garanyňda, goşa dilli tüýdügiň çalmasy has kyn bolup, muňa aýratyn türgenleşik, ussatlyk gerek bolupdyr.

Goşa dilli tüýdügi gören, diňlän adamlaryň gürrüňlerine görä, bu tüýdüge ussatlarça erk edip bilýän ezber tüýdükçiler bolupdyr. Olar goşa tüýdükden çykýan bir sesden daşary, heňleriň arasynda her tüýdügiň aýry-aýry

seslerini hem alyp, soň ýene bir sese düzülip, üýtgeşik täsirli heňleri ýerine ýetirip bilipdirler.

Goşa dilli tüýdükden heň arasynda hersinden aýry-aýry sesleri alyp bolýan mümkinçiligi, onuň ýekebara dilli tüýdükden tapawutly tarapydyr. Bu bolsa ony aýratyn saz guraly hökmünde suratlandyrýan esasy alamatdyr.

## Gopuz



Gopuz – munuň özi gelin-gyzlaryň gadymdan gelýän saz guralydyr. Gopuz beýleki gündogar halklarynda-da gabat gelýär.

Tatarlarda we başgyrtlarda ol «kubyz», gyrgyzlarda «demir kubyz», ýewropalylarda bolsa «wargan» ýa-da «zubalka» diýlip atlandyrylýar. Gopuz inçe demir ýa-da polat zolajygyndan ýasalýar we inçe, ýukajyk, maýyşgak «diljagaz» sarsgynly plastinkajyga berkidilýär. Gopuzyň sesi owadan, ýakymly, tembri hem ýumşakdyr. Ony iki alyn dişleriň arasynda gysyp, diljagazy hem süýem barmagyň bilen özüňe tarap çirtip çalynýar.

Gopuz çalnanda sesiň belentligi agzyň açylyş giňligine baglydyr, dodaklaryňy açygrak saklasaň, ses has dury we ýiti çykýar, ýumubrak saklasaň, ses goýalýar, peselen ýaly bolýar.[1]

## Dutar çalmagyň usullary

Hemmelere mälim bolşy ýaly, dutar dutarçynyň baý zehini, iki eli, aýratyn hem şol elleriň barmaklary bilen hereketlendirilýär. Başgaça aýtsak, dutarda saz çalynýar. Saz çalynýan wagty dutarçynyň çep eliniň barmaklary (çepbekeýlerde tersine) gerekli perdeleri basyp, çalynýan heň üçin mahsus bolan ses beýikleriniň döremegini gazanýar. Muňa «basym» diýilýär.

[1] *Ergeşow A.* Türkmen milli saz gurallary. Usuly gollanma. – Türkmenabat, 2005. 2,3,11 sah.

Dutarçynyň sag eli bolsa gapagyň üstünde barmaklar bilen kirişleri seslendirip, çalynýan eseriň bütin dowamynda aşak-ýokaryk hereket edip durýar. Kirişlerde owaz döretmek maksady bilen edilýän şeýle hereketlere dutarçylyk sungatynda kakuw diýilýär. Mundan başga-da dutarda «gyruw», «sägitmek», «şelpe», «çekim», «ýaňlandyrmak», «çirtim», «pitik» tilsimleri ulanylýar.

«Gyruw» – bu kakuwy döretmek üçin dutarçynyň kakuw amala aşyrýan eliniň süýem barmagyny tarlary seslendirip, aşaklygyna goýbermegidir. Bada-bat ilki başam barmagy, yz ýanyndan süýem barmagy hem dutaryň gapagyny dözümli gazap, ýokarlygyna çykýar. Iňňän çaltlyk bilen edilýän bujagaz hereket kirişlerde «pyryl» şekilli saz jümlesine meňzeş heň emele getirýär. Indi dutarçylaryň arasynda ýygy-ýygydan ulanylýan «sägitmek» (saklamak manyda) sözüni alyp göreliň. Bu kakuwy amala aşyrmak üçin dutarçy perdelerde işleýän eliniň barmaklaryny adatça edişi ýaly perdelerinden-perdä geçirip işledenok-da, diňe «sägitmek» üçin gerek perdäniň üstünde saklaýar. Kakuwdaky eliň süýem barmagy bilen başam barmagy gezekleşip (gyruwa görä has sadalyk bilen), esli wagtyň dowamynda aşak-ýokaryk hereket edip, dynuwsyz gaýtalanýan «halyl-halyl» şekilli owazlary döredýär. Ol owaz, köplenç, ýorgalap barýan atyň sesini ýadyňa salýar.

Dutarçylyk sungatynda «şelpe» sözi hem ýygy-ýygydan ulanylýar. Şelpe saz çalyş prosesinde iň köp ulanylýan kakuwdyr. Şelpe çalmak üçin belli bir barmak däl-de, kakuwdaky eliň bütin penjesi ýokardan aşak inýär, soňra başam barmak bilen süýem barmak biri-birleriniň yzyndan kirişlerini seslendirip, aşakdan ýokaryk hereket edýärler.

«Çekim» belli bir perdeden çykarylýan owazyň ýaňlanmagyny sazandanyň duýgusyna görä siňdirmäge mümkinçilik berýär. Käte bolsa dutarçynyň heň öwrümlerini hiç bir kakuwsyz döredişiniň şaýady bolýarys.

Mysal üçin, «Ýusup owgan», «Göroglynyň at oýnadyşy» ýaly käbir eserler çalynýan mahaly, şol sazlaryň käbir ýerlerinde kakuw döredýän el az wagtlyk hereket etmesini goýýar. Basymdaky eliň süýem barmagy bolsa belli bir perdäniň üstüne yzly-yzyna urlup, kirişlerde maýdajyk labyzlary emele getirýär.

Bu usula «nagma» diýilýär. Beýleki bir ýagdaýda dutarçy belli-belli kakuwdan soň kakuw edýän eliniň tirsegini kädä ykjam direýär-de, eliniň aýasyny ýazgyn tutup, ony gapagyň üstünde esli wagtlap hallanladyp durýar. Bu hereket belli bir perdeden çykýan owazy has zaryn endiredip saklamaga mümkinçilik berýär. Muňa ýaňlandyrmak (gabow) diýilýär.[1]

## Dutar sazynyň programmalylygy

**Programmalylyk** – bu eseriň mazmunyny ýüze çykarýan özboluşly düşündiriş. Ol diňe biziň türkmen sazlarymyz üçin häsýetli bolman, eýsem, beýleki halklaryň (ýagny, Orta Aziýanyň we Gazagystanyň) instrumental sazlaryna hem mahsusdyr.

Mysal üçin, käbir saz eserleriniň mazmunyna şol esere goýlan at arkaly düşünmek bolar. Programmalylygyň bir görnüşi «Bagyşlama» sungatynda, ýagny, kimdir birine ýa-da haýsydyr bir waka esaslanyp saz düzülmeginde ýüze çykýar.

Onuň ýene-de bir görnüşi gazaklaryň küýlerinde (dombrada çalynýan halk sazlarynda) duş gelýär. Her bir küýüň döreýşiniň rowaýaty bar. Meselem, «Tentek Akjeleň» sazyny halypa sazanda Kazangap dombrada saz çalýan gyzyň sazy ökde çalşyna, ak ýürekliligine bagyşlaýar. «Maýda Koňur» küýüni Kazangap mähirli, ýumşak häsiýetli, owadanlygy bilen aňk eden gyza bagyşlaýar. Şular ýaly atlar saz üçin däl-de, diňe bir atlara degişli rowaýatlar bilen birlikde programmaly eser hasaplanylýar.

Ady arkaly düşünje berilýän, şeýle hem atlara degişli rowaýatlar bilen bilelikde programmaly eserler biziň türkmen halk sazlarymyzda, mukamlarymyzda hem bar.

«Gelin ýörişi», «Keçpelek», «At çapan», «Ýandym» ýaly saz eserlerini diňläniňde, olaryň atlary bilen doly kybapdaşlygy görünýär. Ýagny, «Gelin ýörişi» sazyny diňläniňde, gelniň haýaldan pessaý, owadan ýörişi göz öňüne gelse, «Keçpelekde» gaýgy-hasrat, ahy-nala, «At çapanda» hakyky türkmen bedewiniň çapyşy, onuň hereketleri göz öňünde janlanýar.

[1] *Uspenskiý W., Belýaýew W.* Türkmen sazy. T.1. – M.,1928. 112 sah.

Türkmen sazlaryna mahsus programmalylygyň esasy häsiýetli tarapy, sazyň atlaryna degişli rowaýatlarynyň barlygydyr. Saz döredilende, haýsydyr bir waka bagyşlanýar. Meselem, «Söýlihalan», «Goňurbaş mukamy», «Erkeklik mukamy» ýaly sazlaryny alanyňda, olaryň hersiniň döreýşi barada rowaýat bar. Diňe şol rowaýatlaryň mazmuny bilen tanşanymyzdan soň, «Söýlihalan» diýen sazda Söýli diýen gyzyň ussat sazandanyň sazyna aşyk bolanyna, «Goňurbaş mukamyny» bir sazandanyň goňurbaş ösümligine bagyşlandygyna, «Erkeklik mukamynyň» bir çopanyň düýesini ýitirip, soňra ony tapyşyna bagyşlanandygyna düşünýärsiň. Şular ýaly atlar saz üçin däl-de, diňe degişli rowaýat üçin programma bolup hyzmat edýär. Netijede, ýaňky ady agzalan sazlar öz göterýän atlary bilen däl-de, diňe şol atlara degişli rowaýatlar bilen bilelikde programmaly eser hasaplanýar. Şeýle saz eserlerindäki programmalylygyň dürli görnüşleri ähli halklaryň eserlerinde, şeýle hem türkmen dutar mukamlarynyň ählisinde duş gelýär.

## Türkmen halk saz gurallary orkestriniň döredilmegi

1929-njy ýylda çeperçilik tehnikumy açylýar. Onuň halk saz gurallary bölümi boýunça ilkinji mugallymlary M. Täçmyradow bilen P. Saryýew bolupdyrlar.

1931–1932-nji okuw ýylynda P. Saryýewiň ýolbaşçylygynda dutar, gyjak, tar saz gurallarynyň goşulyp çalynmagynda, 12 adamdan ybarat ilkinji ansambl döredilýär. Şol ansamblyň esasynda 1933–1934-nji okuw ýylynda S. Tumanýan bilen P. Saryýewiň ýolbaşçylygynda ilkinji gezek halk saz gurallary orkestri döredilýär. Orkestre gerek bolan saz gurallaryny örän zähmetsöýer, ugurtapyjy Setrak Tumanýanyň özi ýasaýar. Ol tar, dutar saz gurallarynyň esasynda orkestr üçin «üçtar» diýen saz guralyny ýasaýar.

Setrak Tumanýan – birinji türkmen halk saz gurallary orkestriniň 1934–1938-nji ýyllardaky baş dirižýorydyr. Ol orkestriň repertuarynda «Nergiz», «Ak eşekli», «Sallanan gözel», «Ýandym, Leýli» ýaly türkmen saz eserleri bilen birlikde azerbaýjan, özbek, täjik halklary-

nyň sazlary, aýdymlary we tanslary bolupdyr. Häzirki döwürde halypa kompozitorlar Aşyr Kulyýew, Weli Ahmedow, saz öwreniji Allanazar Rejebow dagylar orkestriň ilkinji sazandalary bolupdyr.

S. Tumanýan soňra türkmen radiosy üçin hem halk saz gurallary orkestrini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär.

Öz işine uçursyz ökde S. Tumanýan bu orkestri ýokary professional derejelere ýetirmegi başarýar. Onuň orkestr üçin täzeden döreden, ýasan saz gurallary biziň günlerimizde-de P. Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestrinde häzirlerem ulanylmagyny dowam etdirýär.

S. Tumanýan öz ýasan saz gurallary barada ýörite «Школа игры на народных инструментах» diýen gollanma hem taýýarlaýar, ol gollanma golýazma hökmünde köp ýyllap sazçylyk okuw mekdeplerinde ulanylýar.[1]

30-njy ýyllaryň ahyrlarynda hünärmenleriň ýetmezçiligi sebäpli sazçylyk uçilişşesinde halk saz gurallary bölümi ýapylýar. Soňra baryp 1956-njy ýylda ol bölüm ýene-de täzeden dikeldilýär we esasy üns türkmen sazyny professional derejelere galdyrmaklyga berilýär.[2] 1941-nji ýyllaryň başlarynda Sahy Jepbarowyň meşhur halk saz gurallary ansamblynyň esasynda simfoniki we halk saz gurallary orkestri döredilýär. Halk saz gurallary orkestriniň ýolbaşçylary G. M. Arakelýan bilen P. Saryýew bolýarlar, dirižýory hem Aşyr Kulyýew bolýar. T. M. Arakelýan türkmen saz gurallaryny ýasap bilýän ussalar – Türkmenistanyň halk hudožnigi, türkmen sazlaryndan oňat baş çykarýan Bäşim Nuralyýew, Geldi Ugurlyýew, Pürli (Gurçuk) Orazow, soňra Daşkendiň döwlet konserwatoriýasynyň professory A. I. Petrosýan, W. Didenko dagynyň kömegi bilen türkmen milli saz gurallary orkestriniň işini kämilleşdirdi. Bu bolsa uly abraý getirýär. Orkestrde ilki türkmen halk sazlary ýerine ýetirilen bolsa, soňabaka «Nätilär», «Pyýala», «Leýli gelin», «Dilberim» ýaly gadymdan bäri çalnyp gelýän halk heňleriň ýörite orkestr üçin täzeden işlenen nusgalary ýerine ýetirilip başlanýar.

Halk saz gurallary orkestri 1944-nji ýylda Orta Aziýa halklarynyň Daşkent şäherinde geçirilen medeniýet we sungat baýramçylygyna gatnaşýar. Şondan soň 1948-nji ýyldan başlap bu orkestre

---

[1] Кузница музыкальных кадров. 1980; 27 sah.

[2] Şol ýerde, 102 sah.

Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Gurban Kulyýew ýolbaşçylyk edip ugraýar.

Halk saz gurallary orkestriniň hyzmaty ösýär, barha repertuary giňeýär. Ol dünýäniň köp ýurtlaryna aýdym-sazly gezelenç edýär. 1984-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Türkmenistanyň hökümetiniň ýörite karary bilen türkmen aýdym-saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary we üstünlikli konsertleri üçin Halk saz gurallary orkestrine «Türkmenistanyň at gazanan çeperçilik kollektiwi» diýen hormatly at dakylýar. Şol bir wagtyň özünde bu çeperçilik topara Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýewiň ady dakylyp, ol Pürli Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestri diýip atlandyrylýar.

Pürli Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestrine ýolbaşçylyk hem dirižýorlyk eden ussat halypalar:

Setrak Tumanýan – orkestriň ilkinji baş dirižýory (1938 ý.).

Grigoriý Markowiç Arakelýan – Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri (1941–1948 ý.).

Gurban Kulyýew – Türkmenistanyň halk artisti (1948–1982 ý.).

Baýramdurdy Hudaýkulyýew – Türkmenistanyň halk artisti (1982–1986 ý.).

Annageldi Jülgäýew – Türkmenistanyň halk artisti (1986–1996 ý.).

Begmyrat Gutlymyradow – Türkmenistanyň halk artisti (1996 ý.).

Pürli Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestri türkmen we daşary ýurt kompozitorlarynyň döreden aýdym-sazlaryny älem-jahana ýaýratdy.[1]

SSSR-iň halk artistleri Annagül Annagulyýewa, Maýa Kulyýewa (Türkmenistanyň Gahrymany), Türkmenistanyň halk artistleri Margarita Farajewa, Güljan Hümmedowa, Gurban Gummanow, Nowruz Mämmedow, sazandalar Sapar Mämiýew, Annamämmet Annamämmedow, Abulfet Bagyrow, Orazgeldi Ataýew, Abdy Seýitmuhammedow, Geldi Pirliýew, Ýagdy Mämmetliýew, Allaberdi Allaberdiýew, Annanyýaz Öwezow, Soltanmyrat Jygaýew dagylar halk saz gurallary orkestri bilen dünýäniň birnäçe ýurtlarynda çykyş edip, türkmen milli aýdym-sazyny dünýä ýaýmakda, dünýä derejesine ýetirmekde uly işler bitirdiler.

---

[1] Mylly Täçmyradow adyndaky Türkmen döwlet filarmoniýasy, 60 ýyl. Buklet. Aşgabat, 1998. sah. 12–13.

G. Arakelýan, mukamçy kompozitor P. Saryýewiň kömegi bilen «Leýli-gelin», «Pyýala», «Nätilär», «Nergiz», «Baga seýle», «Balsaýat» we başga-da birnäçe milli aýdym-sazlary nota geçirip, orkestr üçin işläpdir. Bu wajyp işi soňky ýyllarda orkestriň dirižýorlary bolan kompozitorlar A. Kulyýew, G. Kulyýew, W. Ahmedow, A. Agajykow, A. Jülgäýew ýalylar dowam etdirýärler we türkmen sazyny professional saz äleminde tanadýarlar. Orkestrde aýdym-sazlarda milli sazyň çylşyrymly öwrümleri, tilsimleri gönümelräk geçilýär, professional sazlaryň kada-kanunyna salynýar. Ýogsam hem, dutaryň owazyny durşuna orkestrde çykarmak mümkin däl.

Onuň esasy peýdaly tarapy, orkestriň düzümindäki halk saz gurallarynyň nota bilen çalynýandygy ýerli sazanda hünärmenlerimiziň nota sowadyna ökdeleýänligidir. Soltanmyrat Jygaýew, Şamyrat Gurbannepesow, Sapar Mämiýew ýaly sazandalar orkestrde işläp, nota sowatly boldular, aýdym-sazlary dutar üçin nota geçirmegi başardylar. Sapar Mämiýew bilen Gurban Kulyýew dutary ýekelikde, orkestr bilen, fortepiano bilen çalmak üçin birnäçe eserler döretdiler.

Şol orkestriň düzüminde işlän dutarçy A. Allaberdiýew bolsa, 1956–1971-nji ýyllar aralygynda sazçylyk uçilişşesinde dutar mugallymy bolup işläp, ençeme ýaşlara öz tejribesini geçirdi.

Şol ýyllarda döwlet horunyň çeper ýolbaşçysy E. M. Dimentman Türkmenistanyň halk artisti P. Saryýewiň elinden birnäçe türkmen aýdymlaryny nota geçirýär.

Ol, «20 türkmen halk aýdymlary» ady bilen 1946-njy ýylda kitap bolup çapdan çykýar. 1951-nji ýylda bolsa ýene-de P. Saryýewiň kömek bermeginde G. N. Bedrosowyň «Dutary nota bilen çalmagy öwrenmek» diýen örän wajyp gollanma çapdan çykýar, soňra 1961-nji ýylda O. Gurbannyýazowyň, A. Jülgäýewiň we A. Kulyýewiň taýýarlamaklarynda «Magtymgulynyň sözlerine döredilen aýdymlar» ady bilen dutar üçin notaly kitap çapdan çykýar.

1955-nji ýylda Daşkent ylmy-barlag institutynyň saz gurallaryny ýasamak boýunça eksperimental ussahanasynda halk saz gurallary bolan dutar hem-de gyjak maşgalalary (topary) täzeden kämilleşdirilýär (prima dutar, sekunda dutar, alt dutar, bas dutar, kontrabas dutar).

## Ahalteke bagşyçylyk ýoly

Bu ýoluň merkezi Ahal welaýatynyň Gökdepe etraby bolup, ol esasan, mukamlar ýoly hasaplanýar. Ahalteke türkmen bagşyçylyk ýoluny häsiýetlendirýän iň esasy aýratynlyk örän gadymy döwürlerden bäri bu ýerde instrumental sazyň, ýagny dutar sazynyň juda ýörgünli bolup gelýänligidir.

Ahalteke ýolunyň görnükli halypa bagşylary: Sary bagşy, Hally bagşy, Sahy bagşy, Girman bagşy, Giçgeldi Amanow, Kiçi Geldimyradow, Nurmyrat Annaýew, Nurjemal Adyýewa, Nabat Nurmuhammedowa, Orazgeldi Ylýasow, Hommat Jelilow, Gurbandurdy Jeňow, Hangeldi Annamyradow, Mäne Garaýew, Nurýagdy Baýramow, Oraznepes Döwletnazarow we başgalar. Salyr-saryk ýolunda bagşylara bir ýa-da iki dutar bilen sazandarlyk edilýän bolsa, ýomut-gökleň ýolunda bagşylara bir gyjak bilen sazandarlyk edilýän bolsa, ahalteke bagşyçylyk ýolunda bulardan tapawutlylykda bir dutar, bir gyjakda bagşylara sazandarlyk edilýär.

Ahalteke bagşyçylyk ýoluny esaslandyryjylaryň biri meşhur Sary bagşydyr. Meşhur Sary bagşy ahalteke bagşyçylyk ýerine ýetirijilik sungatynyň ösmeginde egsilmez goşant goşan halypadyr. Bu halypanyň ogullary Pürli, Oraz, Nury Saryýewleriň hem Türkmen saz sungatymyzyň ösmeginde we şu günümize ýetmeginde bitiren hyzmatlary uludyr. Bu bagşyçylyk ýolunyň ýene bir meşhur halypa bagşysy Hally bagşydyr. Ol ussat halypa bagşy Sahy Jepbarowyň halypasydyr. Bu ussat bagşy Sahy Jepbarowyň hem ahalteke bagşyçylyk ýerine ýetirijilik sungatynyň pajarlap ösmeginde, halypa-şägirtlik sungatynyň biziň günlerimize ýetmeginde çeken zähmeti bimöçberdir.

## Damana bagşyçylyk ýoly

Türkmende alty sany bagşyçylyk ýoly bar. Bagşyçylyk ýollary bir-birlerinden özboluşly atlary hem häsiýetli içki aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar.

Damana ýoly(«damana») – diýmek, kötelde ýaşaýan diýmekdir.

Damana ýolunyň mundan iki arka ozalky gowy tanalan görnükli wekiline Durdy bagşy diýilýär. Onuň ýoluny, kesbi-kärini birnäçe ogullary dowam etdirýärler. Olardan Hojamyrat bagşy, Halmyrat bagşy we soňra agtygy Begmyrat bagşy dagy damana ýolunda gowy tanalýan bagşylar bolýar.

Durdy bagşydan soňra damana ýoluny Ablesen bagşy öz ýaşaýan ýeri Bagyra hem Gyzylarbat sebitlerine ýaýradýar. Bagyrly Guwämet bagşy, aşgabatly Goçmyrat bagşy dagy damana ýolunuň görnükli wekilleri hökmünde tanalypdyr. Halkymyzyň söýgüli damana ýolunyň bagşylary Japar Hojanepesow, Oraz Begniýazow, Gazak Garaýew dagylar damana bagşyçylyk sungatynyň ösmegine egsilmez goşant goşan halypa bagşylardyr.

«Teşnit», «Ak ýüzli Maralym», «Ýar otagynda», «Garagöz», «Ýaryň güli geldi, özi gelmedi» diýen aýdymlar damana ýolunyň ajaýyp ýokary professional derejede döredilen aýdymlarydyr.

## Salyr-saryk bagşyçylyk ýoly

Bu ýol Mary welaýatynyň Mary, Ýolöten, Tagtabazar etraplaryny öz içine alýar.

Salyr-saryk ýolunyň has irki döwri hakda maglumatlar, ýatlamalar galmandyr.

Bu ýoluň uly, ady belli halypasy Jepbar saryga salyr-saryk ýolunyň düýbüni tutujylyk ýöňkelýär.

Nobat bagşy, Garly (uly) bagşy, Ýolaman Muhy bagşy, Oraz Salyr, Garly (kiçi) Soltan ogly – bular salyr-saryk ýolunyň Jepbardan soňky nesliniň uly ussatlarydyr.

Häzirki wagtda salyr-saryk bagşyçylyk ýoly diýlip atlandyrylýan bu ýoluň Durnazar Hudaýberenow (Durdy Myradowyň şägirdi), Oraz Bagybegow, Han Akyýew, Ýazgeldi Kuwwadow, Amannazar Ataýew, Ödenyýaz Nobatow, Aman Arnagylyjow, Agamyrat Ýagmyrow dagy ýaly görnükli halypa bagşy-sazandalary bar.

## Ärsary bagşyçylyk ýoly

Ärsary bagşyçylyk ýolunyň belli halypa bagşysy Mustak Aýmedow bu ýoluň ösmegine egsilmez goşant goşan halypa bagşydyr.

Beýik rus saz öwrenijisi W. Uspenskiniň Türkmenistanda gurnan ilkinji saz etnografik ekspedisiýasynyň dowamynda öňki Çärjew (Türkmenabat) şäherinde ýaşaýan bagşy Atanyýaz Gurbanýaz ogly Mämmetmyrat bagşy, Rozy bagşy Durdy ogly, Kyrkar bagşy Durdy ogly, Döwlet bagşy bilen duşuşýar. W. Uspenskiý Atanyýaz Gurbanýaz oglundan bäş, Mämmetmyrat bagşydan on, Kyrkar bagşy Durdy oglundan on bäş, Döwlet bagşy Ardana oglundan hem on aýdym-sazy göçürip alýar. Göçürip alnan şol aýdym-sazlaryň nota ýazgysy W. Uspenskiý bilen W. Belýaýewiň 1938-nji ýylda Moskwada çap edilen «Türkmen sazy» kitabynyň ikinji tomunda ýerleşdirilipdir.

Sakar ilinde aýdym-saz sungatynyň kökleri gadymdan gaýdýar. Geçen asyrda şöhrat gazanan bagşylaryň biri-de Jahangir Işandyr. Jahangir bagşy Bazar bagşy, Kerimberdi ogly ýaly şöhratly bagşylaryň halypasydyr. Bazar bagşynyň şägirtlerinden başga-da Gara bagşy, Sapar bagşy, Tagy bagşy, Tagan bagşy, Öwlüýäguly bagşy, Rozy Gutly bagşy, Çary Huseýin bagşy, Guwan bagşy, Italmaz bagşy, Pirguly bagşy hem-de beýlekiler ýaşap geçipdirler.

W. Uspenskiniň maglumatlaryna daýanyp hem-de onuň üstüni ýetirip, Jahangir Işandan gaýdýan sakarly bagşylaryň halypa-şägirtlik ýoluny yzarlap, şeýleräk mirasdarlyga hem miras eýelerine göz ýetirmek mümkin: Jahangir Işan–Bazar bagşy, Öwezmyrat bagşy–Muhammetmyrat bagşy–Tagan bagşy–Çary Huseýin bagşy–Rozy Gutly bagşy–Çary Gutly bagşy–Batyr Ýazmyrat.

1996-njy ýylyň tomsunda, Sakar etrabynyň bagşylar öýünde bagşynyň hem-de onuň şägirdi Öwezmyrat bagşynyň uzak ýyllaryň dowamynda tälim alan, olaryň ýanynda sazandalyk eden, bütin ömrüni bagşyçylyk sungatyna bagyş eden Muhammetmyrat bagşynyň doglan gününiň şanly 115 ýyllyk toýy bellenilip geçildi.

Dabara kerkili halypa bagşylar Rozy Muhammediýewiň, Döwrangeldi Allatowyň, Allaberdi Aýmedowyň, garabekewülli bagşy Allaşükür Çaryýewiň, sakarly, kerkili, çärjewli ýaş bagşy-sazandalaryň çykyşlary bilen utgaşdy. Häzirki wagtda Mämmetmyrat bagşynyň adyny onuň dogduk obasynyň köçeleriniň biri göterýär.

Bagşylar Agapälwan Gurbanow, Baýrammyrat Taganow, Rozy Muhammediýew, Ýazmyrat Hallyýew, Allaşükür Çaryýew, Allaberdi Mustakow, şeýle hem Türkmenistanyň halk bagşysy Gurban Öwezow dagylar ärsary bagşyçylyk ýolunyň şu mahalky ussat halypa bagşylary hasaplanylýar.[1]

## Ýomut-gökleň bagşyçylyk ýoly

Ýomut-gökleň ýoly Daşoguz welaýatynyň Tagta, Köneürgenç etraplaryny we käbir beýleki ilatly ýerlerini, günbatarda Gazanjyk, Gyzyletrek, Esenguly etraplaryny, Çeleken şäherini, şeýle-de öňki Garrygala (Magtymguly) etrabyny öz içine alýar.

Garrygalaly Garadäli gökleň bu ýoluň güýçli halypasy we ýomut-gökleň ýoluny esaslandyryjy hasaplanýar. W. Uspenskiniň bellemegine görä, bu atly sazandany meşhur Şükür bagşy görüpdir. Garadäli gökleň sazanda garry ekeni, Nazar Baga (Magtymguly Garlyýewiň halypasy) ýaly ençeme şägirtlere tälim berip, olary kemsiz halypalyga ýetiren adam bolupdyr. Çowdur kör ýa-da Çowdur bagşy ady bilen tanalan Hojanepes bagşy, garrygalaly Molla Guwanç, Rejep gyzyl, Öre syh, Aly, Seýit gyjakçy dagy hem ýomut-gökleň ýolunuň görnükli wekilleri hasaplanylýar.

Ýomut-gökleň ýolunyň gyjakçysy Sapar Bekiýew we bagşylary Magtymguly Garlyýew, Nurberdi Gulow, Gurban Seýitmämmedow, Baýar Baýramow, Ilaman Annaýew, Tüýli Otuzow, Aşyrmämmet Dawudow, Sarman Hudaýberdiýew, Bally Mätgeldiýew, Hojamyrat Öräýew, Akjagül Myradowa, Sülgün Meretgeldiýewa dagylar bu ýoluň pajarlap ösmeginde uly goşant goşan halypalardyr.

## Çowdur bagşyçylyk ýoly

Bu bagşyçylyk ýoly, esasan, Daşoguz welaýatynyň Kalinin, häzirki döwürde Boldumsaz etrabynda, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň demirgazyk günbataryndaky çowdur taýpalarynyň ýaşaýan

[1] *Atakow Ö.* Bazar bagşy. – A.: Türkmenistan, 1997. 17–20 sah.

obalarynda geçen asyrlarda esaslandyrylyp, biziň günlerimize ýetip gelipdir. Daşoguz welaýatynyň etraplarynyň bagşylarynyň ýerine ýetirijilik usulynda käbir meňzeşlikler duýulýar. Bagşyçylygyň dessan aýtmak usulynda gyjak saz guralynda bagşa sazandarlyk etmekde esasy wezipäniň ýerine ýetirilişi (çowdur ýolunda bagşa iki gyjakda sazandarlyk edilýän wagtlaram bolýar) ýaly käbir umumylyklar bu bagşyçylyk ýollarynyň biri-birinden tapawudynyň ýoklugyny aňlatmaýar. Bu ýolda ses ýomut-gökleň ýolundaky ýaly bokurdaga salnyp, gysylyp ulanylman, göni zowwam ses, jukgully güňleç urgy görnüşinde bolman, ýöntemräk ýerine ýetirilýär. Çowdur bagşyçylyk ýolunyň soňky halypalarynyň biri bolan Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Palta bagşynyň ýerine ýetirijilik usulyna seredeniňde, beýleki bagşyçylyk ýollarynda bendiň her iki setirinden soň, boş kakuw bilen ýa-da şol aýdymyň kiçiräk heň öwrümi çalnyp, sese pauza berilýän bolsa, çowdur ýolunda bent bir demde sanalyp, soňky setiriň kem-kemden ýokarlanyp, iki-üç gezek gaýtalanýandygyny görýäris. Bu sekwension görnüş çowdur bagşyçylyk ýolunda häsiýetli aýratynlyklaryň biridir. Bu bagşyçylyk ýolunda «haý», «aý-weý», «weý-weý» ýaly tirkeş ümlükler köp ulanylýar. Aýdymlaryň jukgully bermeli ýerlerinde «häk-häk», «häk» ýaly sesleriň jukgulla ýazyp gitmegi bu ýoluň häsiýetli tarapydyr. Aýdymlaryň heňleri her bentden soň, soňky setiri gaýtalamak ýa-da jukgully bilen utgaşdyryp çalynýar. Esasy alypbaryjylyk wezipäni ýerine ýetirýän gyjak saz guraly çalnanda hem bu ýolda perdeden-perdä legato – kakuwsyz süýşüp çalmak usuly köp ulanylýar. Bu ýolda hem gyjak sazy ösendir. Hanjan gyjakçy, Babajan Işan, Janmämmet gyjakçy, Gazak Kakaýew ýaly ussatlar bu ýoluň gyjak saz ýerine ýetirijiliginde uly ýol goýan halypalardyr. Bu bagşyçylyk ýoluny biziň günlerimize halypa-şägirtlik usuly bilen ýetiren ussat bagşylaryň sanawyny düzmek mümkinçiligi çowdur ýolunda zerurdyr. Ysmaýyl bagşy, Gammar bagşy, Allanur bagşy, Jumamyrat bagşy, Palta bagşy, Täjibaý Gurbanow ýaly bagşylar bu ýoluň öz diňleýjileri tarapyndan ykrar edilen ussatlardyr. Çowdur bagşyçylyk ýolunyň häzirki döwürde hem dowam etdirilmegi, bu bagşyçylyk ýoluna halk tarapyndan ykrar edilen özbaşdak ýol diýmäge esas döredýär.[1]

[1] *Nurymow Ýo.* Türkmen sazlary we sazandalary. – A:. Magaryf,1993. 42 sah.

## AHAL DUTAR ÝERINE ÝETIRIJILIK MEKDEBI

Gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýan dutar saz ýerine ýetirijilik sungatyny, onuň il arasynda adygan görnükli wekilleri bolan Gulgeldi ussa, Amangeldi Gönübek, Şükür bagşy, Mämmetmyrat Ussa, Kel bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Jepbar Hansähet ýaly meşhur halypalarsyz asla göz öňüne getirmek mümkin däl. Saz älemine ömrüniň ahyryna çenli hyzmat edip, ummasyz goşant goşan, ony ile ýaýmagy ussatlyk bilen başaran bu ägirtler bereketli Ahal topragyny dutar mekdebine öwürdiler. Ýöne Gulgeldi ussa, A.Gönübek, Mämmetmyrat ussa, Kel bagşy ýaly halypalaryň ýaşan döwründe ses ýazýan tehniki serişdeleriň bolmanlygy sebäpli, olaryň ussatlarça çalan, döreden saz eserleri ýazga geçirilmändir. Muňa derek meşhur halypa sazanda Kel bagşy iki beýik saz daragtyny ýetişdirip, saz äleminiň datly miwelerini şolaryň üsti bilen, Mylly Täçmyratdyr Pürli Sarynyň uçursyz ussatlygy bilen biziň şu günlerimize ýetirdi.

Eger-de saz sungatynyň öçmejek ýyldyzy hasaplanýan Kel bagşy özüniň şu şägirtlerini ýetişdirmedik bolsa, şeýle hem olaryň çalan, döreden sazlary radionyň altyn hazynasyna alynmadyk ýagdaýynda, onda külli türkmeniň bu inçe, jadyly sungatyny göz öňüne getirmek kyn bolardy. Meşhur Mylly aga hem öz gezeginde halypasynyň göreldesine eýerip, birnäçe şägirtleri ýetişdirdi. Olardan Ç. Täçmämmedowy, J. Hansähedowy, T. Berdiniýazowy, S. Jygaýewi, Ý. Nurgeldiýewi, A. Aşyrowy, A. Öwezowy, B. Annaýewi görkezmek bolar. Dutar sazynyň haýsy bir hakyky muşdagyndan sorasaň, M. Täçmyradowy, P. Saryýewi, Ç. Täçmämmedowy, J. Hansähedowy, Ý. Nurgeldiýewi döwrümiziň naýbaşy sazandalary, ýagny Ahal dutar mekdebiniň özenleri hasap edýärler. Şu ýokardaky agza-

lan halypalaryň hersiniň özlerine mahsus bolan saz çalyş täri bolup, olar dutar sazlarynyň muşdaklary tarapyndan «gaýtalanmajak sazandalar» hökmünde, çünki Ahal dutar mekdebiniň iň ýokary ussatlyk derejesine ýeten sazandalary hasaplanylýar. Halypalaryň hersiniň öz ýerine ýetirijilik aýratynlygy, ussatlygy hakda gysgaça häsiýetnama bersek, onda Mylly aga çalýan sazlarynyň ritminde, tempinde her bir kakuwynyň batly urgusynda (aksentinde) edil «çekiç bilen urulýan ýaly» örän inçeden hasap duýlup, perdelerden togalakdan bir dolmuş, janyňa, kalbyňa juda ýakymly sesi ezberlik bilen alyp, diňleýjini özüne bendi edýär.

Pürli Saryýewiň çalýan sazlarynda onuň ýerine ýetirijilik tehnikasynyň edil «päki ýaly» ýitiligi, fantaziýasynyň güýçlüligi, giňligi, improwizatorlygy, çalýan sazlarynyň kompozision gurluşyny, formasyny örän ýokary professional derejede baýlaşdyrýanlygy aýdyň duýulýar.

Ç. Täçmämmedowyň çalýan sazlarynda özboluşly süýji, şol bir wagtyň özünde, özüne imrindiriji ýakymly labyzlylyk duýulýar. Çep eliniň ortaky barmagynda «mordent» edip, «geňzew geçiş» usuly bilen birnäçe üýtgeşikden bir owadan, ýakymly owunjak saz nagmalary (forşlaglary), melizmleri ulanyp, çalýan sazlarynyň kalbyňa ornaýan süýji labyzly bolmagyny gazanýar.

J. Hansähedow hem özüniň çalýan sazlarynda içki duýgynyň temperamentiniň güýçlüdigi, kakuwlarynyň her bir (aksentinde) batly urgusynda halypasy Mylly aganyň kakuwlaryny ýatladýar. Perdelerden ussatlyk bilen üýtgeşikden güýçli ýakymly ses almagy başaryp, saz janköýerleri tarapyndan «Jepbaryň çalşy» diýen ada eýe boldy.

Ý. Nurgeldiýewiň ýerine ýetirijilik ukybyny, aýratynlygyny bilmek, ýagny seljermek üçin men onuň halypalarynyň çalyşlaryna gysgaça häsiýetnama bermäge synanyşdym. Bu sazanda M. Täçmyradow, P. Saryýew, Ç. Täçmämmedow, J. Hansähedow ýaly halypalaryň mekdebini geçen dutarçy. Şonuň üçinem sazandanyň çalýan sazlarynda, repertuarynda ýokardaky agzalan halypalaryň hemmesiniň ýerine ýetirijilik tilsimleriniň bardygyny duýmak kyn däl.

Bu halypa saz çalanda ýürekden çalýar, ýöne saz çalynýarka ýürekdäki bolup geçýän hemme inçe duýgulary, dutarda edilýän tilsimleri söz bilen beýan etmek kyn. Ýöne şeýle-de bolsa, halypanyň çalşynyň käbir aýratynlygyny belläp geçmek göwnejaý bolardy.

Ussat sazanda Ý. Nurgeldiýewiň çalşynda diňleýjini özüne çekýän artistizmlik, hyjuwlylyk, dutary göterip sag elini gapdala çekip, dutaryň gapagynda jüpüne düşürip, gelişdirip urmasy bu sazandanyň beýleki sazandalardan tapawutly tarapydyr. Perdelerden gysyşdyryp, jadyly barmaklary bilen şirinden-şirin sesler alşy ussatlyk bilen çalýan sazlarynda «gabow», «ýelpew», «gyruw» ýaly tärleri ulanyşy saza ýürekden sarpa goýýanlara has aýandyr.

## AMANGELDI GÖNÜBEK
**(1830–1879)**

*Bu senediň düýbi halal bolmaly.*
*Binýady ahmal tutulan ymarat, hernä kaşaň bolaýsyn, uzagyndan çagşar.*

Gönübek



Amangeldi Orazaly ogly (Gönübek) 1830-njy ýylda köne Gökdepe galasynda eneden bolýar. Ol köp ýyllaryň dowamynda Babarap, Ýaňgala obalarynda, ömrüniň soňky ýyllarynda bolsa Gökdepe galasynda ýaşapdyr. 10–12 ýaşlarynda Amangeldiniň kakasy aradan çykýar. Doganlarynyň ulusy bolany üçin, eklenç onuň başyna düşýär. Şol sebäpli ol obada çopançylyk edýär. Amangeldiniň ýaşlykdan aýdym-saza bolan höwesi ýüze çykýar. Ol saz çalmagy öwrenmegi, sazanda bolmagy maksat edinýär we çopançylyk kärini taşlap, obadaky Hemra Şyhdan dutar çalmagy öwrenýär. Özüniň ýiti zehinliligi, ýatkeşligi, erjelligi bilen ol tiz wagtda saz çalmagyň



4. Sargyt № 952

çylşyrymly syrlaryny ele alýar we orta çykyp başlaýar. Günsaýyn onuň saz çalmak ussatlygy artýar, mukamlar döredip başlaýar. Toýlarda, märeke üýşen ýerde saz çalyp, özüni ökde sazanda, mukamçy hökmünde tanadýar.

Atly-abraýly gojalar Amangeldä: «Amangeldi, sen bir saz üçin dörän adam, biziň toý-tomaşalarymyzyň bezegi bolmaly. Aýdym-saz adamlaryň ruhy baýlygynyň miwesidir, ol adamlaryň medeniýetiniň ösmegine gös-göni täsir edýär. Şonuň üçin hem, sen bütin ömrüňi saza bagyş etmeli» diýip maslahat beripdirler. Ol berlen maslahaty kabul edipdir. Amangeldi edermen hem batyr, arassa hem päk ýürekli, dogruçyl hem gönümel, mergen hem söze çeper, hiç kimden ýüz görmeýän, hemişe sözünde berk durýan, her hili kynçylykly ýagdaýlardan baş çykaryp bilýän adam bolupdyr. Ol il içinde başda Göni, soňra bolsa Bek (Gönübek) lakamy bilen belli bolupdyr. Onuň adyny käbirleri Aman aga diýip tutsalar, ýene birleri Amangeldi Göni diýip tutupdyrlar. Aglaba köpçülik bolsa onuň adyny Gönübek diýip tutupdyr.[1]

Amangeldi Gönübek türkmeniň milli saz sungatyny ösdürmekde yzygiderli iş alyp barypdyr. Ol on perdeli dutarynyň perdelerini 13-e ýetirip, 13-nji perdäni bogan sazanda bolupdyr. Ol onlarça ölmez-ýitmez owazly sazlary döreden sazandadyr. Onuň döreden «Gökdepe mukamy», «Urup çykdy», «Saltyklar», «Burnaşak», «Bike halan», «Söýli halan», «Alagaýyşly», «Heserli», «Jereni kyblam», «Zelil», «Hajygolak», «Ybraýym şadilli» ýaly we başga-da onlarça mukamlary biziň günlerimizde-de bagşydyr sazandalaryň repertuaryndan düşmän gelýär. Halypalaryň halypasy derejesine ýeten ussat sazandanyň näçe saz döredenligi barada doly maglumat bolmasa-da, onuň 40-dan gowrak saz eseriniň milli halk sazlaryna goşulyp, saz mirasymyzyň genji-hazynasyna öwrülip gidendigi-de ezber sazandanyň döredijilik mirasynyň egsilmezdigini subut edýär. Halk arasynda bagşy-sazandalar tarapyndan ýerine ýetirilip gelinýän aýdym-saz eserleri-de onuň aýdyň mysalydyr. Ol saz eserleri häzirki bagşy-sazandalar üçinem gadyr-gymmatynyň bahasyna ýetip bolma-

---

[1] Nyýazmyrat Nyýazlyýew «Gönübek» –A.: TDNG., 2012. sah. 7–9.

[2] Şol ýerde, sah. 11–12.

jak nusgalaryny saklap galýar. Ol il içinde Kel bagşy lakamy bilen belli bolan Allaberdi Aýdogdy ogluna dutar çalmagy öwredip, ony ussat sazanda edip ýetişdiripdir. Şeýle hem ol Kepeläň köri lakamy bilen belli bolan Batyr bagşa halypalyk edip, ony halkyň söýgüli bagşysy edip ýetişdiripdir.

Amangeldi Gönübek ilkinji bolup Gökdepäniň Ýaňgala obasynda türkmen bagşy-sazandalarynyň birinji duşuşygyny geçiripdir. Ol duşuşyga Garadäli Gökleň, Şükür bagşy, Batyr bagşy, Gulgeldi ussa, Suhanguly ýaly belli bagşydyr sazandalaryň onlarçasy gatnaşypdyr. Şol duşuşyga Mary, Lebap, Hywa ýaly ýerlerden bagşydyr sazandalar gatnaşypdyr. Duşuşyk birnäçe gün dowam edipdir. Oňa başdan-aýak gatnaşan Nurberdi han Gönübegiň ýokary derejeli guramaçylykly geçiren bu işine örän uly baha beripdir. Han Amangeldi Gönübege minnetdarlyk bildiripdir.

Amangeldi Gönübek il içinde diňe bir ussat sazanda hökmünde belli bolman, eýsem durmuşda gündelik gabat gelýän çylşyrymly meseleleri parahatçylyk ýoly bilen çözmekde hem belli bolupdyr. Ol ýaşlykdan ata atlanyp, özi ýaly ýaş ýigitlere baş bolup, ulular bilen bir hatarda, arkasy dutarly, daşky duşmanlar bilen bolan söweşlere-de köp gatnaşypdyr we özüni edermen serkerde hökmünde tanadypdyr. Ýeri gelende bolsa, dutaryň şirin owazy bilen tutaşan ody-da öçürmegi başaran sazanda bolupdyr.

Gökdepäniň Ýaňgala obasynda adamlary Büjnürt hanynyň adamlarynyň edýän talaňçylykly hereketlerine degerli gaýtawul berip bilmänsoňlar: «Şu oturan ýerimizi taşlap, başga bir ýere göçäýmesek boljak däl» diýen netijä gelipdirler. Bu habary eşiden Amangeldi Gönübek: «Oba adamlary hiç ýere göçmesinler, duşmana gylaw bermesinler, şol oba biz göçüp bararys» diýip, habar iberipdir. Tiz wagtda bolsa doganlaryny, öz ýakynlaryny alyp, obanyň demirgazyk-günbatarynda öý gurup, ýaşap başlapdyr. Muny eşiden han: – Amangeldi ol ýere göçüp baran bolsa, bu ýöneligiň alamaty däl, ýoluňyzy üýtgediň – diýip, öz adamlaryna tabşyrypdyr.

Amangeldi Gönübek Ahal hanlygy bilen Büjnürt hanlygynyň arasynda birek-biregiň garşysyna talaňçylykly hereket etmezlik baradaky ylalaşygyň şertlerini işläp düzmäge hem işeňňir gatnaşypdyr we

şol ylalaşyga iki hanyň gol çekmegini gazanypdyr. Şeýlelikde, adamlaryň parahat ýaşamaklary üçin hem bellibir derejede şert döräpdir.

Amangeldi Gönübegiň bir saz çalyp berip, Büjnürt hanynyň zyndanyndan ýesir düşen türkmenleri boşatmagy, Hywa hanynyň gum içinde ojardan kömür taýýarlaýan kerwenini gumly türkmenler talanda, gysga wagtyň içinde ony doly jemläp, yzyna gaýtaryp bermegi hem onuň çylşyrymly meseleleri parahatçylyk ýoly bilen çözmegi başarandygyny doly tassyklaýar.[1]

Amangeldi Gönübek 1879-njy ýylyň 28-nji awgustynda Gökdepe galasynda bolan söweşde gahrymanlarça wepat bolupdyr.

## ŞÜKÜR BAGŞY
### (1831–1928 (1931))



Türkmen milli saz sungatynyň ösmegine egsilmez goşant goşan meşhur halypalaryň biri hem Şükür bagşydyr.

Şükür bagşy 1831-nji ýylda ata-babalarynyň dogduk mekany Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Hurmantgökje obasynyň Gargylyagyz diýen ýerinde (häzirki aşaky Çüli obasy) eneden bolýar. Şüküriň kakasy Dowot Mergen, esasan, daýhançylyk bilen meşgul bolupdyr. Dowot Mergeniň neberesi XIX asyryň 50-nji ýyllarynda dogduk mekany taşlap, Tejen iline, soňra bolsa ilkinjileriň hatarynda Duşaga göçüp barypdyrlar. Onuň sebäbi hem san-sajaksyz alaman talaňçylardan bizar bolup, çarwa-çomurlyk etmäge asudarak ýurt gözländikleri üçindir.

«Maru-Şahu-Jahan», «Gözleriň», «Apat» ýaly meşhur aýdymlaryň goşgularyny ýazan saryk Gara Pidaýy şahyryň ogly Aly bagşy Şüküriň esasy halypasy bolupdyr. Bütin Mary, Pendi, Saragt illerinde meşhur Aly bagşynyň hem şägirdi, hem sazandasy bolan Şükür ýüpek

[1] *Rejebow A.* Şükür bagşy. / Gökdepe etrabynyň ruhy sütünleri. 1992.

kirişleri çekildigiçe iň soňky derejesine ýeten dutara halypalarynyň erk edişini, onuň her basymyny, her kakuwlaryny, göze ilmeýän, ahmal bolsaň, serpmeden gaýdan ýaly edýän aýlawly tilsimlerini öwrenip, kem-kem gaçmaga, kowmaga türgenleşip, ussatlygyň ýokary derejesine ýeten sazanda bolup ýetişipdir.

Halkyň arasynda Şükür bagşy barada şeýle gürrüň bar. Takmynan, XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Eýranyň hökmürowan hanlaryndan biri türkmen obasyna çozup, parahat oturan adamlary wagşylyk bilen talapdyr we Şükür bagşynyň agasy ýesir edilip äkidilipdir. Şükür bagşy gan dökülmezligi üçin, ar-namysy goramak üçin goşun bilen däl-de, saz bilen agasyny ýesirlikden boşatmak üçin Eýrana gidýär. Han Şükür bagşyny kynlyk bilen kabul edýär. Şol döwürlerde ýesiri halas etmegiň diňe iki ýoly bardy, ýa güýç bilen, ýa-da pul-mal berip almalydy. Şükür bagşy olaryň ikisini-de etmän, hana saz ýaryşyny guramaklygy teklip edýär. Bu garaşylmadyk teklibe han haýran galyp, ony kabul edýär. Şükür bagşy hanyň köşgündäki Gulam bagşy bilen ýaryşa girýär.

Han Şükür bagşynyň öňünde şert goýýar: eger-de Şükür ýeňilse, onda kellesini almaly, ýeňäýse, agasyny ýesirlikden boşatmaly. Ýaryş ilkagşamdan tä daňdana çenli dowam edýär. Netijede, Şükür bagşy ýeňip, agasyny halas edýär. Eýran hany oňa öz köşgünde sazanda bolup galmagy teklip edýär, emma Şükür: «Ýat ilde şa bolandan, öz ýurduňda geda bol» diýip, jogap berýär. Şükür bagşy ömrüniň ahyryna çenli halkyň hyzmatynda bolupdyr. Şükür bagşynyň döredijiligine uly baha beren ýazyjy Nurmyrat Saryhanow «Şükür bagşy» diýen powestini ýazan bolsa, kinematografiýaçylar «Şükür bagşy» atly çeper film döretdiler. Filmiň sazyny görnükli türkmen kompozitory Nury Halmämmedow ýazdy. Şükür bagşy şol döwrüň ady belli sazandasy Garadäli Gökleňden (sazanda hem dutar ýasaýan belli ussa) hem tälim alypdyr. Garadäli Gökleň Şükür bagşa kümüş çaýylan oňat dutar ýasap beripdir.

Şükür bagşy 1928-nji ýylda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Duşak obasynda aradan çykýar.

# KEL BAGŞY
**(1850–1923)**



XIX asyryň ikinji ýarymynda, 1850-nji ýyllarda, häzirki Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynyň garabörme tiresinde bir oglan dünýä inýär.

Oglanyň adyna Allaberdi goýýarlar. Allaberdi özüniň oglanlyk çagyny atasynyň elinde geçirýär. Allaberdiniň atasy ilat arasynda belli sazandalaryň biridi. Ol oba toýlarynda sazandalyk edip, köpçülikden ençeme sagbolsunlar almagyň hötdesinden gelip bilipdir. Allaberdiniň atasy kä wagtlar gyzygyp, saz çalyp otyrka, oňa ýoldaşlary degşip: «Bagşy, sen-ä gyssaberseler tamdyrany gepletjegem» diýip aýdar ekenler. Dogrudanam, Allaberdiniň atasy ýerindengelme tamdyraçy bolupdyr. Ine, Allaberdi şeýle atanyň terbiýesinde saz çalmagyň yşgyna düşüp, onuň bilen höweslenip başlaýar. Allaberdiniň kakasynyň ady Aýdogdydyr.

Allaberdi örän tutanýerlilik bilen saz çalmagy öwrenip başlaýar. Entek ýaş hem bolsa, onuň hemme pikiri sazyň her hili emel tilsimlerine eýelik etmek üçin ugrukdyrylypdy. Allaberdiniň atasy oňa hemişe göwünlik berip, saz çalmaga gidende, ony öz ýanyndan goýmazdy. Allaberdiniň aýratyn göwnejaý şelpe kakyşlaryna kakasy begenip: – Berekella oglum, «Ata kesbi – ogla halal» diýipdirler, biziň neslimizde saz-söhbedi özüne kär edinip götermedik ýokdur, sen biziň yzymyzy alyp göterseň gerek – diýip, artykmaç hoşallyk bildirer eken.

Allaberdi tiz ulalyp, 17–18 ýaşyny dolduran jahyl oglan çykýar. Onuň indi tamdyranyň perdelerinde barmaklary örän çaltlyk bilen gezmeleýär. Obalaryndaky üýşmeleňlerde saz çalyp, öz deň-duşlaryny şatlandyrýar. Az wagtyň içinde Allaberdiniň ýakymly saz çalşy bara-

---

**Bellik:** Kel bagşynyň şu suratyny Türkmenistanyň halk artisti Annagurban Annarejepow halypanyň Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda ýaşaýan kowumlaryndan alyp, bize ýetirdi.

daky gürrüň Yzgandyň töweregindäki başga obalara ýaýrap başlaýar. Wagtyň geçmegi bilen, bu habar öz döwrüniň ady belli sazandasy Gökdepe obaly Amangeldi Gönä hem ýetýär. Allaberdiniň ýakyn garyndaşlarynyň biri bir gün Gökdepe obasyna gidende Allaberdini hem ýany bilen alyp gidýär. Olar, köpleriň myhman bolýan ýeri – Amangeldi Göniňkä myhman bolýarlar. Çaý-paý içilip, dem-dynç alnandan soň, Allaberdiniň agasy Amangeldi Gönä ýüz tutup: – Bagşy aga, men seniň üçin bir şägirt getirdim, eger ýagdaýyň bolsa, sen şuny synlap gör – diýeninden, Amangeldi Göni: – Men onuň nämesini synaýyn diýýär-de, Allaberdiniň telpegini çykaryp, onuň kellesine pitikleýär. Amangeldi Göni biraz oýlanyp:

– Ýagşy ýigit, Kel handan bir zat çykar, ony geljek össürimler bilerler we oňa üznüksiz guwanarlar, sen ony goý-da ötägit – diýýär.

Amangeldiniň bu sözleri Allaberdini bir hili basýar we üşütdirýär, has hem beter onuň «Kel han» diýip dakan adyna utanyp, birhili gyzarýar.

Allaberdi Amangeldi Göniniň şägirdi bolup galýar. Ol özüniň bar ünsüni sazynyň her hili inçe syrlaryny öwrenmäge berýär. Ol saz öwrenmek üçin hiç wagt ýadamaz we ýaltanmaz eken.

«Yhlasa – myrat» diýen ýaly, onuň eli suw ýaly işläp, tamdyranyň iki kirşinde islendik süýji ýakymly owazlary etdirer eken. Allaberdi Amangeldi Göni bilen bütin Arkajy gezip, döwrüniň belli dutarçylary Kepeläň Köri, Alty Batyr ýaly bagşylar bilen hem saz kowşupdyr.

Wagt geçdigiçe, Amangeldi Göniniň at goýşy ýaly, Allaberdiniň «Kel bagşy» diýlip, ady tutulyp, onuň dabarasy bütin Gökdepe etrabyna, ençeme menzillikdäki gum çöllerine we Arkajyň birnäçe ýerlerine ýaýrap başlaýar.

Kel bagşynyň saz çalmaga ussatlygy onuň hut özüniň tebigatynda bolýar. Onuň saza berilmegi we onuň hemme tilsimlere eýelik edişi ony häzir diňlän adamlarda-da, aýratyn gyzyklanma döredýär.

Bir gün Amangeldi Göniniň öýünde Kel bagşy Batyr bagşyny kowup otyrka, «Aýna» aýdymynyň 6-njy perdesiniň kakuwyny kelteräk alanda, oňa Amangeldi Göni:

– Kel han, sen-ä şu ýerde guýrugyňy bulaýarsyň – diýýär. Kel bagşy birhili bolup, utanjyndan özüni ýitirip, sesini çykarman märekeden çykyp, baýtalyny münýär-de, niredesiň Yzgant diýip gaýdyberýär.

Amangeldi Göni aýdan sözüniň birhili ýakymsyzdygyny bilen-de bolsa, syr bildirmän: – Indiki gezek guýrugyny gyryp geläýmezmikä – diýip, oturan märekäni wagyra salýar.

Kel bagşy öýüne gaýdyp gelip, birnäçe günläp küştde utulan ýa-da toýda baýrakdan galan ýaly bolup, işdäsinden kesilip, birhili gaharly we tukat bolup gezýär. Kel bagşynyň şunuň ýaly tukat bolup ýörenini onuň doganoglany, belli sazandalaryň biri Öwez ogry eşidýär. Ol Kel bagşynyň ýanyna gelip:

– Ýeri, Kel han, saňa näme boldy, bir aladaly ýagdaýa düşüpsiň öýdýän, ýüzüňden gar ýagýar-la – diýen.

Onda Kel bagşy oňa jogap bermän, eline tamdyrasyny alýar-da, «Aýna» heňini çalmaga durýar. Bagşy birnäçe öwrümler edip, hälki 6-njy perdäniň gaýtalanyp kakylýan ýerine gelende:

– Ine, şu ýerde Amangeldi Göni uly märekäniň içinde maňa: «Kel, sen-ä guýrugyňy bulaýarsyň – diýip aýtdy, menem şondan bäri özüme käýäp, namys edip, adamlara görnüp bilmeýärin – diýip, bolan wakany Öweze aýdyp berýär. Öwez bagşy bu heňiň şol ýeriniň nähili ýerine ýetirilýändigini köp eşideni üçin, Kel bagşynyň gaharynyň gelip, hapa bolup otyranyny görüp duran-da bolsa, ullakan gülüp:

– Päheý, sen-ä, onuň üçinem gije-gündiz pikir edip oturarlarmy, şol ýerinde yzyna gaýtmazlar-da, silkibräk guýrugyny gyrarlar – diýip, eline tamdyrany alýar-da, nädip, gyrmalydygyny Kele görkezýär.

Kel özüniň birnäçe gün çaý-nandan işdäsiniň kesilendigini we gazaply gaharyny ýadyndan çykaryp, ýerinden zöwwe galyp, sen-men ýok, baýtalyny eýerläp, hiç zada üns bermän, niredesiň Gökdepe diýip, Amangeldiniňkä at salyberýär. Kel Amangeldiniň howlusyndan girip-girmänkä:

– Şu sapar näderkäň, kimiň guýruk bulaýanyny görersiň – diýip, birhili haýbat bilen salam berip, gapydan girýär. Amangeldi Keliň bolşundan çen tutup:

– Ýeri bagşy, bolup gelşiň ýaman batly-la – diýip, söz gatanyndan, Kel oňa:

– Hany, meni bir diňle, kimiň guýrugyny bulaýanyny görkezeýin – diýip, tamdyrasynyň kirşine kakýar-da, «Aýnany» çalyp başlaýar. Kel ýagşy gyzýar, ol hälki 6-njy guýrugy bulanan perdäniň üstünden telim gezek geçýär, emma indi «bulanýan guýruk» göze ilmeýär.

Kel bagşy sazy çalyp bolýar. Ol özüne uzadylan käse çaýy hem eline alman, birhili sabyrsyzlyk bilen Amangeldi bagşa ýüzlenip:

– Halypa, näme sesiň çykmaýar, bu sapar bulanýan guýruk gözüňe ilmedimi? – diýip, gyjytlyrak sözüni atýar.

Onda Amangeldi:

– Berekella, indi oňarypsyň, guýrugyňy örän ussatlyk bilen gyrypsyň – diýip, özüniň şägirdinden örän hoşal bolanyny bildirýär.

Soň Amangeldi oturan adamlara bakyp:

– Adamlar, şu günden şeýläk men Kel bagşynyň halypasy däl, ol indi meniň çygrymdan çykypdyr. Ol özbaşdak «Hakdan içen» sazanda, ine, menem şoňa sazandalyk patasyny berýärin – diýýär. Oturanlaryň arasynda birhili begençli gymyldy peýda bolýar. Kel bagşy halypasyndan şeýle öwgüli baha alyp, bar ömrüni saz-söhbete gurban edip, halkyň arasynda halypasynyň tamaly isleg-umytlaryny ýerine ýetirjegine şek goýmaýar.

Elbetde, ýeke ýokarky aýdan wakamyz Kel bagşynyň sazandalyk hünäriniň berlendigini subut etmeýär. Kel bagşy wagtyň geçmegi bilen bütin Kesarkaçda belli sazanda bolup, köp toý-tomaşalara sazandalyk edýär.

Amangeldi Gönüden soň Kel bagşy Gulgeldi atly bagşynyň iň belli ussadyndan hem köp sazlary öwrenipdir.

Kel bagşy bir heňiň çalnyşyny eşidip, ony şol bolşy ýaly kabul edip, öz repertuaryna salmandyr. Ol hemme heňleri özgerdip, olaryň kem-käs ýerlerini taslar eken.

Kel bagşy özüniň bilmeýän ýa-da heniz eşitmedik heňini öwrenmek üçin bir welaýatdan ikinji bir welaýata gidip, özüniň saz baýlygyny giňelder eken. Ol ençeme heňleri köp hili labyzlarda çalyp bererdi. Kel bagşy «Kepderi», «Aýna», «Jereniň» ýaly heňleri üç-dört görnüşde çalyp berende, olaryň käbirlerine: «Bu Amangeldiniň, bu Ussanyň, bu bolsa meniň çalşym» diýip, diňleýjilere gürrüň berer eken. Birwagtlar Kel bagşy öz obalarynda gezip ýörkä, duýdansyzlykda, onuň tiz wagtda Tejene ýetişmegini sorap, özüniň doganoglany, sazanda Öwez ogrudan bir habar gelýär. Kel duýdansyz habaryň gelmegine birhili bolup, ýüregine howsala düşüp, baýtalyny münüp, niredesiň Tejen diýip, ýeňsesini el ýaly edip, bäş gije-gündiz ýol ýöräp, Tejenden çykýar. Kel bagşy dem-dynjyny alandan soň, özüniň

näme üçin çagyrylandygyny bilmek üçin Öwez ogrudan habar tutýar. Ol bolsa: «Men seni orak-hoşa ormak üçin çagyrmadym, ýaňy-ýakynda şu ýeriň belli sazandasy we bagşysy Ezber bagşy «Ýandy bagrym» heňini çalanda, ýokarky perdelerde bir üýtgeşik gaýtalamalar etdi. Şony biziň arkaç sazandalarymyz etmeýärler. Ine, şony meniň ýadymdan çykmanka, sen öwren diýip çagyrdym» diýýär-de, Kel bagşa «Ýandy bagrym» heňini Ezber bagşynyň çalşy ýaly edip çalyp berýär.

Kel bagşy:

– Ýene näme möhüm habar? – diýip, Öwezden soraýar. Onda Öwez:

– Bagşy, başga habar ýok – diýende, Kel bagşy Öweziň ýüzüne birhili seredip: – Eýgilik bolsun-da, öwrenmek üçin çagyran bolsaň ýagşy-la – diýip, mylaýym ýylgyrýar.[1]

Kel bagşy türkmen halkynyň iň ökde, hemme sazandalaryň halypasy hökmünde külli türkmen halkyna özüni tanadan sazandadyr. Garagum çölündäki uzak obalarda geçýän toýlar, Kesarkaçdaky üýşmeleňleriň hemmesi Kel bagşysyz geçmändir diýsek, sözümiziň şübhesi bolup bilmez.

Kel bagşy diňe özüniň şöhraty üçin çalmandyr. Onuň elinde ençeme şägirtleri bolan. XIX asyryň aýaklarynda we XX asyryň birinji ýarymynda bolup geçen we häzirki wagtda gözümize görünýän sazandalaryň hemmesi diýen ýaly azdan-köpden Kel bagşynyň halypalygynda bolandyrlar.

Türkmenistanyň halk artistleri we meşhur sazandalary, zehinine taý bolmadyk Mylly Täçmyrat we Pürli Sary hut Kel bagşynyň elinde ýetişen sazandalardyr.

Şeýle-de wagtyndan öň dünýäden öten ady belli Sary bagşy hem sazandalygy Kel bagşydan öwrenipdir.

Kel bagşynyň ussatlygy ençeme sazandalara täsir edendir diýsek, öte geçildigi bolmaz.

Kel bagşy «Hatyja», «Jerenim», «Sakla ýolun, Maral suwa geledir», «Kepderi», «Ak eşekli», «Ýusup owgan» we ýene-de ençeme şular ýaly heňleriň awtorydyr. Kel bagşy 1923-nji ýylda aradan çykýar.

---

[1] *N. G. Halyk.* Sowet edebiýaty. № 3–4, 1946 ý., 54–57 sah.

# TÄÇMÄMMET SUHANGULYÝEW
## (1865–1942)



Türkmen halkynyň saz döredijiligine bu jadyly senediň atadan ogla, ýagny nesilden-nesle geçip gelmek däbi bardyr. Sary bagşynyň, Nobat bagşynyň, Mylly Täçmyradowyň, Girman bagşynyň we beýleki köp-köp bagşy-sazandalaryň kowumlary muňa aýdyň mysal bolup biler. Türkmeniň içinde şeýle meşhurlyk gazanan beýik ussatlaryň toparyna halypa sazanda Täçmämmet Suhangulyýewi (il içinde «Han bagşy» lakamyny alan) goşmak bolar. Pürmämmet, Orazmämmet, Hojamämmet, Çary – bular Täçmämmediň ogullarydyr. Täçmämmet halypanyň saz terbiýesini alan ogullary Hojamämmet bilen Çarydyr. Olar ussat sazandarlar bolup ýetişýärler. Ussat halypa Täçmämmet aga durmuşyň agyr külpetlerini başyndan geçirmek bilen, halkyň aglan ýerinde aglap, gülen ýerinde şatlanyp, il-güne mähir, söýgi paýlap, öz ussatlyk bilen ýerine ýetiren sazlarynyň üsti bilen adamlary ýagty geljege ruhlandyran sazandadyr.

Täçmämmet Suhangulyýew 1865-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda garyp daýhan maşgalasynda eneden bolýar. Ýaňy ýedi ýaşyna ýeten ýaşajyk Täçmämmetde dutara, türkmen sazyna bolan höwes döreýär. Ol höwes ýaşajyk Täçmämmedi bütin Ahalda belli dutar ussasy hökmünde tanalýan ussat sazanda Gulgeldi ussanyň huzuryna getirýär. Ençeme meşhur sazandalaryň halypasy Gulgeldi ussa ýaşajyk Täçmämmetde saza bolan ukybyň barlygyny bada-bat duýýar hem-de oňa halypalyk edip ugraýar. Şeýlelik bilen, ýaşajyk sazanda gün-günden öz başarjaňlygy bilen halypasynyň göwnünden turup ugraýar. Barha çylşyrymlaşýan kakuwlardyr çirtüwler, dutaryň sapynda eliňi çalt hereketlendirmek ýaly sapaklar ýaşajyk sazandany aljyratman, gaýtam onuň bilesigelijiligini barha artdyrýardy. Birnäçe ýyllaryň irginsiz zähmeti netijesinde Täçmämmet öz halypasynyň «ak patasyny» alýar.

1927-nji ýylda Aşgabatda Türkmen radiokomiteti açylýar. Basym onuň ýanynda türkmen halk saz gurallarynyň ansambly hem döredilýär. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinden belli sazandalar bilen bir hatarda Täçmämmet Suhangulyýew hem şol ansambla işe çagyrylýar. Şol ansamblda işlemeklik Täçmämmet Suhangulyýew üçin diýseň peýdaly bolýar. Täçmämmet Suhangulyýew on ýyllap radioda işlemek bilen, türkmen halk sazlaryny ansambl bolup ýerine ýetirmek formasyny giňden ýaýradýar. Radioda häli-şindi yzygiderli çykyşlar, bir tarapdan, sazandadan doly gujur-gaýratyny sarp etmegini talap etse, beýleki tarapdan, döredijilik ukybynyň ösmegine ýardam berýärdi. Şeýlelikde, ilkinji saz eserleri döräp başlaýar.

1932-nji ýylda Täçmämmet Suhangulyýew özüniň ilkinji saz eserini döredýär. Ol dutar üçin «Azatlyk» sazydyr. «Azatlyk» sazy dörän gününden halkyň içinde meşhurlyk gazanýar. Sazyň şowly çykmagy sazandany täze-täze aýdymdyr sazlary döretmäge ruhlandyrýar. Şeýlelikde, soňky ýyllarda «Bag içinde» atly sazy, «Türkmenistan» ýaly aýdymlar döreýär. Bu eserler hem saz muşdaklarynyň arasynda meşhurlyk gazanýar. Şol ýyllarda Täçmämmet Suhangulyýew öz mugallymçylyk işine hem başlaýar. Ondan ilkinjiler bolup tälim alanlar Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew soňra meşhur halk sazandalary bolup ýetişen bolsa, Sahy Jepbarow, Giçgeldi Amanow, Kiçi Geldimyradow dagy ussat bagşylar bolup ýetişdiler.

Täçmämmet Suhangulyýew birnäçe halk sazlaryny ansambl üçin täzeden işleýär Olardan: «Gökdepe mukamy», «Aýralyk mukamy», «Dag arman», «Saryýa», «Gyzdurdy» ýaly sazlary görkezmek bolar.

1938-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň döredilmegi bilen Täçmämmet Suhangulyýew hem şol filarmoniýa işe geçirilýär. Şol ýerde hem ol ömrüniň ahyrky günlerine çenli işleýär.

1942-nji ýylda döredijilik saparynda gezip ýörkä, Täçmämmet Suhangulyýew pajygaly ýagdaýda aradan çykýar.

Täçmämmet Suhangulyýew 1940-njy ýylda SSSR Kompozitorlar Soýuzynyň agzalygyna kabul edilýär.

1993-nji ýylda Täçmämmet Suhangulyýewe (merhum) «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

# MYLLY TÄÇMYRADOW
## (1885–1960)

*Myllymy sen, ýa Mukammy, bilmedim,*
*Ynsapmy sen, ýa Imanmy, bilmedim,*
*Saýrak tarmy ýa Diýarmy bilmedim,*
*Gudratyny haýran eden halypam.*

Hudaýberdi Durdyýew.



Türkmen milli saz sungatynda öçmejek yz galdyran şahsyýetleriň biri hem meşhur sazanda Mylly Täçmyradowdyr. Zamanamyzyň «Babagammary» adyny alan Mylly Täçmyradowyň türkmen halk sazlarynyň biziň günlerimize gelip ýetmeginde, ony baýlaşdyrmakda goşan goşandy çäksiz uludyr.

Mylly Täçmyradow 1885-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda garyp daýhan maşgalasynda eneden bolýar. Ýaňgala obasy külli türkmene belli bagşy-sazandalaryň obasydyr. Bu obadan meşhur sazandalar Täçmämmet Suhanguly, Hojamämmet we Çary Täçmämmetler, türkmeniň saýrak bilbili Sahy Jepbarow dagylar dörändir. Mylly Täçmyradyň kakasyna Täçmyrat put diýer ekenler. Ol öz döwrüniň belli pälwanlarynyň biri bolupdyr. Ol öz ogluna Annaseýit diýip at goýýar. Annaseýit ýaşlykda örän ejiz bolupdyr. Şol sebäpli hem oňa «Myllyjyk» diýipdirler. Annaseýidiň «Mylly» ady hem şondan galypdyr. Myllynyň hossarlarynyň arasynda saz çalyp, il içine çykyp ýöreni bolmandyr. Şoňa garamazdan, ol maşgalada saza uly sarpa goýlupdyr. Käwagt, Annaseýidiň iň uly dogany dutar çalmaklyga synanyşypdyr. Ýaşajyk Myllyda dutar çalmaklyga bolan ilkinji uçgunlar peýda bolup başlaýar. Öz oglunda dutar çalmaklyga bolan çäksiz höwesiň barlygyny wagtynda duýan Täçmyrat oňa bir dutar satyn alyp berýär. Şol gün kiçijik Myllynyň durmuşynda iň bagtly günleriň biri bolýar. Ilki dutar tutmaklygy Myllyjyk öz agasyndan

öwrenýär. Haçan-da Mylly on iki ýaşyna ýetende, olaryň maşgalasy Aşgabada göçüp gelýärler. Mylly bu ýerde dutary ymykly öwrenmek maksady bilen, belli dutar ussasy Mämmetmyrat ussadan tälim alyp başlaýar. Ol halypasyndan «Derdiňden», «Humarala», «Burnaşak» diýen sazlary öwrenýär. Zehinli Mylly tiz wagtyň içinde öz halypasyndan ozdurdy. Dutaryň inçe syrlaryny birneme ele alan Mylly has-da kämilleşmek maksady bilen, meşhur Kel bagşynyň huzuryna gelýär. Şeýdip, Mylly Kel bagşa şägirt bolýar. Talapkär halypa öz şägirtleriniň diňe bir ökde sazanda bolmaklygyny ündemän, olara adamkärçilik, parasatlylyk, sadalyk, öz ýerine etirýän sazlarynyň düýp mazmunyna düşünmekligini öwredipdir. Myllynyň saz ummanyna bütin durky bilen girmegini gazanýar. Bu beýik sazandadan Mylly gaty köp zatlary öwrenýär. Onuň umumy dünýägaraýşy düýpgöter özgerýär. Haçan-da Mylly ýigrimi sekiz ýaşyna ýetende, Kel bagşydan «pata» alýar. Kel bagşy «Jerenim», «Suwa geledir», «Hatyja» we başga-da ençeme sazlary döreden beýik sazandadyr. Myllynyň Kel bagşydan öwrenen iň soňky heňi «Dogrusy» diýen sazdyr. Bu sazy öz döwründe Kel bagşy halypasy Amangeldi Gönübekden öwrenýär. Bu saz özüniň ululygy, çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Mylly Täçmyradow köpçülikde, toýlarda, çaýhanalarda yzygiderli çykyş edip başlaýar.

1925-nji ýylda belli saz öwreniji W.A.Uspenskiý Türkmenistana gelýär. Ol Mylly Täçmyradow bilen duşuşýar. Onuň çalmagynda birnäçe halk sazlaryny nota ýazgysyna geçirýär. W.A.Uspenskiý Mylly Täçmyradyň repertuarynyň örän giňligine, onuň her bir sazyň gelip çykyşy, ony kimiň, näwagt döredenligi baradaky beren gürrüňlerine örän uly baha beripdir.

1928-nji ýylda Aşgabatda Daýhanlar öýi açylýar. Mylly Täçmyradow Daýhanlar öýüniň açylan gününden başlap çykyş edip başlaýar. Ol diňe bir ýekelikde saz çalmak bilen çäklenmän, Sary bagşy, Garly bagşy, Nobat bagşy ýaly meşhur bagşylaryň ýanynda sazandarlyk edipdir.

1927-nji ýylda türkmen radiosynyň döredilmegi bilen, Mylly Täçmyradow şol ýere işe çagyrylýar. Indi radionyň döredilmegi bi-

len Mylly Täçmyradowyň, Täçmämmet Suhangulyýewiň, Pürli Saryýewiň çalýan sazlaryny bütin ýurdumyz diňleýärdi.

1930-njy ýyldan ömrüniň ahyryna çenli Mylly Täçmyradowyň döredijilik ýoly radio bilen baglanyşyklydyr. Mylly ilki ýönekeý sazanda, soňra halk saz gurallary ansamblynyň ýolbaşçysy bolup işleýär. Mylly aga öz gara gazma dutaryny ömrüniň ahyryna çenli elinden düşürmändir. Halypanyň türkmen milli aýdym-saz sungatyna goşan goşandy çäksiz uludyr. Mylly aganyň ýerine ýetiren «Gözliniň», «Ala gaýyşly», «Berkeli çokaý», «Babajyklar», «Baga seýle», «Arzyman», «Gyzyl börük», «Ýusup owgan», «Humar ala» «Burnaşak» ýaly sazlaryny özüniň ýokary çeperçilik ussatlygy, çylşyrymlylygy, süýjüligi bilen diňleýjileri özüne maýyl edýär. Mylly Täçmyradow ýeke bir halk sazlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetiriji bolman, eýsem birnäçe sazlary döreden mukamçy kompozitordyr. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Mylly aga Annamyrat we Kuly atly ogullaryny Watan goragyna, urşa ugradýar. Öz ogullaryna we beýleki urşa giden ähli türkmen ýigitlerine bagyşlap «Ugradyş» diýen sazyny döredýär. Mylly aganyň ogullary uruş meýdanyndan dolanyp gelmeýärler. Şeýle agyr ýitgä garamazdan, Mylly aganyň dutarynyň sesi ýatmaýar. Onuň ýiti zehininden ajaýyp sazlar döreýär. 1942-nji ýylda «Hüjüm», 1943-nji ýylda «Gyzyl kerwen», 1944-nji ýylda bolsa «Ýeňiş», «Baýdak» atly sazlary döredýär. Meşhur sazandanyň şol ýyllarda ýerine ýetiren «Daglar», «Erkeklik mukamy», «At çapan», «Ýyldyz dagy», «Göroglynyň at oýnadyşy» ýaly sazlary diňleýjilerde watançylyk duýgyny, mertligi, watansöýüjiligi, ar-namyslylygy oýarýardy. Mylly aganyň döreden sazlarynda millilik, halk sazlaryna mahsus bolan umumylyk duýulýar. Ol sazlar özleriniň gurluşy boýunça halk sazlaryna örän meňzeşdir. Şonuň üçinem ol eserler diýseň çalt meşhurlyk gazanmagy başardy.

Mylly aganyň eserlerinde halk sazlarynyň öňki däpleri bilen bir hatarda täze, häzirki zaman kompozision usullar ulanýandygy mese-mälim duýulýar. 1943-nji ýylda Mylly Täçmyradow Türkmenistanyň Kompozitorlar Soýuzynyň agzalygyna kabul edilýär. Uruşdan soňky ýyllar Mylly Täçmyradow «Şöhrat saňa», «Hasyl ýygymçy», «Bahar» ýaly ajaýyp eserlerini döredýär. Mylly aganyň 1950-nji

ýylda döreden «Bahar» diýen sazy kompozitorçylyk ussatlygynyň ýokary derejesindäki sazydyr. Mylly Täçmyradow 1955-nji ýylda Moskwada Türkmen edebiýatynyň we sungatynyň Dekadasynda üstünlikli çykyş edýär we «Hormat nyşany» ordeni bilen sylaglanylýar.

Mylly Täçmyradow türkmen diňleýjileriniň arasynda ezber dutarçy hökmünde tanalýar. Öz ömrüniň ahyryna çenli öz ussatlygyny artdyryp, irginsiz zähmet çeken sazandadyr. Şonuň üçin ol elmydama öz ussatlygyny ýokary derejede saklan dutarçydyr. Mylly aganyň repertuarynda iki ýüzden köpräk saz bolup, ol sazlaryň her biri ýokary ussatlyk derejesinde ýerine ýetirilen sazlardyr.

Mylly aganyň saz ýazgylary, esasan, onuň ömrüniň soňky bäş ýylynda edilipdir. Umuman, Mylly aganyň 130-dan gowrak sazy magnit lentasyna geçirilipdir. Ol ýazgylar häzir ýurdumyzyň merkezi Döwlet arhiwiniň fonofotokinodokumentler bölüminde saklanylýar. Türkmen radiosynyň fonotekasynda hem Mylly aganyň ýerine ýetiren sazlarynyň ýüze golaýy saklanylýar.

Mylly Täçmyradow döwletimiziň saz durmuşynyň dürli ugurlaryna işjeň gatnaşýar. Şol ummasyz ägirt uly zähmet üçin ol dürli ordenler we medallar bilen, şeýle hem hormat hatlary bilen sylaglanýar.

Sazandalaryň arasynda ilkinjileriň hatarynda «Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri» diýen belent ada 1945-nji ýylda mynasyp bolýar.

Mylly Täçmyradow özüniň ussat sazandalygy ýaly, ussat terbiýeçi-mugallym hem bolupdy. Onuň halypalyk etmeginde türkmen sazynyň görnükli wekilleriniň ençemesi ösüp ýetişdi. Olardan: Çary Täçmämmedow, Jepbar Hansähedow, Şamyrat Gurbannepesow, Ata Ablyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew, Aýmämmet Aşyrow, Annanyýaz Öwezow, Soltanmyrat Jygaýew we başga-da ençeme sazandalary agzap geçmek bolar. Mylly Täçmyradow türkmen sazçylyk uçilişşesinde on ýyla golaý mugallymçylyk edýär. Onuň okuwçylary Türkmen radiosynyň we filarmoniýasynyň halk saz gurallarynyň ansambllarynyň hataryny doldurdylar.

Mylly aganyň çäksiz zehinli halypalygy hakynda onuň ýakyn şägirtleri gürrüň berýärler. Onuň şägirdi Türkmenistanyň halk artisti, meşhur sazanda Çary Täçmämmedow öz halypasyny şeýle ýat-

laýar: «Men dutar çalmagy öz kakam Täçmämmet Suhangulyýewden öwrendim. Ýöne meniň esasy halypam Mylly aga boldy. Biz onuň bilen ataly-ogul ýaly ýakyndyk. Mylly aga örän mähirli, süýji dilli halypady. Ol saz öwredende, hiç howlukma ýol bermezdi. Täze eseri öwredende, başda doly sazy çaldyrardy, soňra özi çalyp görkezerdi, ahyrynda bolsa bilelikde çalyp başlardyk. Mylly aganyň halypalyk etmeginde men köp sazlary öwrendim. Ýerine ýetirmesi kyn bolan «Humar ala», «Göroglynyň at oýnadyşy», «Burnaşak» ýaly sazlary öwrendim. Mylly aganyň dutardan alýan jadyly sesleri meni haýran galdyrardy».[1]

Türkmenistanyň halk artisti meşhur bagşy Sahy Jepbarow şeýle ýatlaýar: «Mylly aga sazyň geljeginiň ýaşlara baglydygyna oňat düşünerdi. Şonuň üçinem ol öz zehin baýlygyny olara eçilerdi, paýlardy. Şägirtleriniň üstünligine begenerdi, kemçiliklerini düzetmäge kömek ederdi. Men gaty köp sazandalary bilýärdim, ýöne Mylly aga bilen hiç kimi deňäp bilmerin. Ol ýadynda gaty köp gadymy sazlary bilýärdi. Ol türkmen sazynyň diri ensiklopediýasydy. Onuň elleri gaty berkdi, päki ýaly ýitidi, barmaklary ýyndamdy».[2] Türkmen heňleriniň çalnyşynyň iki hili däbi bar. Biri – improwizasiýa, ýagny ylhamyny erkine goýberip, eliň ökdeligine buýsanyp çalmak. Beýle çalnanda sazanda her hili şirin, zaryn öwrümler edýär, gulaga ýakymly daşky nagyşlar ýasadýar, şunda ol çalýan heňiniň başyny, ortasyny, ahyryny berk forma galybyna saljak bolanok. Onsoň şol bir heňi her bir improwizator sazanda çalyp bilýär. Beýle mukam gulaga ýakymly bolup, bellibir lezzet berse-de, diňleýjiniň duýgusyndan aňry geçip, onuň aň sandygyny yralaberenok.

Mylly aganyň mukamlary başga hilli. Olarda forma bilen mazmun birligi bar. Halypanyň özi aýtmyşlaýyn, her perde, her basuw hasaply. Mukamyň başy, ortasy, ahyry kemsiz sünnälenip, biri-birine mazaly kebşirlenen.Olaryň ýerini üýtgedip, başyny ahyryna, ahyryny başyna geçirjek aladaň ýok. Emosional, duýgy täsirli mazmun, many taýdan goýazylyk, agramlylyk bilen utgaşýar. Olary diňläniňde, diňe

---

[1] *H. Durdyýew*. Halypanyň mertebesi // Edebiýat we sungat. – 1986. 16 maý. 4–5 sah.

[2] *Saparow A*. Mylly Täçmyradow. – M., 1986.



5. Sargyt № 952

duýgularyň däl, eýsem aňyň gozganyp, halkyň üýtgeşik bir ruhy keşbi, onuň täsin duýgy hem gözellik dünýäsi seniň içki görejiň öňünden geçip gidip oturan ýaly. Saz seniň hut öz ruhy dünýäňe, duýgy tejribäňe aralaşyp, seniň geçmişiňe, duýgy-telwasyňa, ýatlamalaryňa ýakyn hem eziz zatlary oýarýar. Her kim ondan öz saz-intellektual medeniýetiniň derejesine laýyklykda hakyky estetiki lezzet alyp bilýär. Şunda ol ýöne bir «Gulagynyň posuny açyp» oňaýanok. Mylly aganyň sazy seni aýlandyrýar, ruhuňa, ahlagyňa hörek berýär. Seniň öňüňde owaz bilen ýazylan zatlary okap, manysyny saçyp bildigiňçe, onuň sahypalary köpelip gidip oturan ýaly. Saz hem, heň-mukamlar hem, gelşirip aýtsak, edil adamlar ýaly. Dokmaňyz, hoşlabyz, manysy hümmetli içiňi yzlap-syntgylap gidýän mukamlar bolýar. Ýöne daşyndan owadan, owazy «pak» heň hem bolýar. Olary diňledigiňçe «içiniň» boşlugy duýulýar. Mylly aganyň mukamlary dokmaňyz mukamlar. Olaryň ýekeje perdesindenem ýeňleslik ýa pöwhelik tapjak gümanyň ýok. Her öwrümi, her nagşy manyly, ýerlikli. Kä gursagyň giňäp, kä ynjap, kä açylyp, kä oýurganyp, ýuwdunyp otyrsyň. Sebäbi onuň çalýan sazy ýöne bir owaz owadanlamak däl. Onuň mukamlarynda halkyň arka-arka çeken jebri-jepalaryny-da, akyl azabyny-da, duýgy baýlygyny-da duýup, aňyp bolýar. Olarda adam göwnüniň şatlykly, gussaly, gazaply, mähirli ahwalatlaryň müňde bir öwüşginini eşidip, kalbyňa guýup bolýar.

Mylly Täçmyradow 1960-njy ýylda aradan çykýar. Mylly aganyň şägirtleriniň ençemesi özleriniň iň ajaýyp eserlerini halypa sazanda bagyş etdiler. Türkmenistanyň halk artisti Ýagmyr Nurgeldiýew özüniň «Halypama» diýen sazyny, sazanda Soltanmyrat Jygaýew «Ýatlama» diýen eserini döretdiler. Meşhur kompozitor, Türkmenistanyň halk artisti Nury Halmämmedow özüniň «Dutaryň owazy» diýen sazyny beýik halypa bagyşlap döretdi. Bu fortepiano üçin döredilen ajaýyp saz türkmen pianinoçylarynyň repertuarynyň bezegine öwrüldi.

1971-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasyna beýik sazandanyň adynyň dakylmagy bütin saz söýüjileri, ähli türkmen halkyny begendirdi.

1986-njy ýylda meşhur sazanda Mylly Täçmyradowyň doglan gününiň 100 ýyllyk ýubileýi dabaraly ýagdaýda bellenilip geçildi. Mylly aganyň adyny zamanamyzyň Babagammary diýip tutýarlar. Bu, derejesine ýetip bolmajak ussadyň hatyrasyna, türkmen halkynyň goýan hormatydyr, sarpasydyr. Onuň ady türkmen söz ussatlarynyň eserlerinde hem belentden ýaňlanýar. Zehinli türkmen şahyry Mämmet Seýidow özüniň meşhur «Durun mukamy» atly poemasynda Mylly agany dana, gür şahaly, datly miwe berýän, başy asmana direýän daragty ýetişdiren bir bagbana deňeýär. Ajaýyp türkmen şahyry Täşli Gurbanow özüniň «Mukamlar çeşmesi» poemasyny öz halypasy Mylly aga bagyşlapdy.

Türkmeniň saz sungatynyň täji Mylly Täçmyradowa (merhum) 1993-nji ýylda Türkmenistanyň halk artisti diýen belent at dakyldy.

## AMANGELDI GÖNÜBEKOW
## (ady dakylan)
## (1887–1963)



Geçen asyryň 30–40-njy ýyllary atam Perzalynyň ogullary: Kuly we Bäşim Gökdepede ýaşapdyrlar. Amangeldi (Amangeldi Gönübegiň ady dakylan), Mämmet, Sylap Gönübekowlar Aşgabatda ýaşapdyrlar. Olaryň öýleri hemişe gelim-gidimli, agam Amangeldiniň öýi has-da köp adamly bolardy. Bu ýere Täçmämmet Suhangulyýew, Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Magtymguly Garlyýew, Oraz Salyr, Nursähet Halsähedow we başga-da bagşydyr sazandalar köp gelerdiler, küşt oýnardylar, saz çalardylar. Öten-geçen bagşylary, sazandalary ýatlardylar. Olar barada öz bilenlerini, eşidenlerini gürrüň bererdiler. Meniň garry atam Amangeldi Gönübek barada olar has-da köp gyzykly gürrüň ederdiler. Onuň döreden mukamlary, bitiren işleri barada kitap, ýat-

lamalar, kinossenariý ýazmagyň, Gökdepede, Aşgabatda ýadygärligini döretmegiň gerekdigini aýdardylar. Edilýän manyly gürrüňleri, çalynýan maňyzly sazlary men üns berip diňlärdim.[1]

50-nji ýyllardy. Men Daşoguz welaýat medeniýet bölüminde işleýärdim. Agam Amangeldi Gönübekow başga welaýat sazly drama teatrynda işleýärdi, ol sazandady. Biz goňşy bolup ýaşaýardyk. Şol ýyllar bize Magtymguly Garly, Sapar Beki, Yrzaguly Ataýew, Akjagül Myradowa, Ýagşygeldi Moşyýew we beýleki bagşy-sazandalar köp gelerdiler. Olar çaý başynda aýdym-saz barada gyzykly gürrüňler ederdiler.[2]

Meşhur sazandamyz Amangeldi Gönininiň ady dakylan Amangeldi Gönübekow hem atasynyň ýaşan Gökdepe etrabynyň Babarap obasynda 1887-nji ýylda eneden bolýar. Amangeldiniň döwletimiziň içinde aýak basmadyk şäheri, obasy ýok diýen ýaly. Ol köp sanly bagşy-sazandalar bilen hem duşuşýar. Amangeldiniň Gökdepe etrabynda ýaşan döwründe-de, Tejende ýaşan ýyllarynda-da öýi hemişe märekeli bolýar. Atly sazandalar halk sazlaryny, aýdymlaryny öwrenýärler. Amangeldi Aşgabatda Türkmen radiosynda işlän döwürleri wagtal-wagtal öz halypalaryndan Kel bagşyny, Nagdaý bagşyny, Annagurban bagşyny, Burkaz bagşyny, Hudaýnazar bagşyny, Garaja Salyr bagşyny, Ablesen bagşyny ýatlap, olara öz hoşallygyny bildirýärdi.

Amangeldi 1936-njy ýyldan tä 1955-nji ýyla çenli Türkmen döwlet filarmoniýasynda işlän döwürleri köp bagşylara sazandarlyk edýär. Ol birnäçe sazlary hem döredýär. Amangeldiniň döreden «Ýeňiş», «Ýaryş», «Türkmenistan», «Ýagtylyk» diýen sazlary dutar sazynyň repertuaryny baýlaşdyrdy.

A. Gönübekow SSSR Kompozitorlar Soýuzynyň agzalygyna kabul edilýär.

Ol 1963-nji ýylda aradan çykýar.

---

[1] *Nyýazmyrat Nyýazlyýew* «Gönübek». – A.: TDNG, 2011. 6 sah.

[2] Şol ýerde, sah. 75.

## PÜRLI SARYÝEW
**(1900–1971)**



Asyrlar boýy dowam edip gelen türkmen halk saz sungatynyň biziň günlerimize gelip ýetmegine we baýlaşmagyna çäksiz goşant goşan sazandalaryň biri hem ussat Pürli Saryýewdir. Pürli Saryýew 1900-nji ýylda Baharly etrabynyň Bamy obasynda külli türkmene ady dolan meşhur Sary bagşynyň maşgalasynda dünýä inýär. Pürli, Sary bagşynyň kakasynyň ady dakylan ogludyr. Ýaşajyk Pürlüde aýdym-saza bolan söýginiň ir oýanmagyna, kakasy Sary bagşynyň ýetiren täsiri uludyr. Onuň gözüni açyp göreni aýdym-saz ýa-da ol baradaky gyzykly gürrüňler bolýar. Pürli baryp oglanlyk döwründe öz inileri Oraz hem-de Nury dagy bilen kakalaryndan gyjakdyr dutar çalmagy ürç edip öwrenipdirler. Sary bagşy öz ogullaryny toý-tomaşalara ýany bilen alyp gider eken. Ussat bagşy-sazandalar bilen bolýan her bir duşuşyklar, ýaşlary saz ummanyna has çuň aralaşdyrýar. Ýaňy ýedi ýaşan Pürlüjik eýýäm kakasynyň ýanynda gyjak çalyp başlapdyr. Adygyp ugran Pürliniň meşhur Kel bagşy bilen ilkinji tanyşlygy onuň durmuşynda ýitmejek yz galdyrýar.

Ýiti zehinli şägirtleriň ýene birine duşan Kel bagşy öz çäksiz saz baýlygyny – çylşyrymly mukamlaryny sahylyk bilen eçilýär. Saz-söhbete ýürekden berlen Pürli halypasynyň her bir basuwyny, kakuwyny kemsiz öwrenýär. Muňa mysal edip, Türkmen radiosynyň altyn saz hazynasynda häli-şindi ýaňlanýan «Çoh derde goýan ýarym», «Maral geldi», «Teşnit» ýaly mukamlary çalanda Pürli Saryýew «Halypamyz Kel bagşy şeýle çalardy» diýip ýatlardy.

Pürli Saryýew 1929-njy ýylda çeperçilik tehnikumynyň (häzirki Daňatar Öwezow adyndaky türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesi) açylan gününden başlap Mylly Täçmyradow bilen bilelikde ýaşlara dutardyr gyjakdan tälim berip başlaýarlar. Şol ýyllarda nota ýazgysy

bilen dutar, gyjak çalmaga uly üns berilýär. Pürli Saryýew nota ýazgysyny öwrenmegiň progressiw ähmiýetine çuňňur düşünýär. Şeýle tär bilen sazanda taýýarlanylsa, onuň netijesiniň has-da ýokary boljakdygyny ündeýär. Şeýle ugur bilen okap, tehnikumy tamamlanlardan: Geldi Ugurlyýewi, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi kompozitor Aşyr Kulyýewi, Türkmenistanyň halk artisti Annageldi Jülgäýewi, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Gurban Kulyýewi we başga-da ençeme görnükli sazandalary görkezmek bolar. Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri, kompozitor Weli Ahmedow ussat halypa hakda şeýle ýatlaýar: «Meniň sungat älemindäki ilkinji ädimlerimiň Pürli aganyň hemaýaty bilen ädilendigini hiç haçan ýadymdan çykarmaryn. Maňa iki ýyllap ondan sapak almak bagty miýesser etdi. Ol ajaýyp adamdy, şeksiz pedagogdy, tapylgysyz sazandady, türkmen sazyny şeýle köp bilýärdi. Ol öz okuwçylaryny ilkinji sapakdan başlap iň ýagşy niýetlere gönükdirip başlardy. Mende halk sazynyň gaýtalanmajak özboluşlylygyny, gözelligini görmek, ony ömrümiň ahyryna çenli söýmek we oňa wepaly bolmak ukybyny hormatly Pürli aga açypdy ahyryn».

Pürli Saryýew 1928-nji ýyldan başlap döwletimiziň radiokomitetinde dutarçy bolup işläp başlaýar. Ol dutarda we gyjakda ýerine ýetirijilik ussatlygy bilen Türkmen radiosynyň halk saz gurallary ansamblynda ilki sazandalyk, soňra oňa ýolbaşçylyk edýär. Pürli Saryýew ansamblda 30 ýyllap zähmet çekýär.

Ansamblda işlän döwründe halypa sazanda Täçmämmet Suhangulyýewden hem köp zatlary öwrenýär. Garly bagşy, Nursähet Halsähedow, Magtymguly Garlyýew, Sahy Jepbarow ýaly ussat bagşylara kemsiz sazandarlyk edýär.

1934-nji ýylyň mart aýynyň 5-ine ýiti zehini we beýik sungaty bilen halkynyň aňyna baky giren Sary bagşy aradan çykýar. Ilkinji halypasy, kakasy, ussat Sary bagşynyň ajy aýralygy, Pürli Saryýewiň ilkinji «Bagyşlanýar» diýen sazynyň döremegine sebäp bolýar.

1939-njy ýylda Moskwada halk sazandalarynyň Bütinsoýuz gözden geçirilişinde ikinji baýrakly orna mynasyp bolmagy, onuň ötgür zehinine, kämil saz ýerine ýetirijiligine berlen uly baha bolupdy. Şol

ýyl Pürli Saryýewe «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar. 1940-njy ýylda doredilen Türkmenistan Kompozitorlar soýuzynyň agzalygyna kabul edilen sazanda, şol ýyllar özüniň «Türkmenistan», «Şatlyk», «Säherde» ýaly ajaýyp aýdym-sazlaryny döredýär.

1941-nji ýylyň mart aýynda döredilen halk saz gurallary orkestrinde işlemek bilen, bu kollektiwiň repertuary üçin «Öň hatarda», «Ýigitler» ýaly saz eserlerini döredýär. Bu döwre çenli ol Berdi Kerbabaýewiň goşgularyna «Erk elinde», «Zarpçy», «Ýeňiljek marş», «Pagta», Garaja Burunowyň goşgusyna «Ur, çekijim» ýaly aýdym-sazlary bilen dörediji awtor hökmünde özüni tanadypdy. Şeýlelikde, Pürli Saryýew döredijilik ýoluna ymykly gadam goýýar.

Beýik Watançylyk urşunyň başlanan ilkinji günlerinden Pürli Saryýew hem bütin ylhamyny, zehinini gaýgyrmaýar. Watançylyk urşy ýyllarynda saz medeniýetini ösdürmekde bitiren hyzmatlaryny nazarda tutup, oňa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Pürli Saryýew ençeme ussat sazandalary terbiýeläp ýetişdiren halypadyr. Onuň halypalyk etmeginde Çary Täçmämmedow, Tugur Berdinyýazow, Şamyrat Gurbannepesow, Ýagdy Mämmetliýew, Ýagmyr Nurgeldiýew ýaly sazandalar ussatlyga ýetişdiler.

Pürli Saryýewiň ýerine ýetirijilik ussatlygy barada aýdylanda, dogrudan hem, ussat sazandanyň saz çalşy özboluşly. Ol her bir sazy ýerine ýetirende halypa-şägirtlik ýolunda nesilden-nesle geçip gelşi ýaly, oňa erkin çemeleşýär, gerek ýerini baýlaşdyrýar.

Döwrümiziň ussat sazandalary, Türkmenistanyň halk artistleri Mylly Täçmyradow we Pürli Saryýew talapkär Kel bagşynyň şägirtleridir. Bir ussatdan tälim alandyklaryna garamazdan, bu iki sazandanyň ýerine ýetirijilik usullary biri-birinden mese-mälim tapawutlydyr. Munuň şeýledigine her bir saza düşünýän adam göz ýetirip biler. Şeýdibem, türkmen halk sazandalarynyň arasynda däbe öwrülip giden ýerine ýetirijilik «ýollary» emele gelipdir. Pürli Saryýew hem öz ussatlygy bilen il arasynda «Pürli aganyň ýoly» ýa-da «Pürli aganyň çalşy» diýen ýörelgäni goýan halypadyr. Ýazyjy Hudaýberdi Durdyýew özüniň «Şabram şelpeler» atly kitabynda halypa Pürli

aga barada şeýle ýatlaýar: «Bagşyçylyk, sazandalyk öňýetene berilmeýärmiş, nebere yzarlaýarmyş, şol çynmyka?» diýip, Pürli aga sorag bilen ýüzlenýärler. Pürli aga bolsa şeýle jogap berýär:

– Elbetde, aýdym-saza neberäňem täsiri bolmaly. Göbek ganyň daman ojagynyň ýylysy, mähri, heý, öçýärmi? Neberede şoňa kybap bolmaly. Emer-damaryňda biri sazanda bolsa, soňkulara-da tolkuny ýetýär. Halk ýöne ýere aýtmaz, bilýändir, ýöne näme, neberäňem bolsa bolsun, özüň boljak bol. Neberäň seniň köküň-damaryň. Esasy zat zehin bilen ylhamdadyr. Zehin diýlen zat iňňän inçe zat bolýar. Ony atadan-ogla, oguldan-agtyga geçirip ýörüp bolýan bolsa, onda meşhur ussatlar has-da köp bolardy. Ýöne tohumyňdaky zehinlilerden, garaz, bir nusga ýetilýän bolarly. Kakam pahyr gürrüň bererdi. Maňa ady dakylan atam Pürli öz döwründe märeke güýmäp bilýän sazanda bolupdyr. Maňa Sary bagşynyň ogul şägirdi bolmak iki esse agyr düşýärdi. Ýöne bir şägirt bolaňsoň, eliň ýöremese, öz aýybyň. Men asgynlyk etsem, hem-ä öz ýaşlyk buýsanjymy ýere saljak, hemem ile meşhur kakamyň dilini gysga etjek. Ilki-ilkiler has köp igenç çekýärdim. Ýöne, pahyryň gahary gelse-de, azgyrylmasy bolmaz. «Pürli jan, oglum, ataň ýüküni agraltmaweri! – diýerdi. Şol sözleri eşideniňde, dulugyňa şarpyk çalnan ýaly bor eken. Kümüşçi dostuň bolsa, kümüşden çekijiň bolar diýleni. Sary bagşynyň agzyna düşüp, Kel bagşy, Täçmämmet Han ýaly sütün halypalara ulaşdym. O bendeleri ýatlasaň, hersiniň bir kitaplyk gürrüňi bar. Indi-indi pähim edip aňýan. Ikisem saza ýugrulan. Hersiniň hörpünde bir tüýsli inçelik duýulýardy.

Oturyp-oturyp, geň galýan. Olar sazyň häzirki zaman ylmyny geçmeseler-de, sazandarlyk sütüniniň düýp kanunyny bäş barmagy ýaly bilýärdiler. Şägirdiňi durşuna öz galypyňa salmak, ol zorluk bolýar. Halypalar şony etmändirler. Ine, özüňiz diňleýänsiňiz. Mylly aga ikimizem şol bir halypalaryň elinden çykan. Çalýan heňlerimiziň, mukamlarymyzyň hasaby deňdir. Emma çalşymyz üýtgeşikdir. Her kimiň öz hörpi bar. «Hörp» bolanda, oňa ýaňky ylham hem girmeli. Mylly aga halypalardan öwrenen heňleriniň hasabyna jür, üýtgetjek, özgertjek bolanok. Çalanda-da siňňitli, saýhally çalýar. Men çalam-

da mydama özgerdesim, improwizasiýa edesim gelip dur. Her gezek heňi şol durşuna üýtgetmän gaýtalamaga takat edip bilemok. Ýa çaltlygyna-haýallygyna, ýa bezeg «goşuna» üýtgeşiklik girizjek bolýan. Bu meniň «kesirligimden» gelýän zat däl. Nädip aýtsamkam! Çalyp otyrkaň heňiň aňyrdan kalbyňy yzarlap gelşi bor. Çalşyňam şoňa görä bolýar. Şonda göwnüň özi özgertmäge meýil edýär.

Dutar çalmak ussatlygynyň öz tilsimleri bar. Ökde çalmak bor, ökde mukam ýasamak bor. Men öz gören, tälim alan halypalarymdan çen tutýan. Beýik Magtymgulyny bilýänsiňiz. Şu günki şahyrlarymyzyň hemmesine nusga. Sazymyzda-da çyn halypalar bar. Olara jort atjak bolman, öwrenibermeli. Utduran zadymyz bolmaz, utarys...».[1]

Dogrudan hem, Pürli aga hakdan içen ussat. Pürli aga saz çalanda sazyň asyl nusgasyny ýoýmazdy, ritmiki kakuwyny hem özüçe edip üýtgeşik bir heň ýasar. Onuň ylhamyndan joşup çykýany hem özüçe bir hasap bolup dur. Munuň özi bolsa, bu uly ussadyň ýiti zehinlidigini subut edýär we halypalyk derejesine ýetenliginiň uly bir şaýadydyr. Bulara mysal edip, Pürli aganyň çalan sazlaryndan «Näler göründi», «Ýow bagşy», «Kerem geldi», «Saryýa», «Sataşdym», «Şirin-şeker» we başga-da ençeme sazlaryny diňläniňde ritm, temp, kakuwlar bilen beýleki sazandalardan tapawutlanýandygyny aýdyň duýýarsyň.

Türkmen saz sungatynda öçmejek yz galdyran Pürli Saryýew ömrüniň ahyrky gününe çenli öz söýgüli dutaryny elinden düşürmedi.

Pürli Saryýew 1971-nji ýylyň noýabr aýynda aradan çykýar. Halypa sazanda türkmen halkyna özüniň ussatlyk bilen ýerine ýetiren çuň manyly sazlarynyň ses ýazgysynyň birgidenini goýup gitdi. Onuň ýerine ýetiren sazlary türkmen radiosynyň altyn hazynasyny bezeýär. Ussat halypanyň çalan bir ýüz ýigrimiden gowrak sazy häzir radionyň altyn hazynasynda saklanylýar.

---

[1] *H. Durdyýew*. Şabram şelpeler. – A.: Türkmenistan. 1982. sah. 160–161.

## GELDI UGURLYÝEW
**(1901–1964)**



Belli mukamçy kompozitor, sazanda, dutar ussasy Geldi Ugurlyýew 1901-nji ýylda Aşgabat etrabynda eneden bolýar. Ol maşgalasyna kömek etmek üçin ýaşlykdan zähmet çekmeli bolýar. Geldi Ugurlyýew çagalykdan dutardyr gyjaga höwes edip ugraýar. On bäş ýaşlaryna ýetende ol dutardyr gargy tüýdügi özbaşdak öwrenip ugraýar.

1924-nji ýylda olara ýer berlip, Gökdepä göçensoňlar, Geldi Ugurlyýew tä 1927-nji ýyla çenli daýhançylyk edýär.

1927-nji ýyldan 1928-nji ýyla çenli ol suw howdanynda işçi bolup işleýär.

1928-nji ýyldan 1929-njy ýyla çenli Gökdepe milisiýa organlarynda işleýär. Ýöne saza bolan höwes ony 1929-njy ýylda ýaňy açylan Türkmen döwlet çeperçilik tehnikumynyň saz bölümine alyp gelýär.

Geldi Ugurlyýew tehnikumda meşhur halypalar Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew dagylardan tälim alýar. Ol 1933-nji ýylda bu tehnikumyň dutar-gyjak, bas-gyjak klasyny üstünlikli tamamlandan soň, türkmen radiosynyň halk saz gurallary ansamblyna işe kabul edilýär. Birnäçe halypanyň ýygnanan ýeri, ýaşlar üçin bolsa döredijilik çeşmesi bolan şol ansamblda Geldi Ugurlyýew ýerine ýetirijilik babatdanam, kompozitorçylyk tarapdanam kämilleşýär we taplanýar.

1940-njy ýylda ol Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary ansamblyna solist bolup geçýär.

1943-nji ýylda ony Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrine wiolonçelçi edip işe belleýärler.

1941–1945-nji ýyllar aralykda Türkmen döwlet filarmoniýasynda işläp, Geldi Ugurlyýew dürli konsert toparlarynyň hataryna goşulyp, Watany goramak üçin gaýduwsyz göreşýän esgerleriň ara-

synda çykyş edýär. Ol 1944-nji ýylda birinji we ikinji Pribaltika frontlarynyň esgerleriniň arasynda şowly çykyş eden front brigadysyna uly höwes bilen gatnaşýar. Uruş ýyllary olaryň konsert topary jemi 178 konsert bilen çykyş edipdir.[1]

1940-njy ýylda Türkmenistan Kompozitorlar soýuzy döredilýär. Bu soýuza Täçmämmet Suhangulyýew, Amangeldi Gönübekow, Sahy Jepbarow, Pürli Saryýew, Geldi Ugurlyýew dagy ilkinjileriň hatarynda kabul edilýär.

Geldi Ugurlyýewiň döreden eserleriniň tematikasy örän giňdir we dürli-dürlüdir. Ol Kerim Gurbannepesowyň goşgusyna «Merdana ýigit», Gara Seýitliýewiň goşgusyna «Nebitçi dostum», «Nebitçiniň aýdymy» («Zor oglan»), Rehmet Seýidowyň goşgularyna «Dutarym», «Zähmet hakynda aýdym», «Çopan», «Bedewler kişňeýär biziň illerde» diýen aýdymlary döretdi. Bulardan başga-da, Geldi Ugurlyýew «Şatlanýas», «Öňe» diýen sazlary, Anna Goşaýewiň goşgularyna «Dostluk ýalkymy», Nepesgeldi Omarowyň goşgularyna «Guwanýas», «Garagumda öser gülleriň seniň», Anna Gurtgeldiýewiň goşgusyna «Parahatlyk kepderisi» diýen eserleri döredýär.

Geldi Ugurlyýew diňe bir mukamçy kompozitor, sazanda bolman, eýsem ol saz gurallarynyň hem ajaýyp ussasydyr. Ol ençeme dutarlary ýasady. Onuň ýasan dutarynda köp ýyllaryň dowamynda türkmen halkynyň beýik bagşysy Sahy Jepbarow aýdym aýtsa, meşhur sazanda Çary Täçmämmedow halkymyza ölmez-ýitmez saz nusgalaryny çalyp, belent derejä galdyrdy.

Geldi Ugurlyýewiň halkymyzyň aýdym-saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlaryna uly baha berlip, 1950-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy. Şeýle-de «Zähmetde bitiren edermenligi üçin» diýen medal we Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň Hormat haty bilen birnäçe gezek sylaglandy.

Geldi Ugurlyýew 1964-nji ýylda aradan çykdy.

---

[1] *Hanow Ý.* Diplom işi. «Meşhur mukamçy kompozitor we sazanda Geldi Ugurlyýewiň döredijilik ýolunyň şöhlelendirilişi». Türkmen milli konserwatoriýasy. Aşgabat. 1993 ý.

## HOJAMÄMMET TÄÇMÄMMEDOW
**(1922–1951)**



Türkmenistanyň halk artisti Hojamämmet Täçmämmedow 1922-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dünýä inýär. Kakasy – milli saz sungatymyzyň ösmegine egsilmez goşant goşan halypa-sazanda T. Suhangulyýew Hojamämmediň ilkinji halypasy bolýar. Hojamämmediň ýaşlykda güýçli tebigy zehini bolupdyr. Kakasyndan dutara mahsus bolan inçe tilsimleri, şeýle hem mukamdyr gyrklary, uly göwrümli sazlary öwrenip, ussat sazanda hökmünde özüni halkymyza äşgär etdi. Hojamämmediň öz inisi Türkmenistanyň halk artisti Çary Täçmämmedowyň ussat halypa sazanda bolmagynda hem täsiri uludyr. Ol 1935-nji ýylda Aşgabadyň çeperçilik tehnikumyna okuwa girip, ony 1937-nji ýylda üstünlikli tamamlaýar. Tehnikumda Hojamämmediň halypalary M. Täçmyradow bilen P. Saryýew bolýarlar. Çeperçilik tehnikumynyň dutar bölümini tamamlandan soň, ol 1937-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrinde dutarçy bolup işe başlaýar. Halkymyzyň belli, adygan bagşylary N. Annaýewe, G. Jeňowa, S. Jepbarowa, N. Nurmuhammedowa we başgalara ezberlik bilen sazandarlyk edip, saz muşdaklaryna ökde sazandar hökmünde özüni tanatdy. Ezber sazanda Hojamämmediň dutar üçin döreden «Gyzlar» diýen sazy häli-şindi radioda ýaňlanyp, çeper höwesjeň kollektiwleriniň, professional ýerine ýetirijileriň repertuaryny şu güne çenli bezäp gelýär.

Hojamämmet 1939-njy ýylda Moskwada geçirilen Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisine gatnaşýar.

Ezber sazanda H.Täçmämmedow 1951-nji ýylda aradan çykýar.

1993-nji ýylda türkmen milli saz sungatymyzy ösdürmekde bitiren hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Hojamämmet Täçmämmedowa (merhum) «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakylýar.

## ÇARY TÄÇMÄMMEDOW
**(1923–1976)**

Gara gazma dil bitiren-penakär,
Saňa dil ýetiren bolar günäkär.
Türkmeniň guwanjy ussat senetkär,
Çary Täçmämmet sen ýa-da Han ogly[1]



Türkmen halkynyň saz döredijiligine bu jadyly senediň atadan-ogla, nesilden-nesle geçip gelmek däbi bardyr. Pürli Saryýewiň, Mylly Täçmyradowyň we beýleki köp-köp sazandalaryň kowumlary muňa aýdyň mysal bolup biler. Şeýle beýik ussatlaryň toparyna meşhur sazanda Täçmämmet Suhangulyýewiň ogly Çary Täçmämmedowy hem arkaýyn goşup bolar.

Çary Täçmämmedow 1923-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyrlarynda Gökdepe etrabynda, Ýaňgala obasynda Täçmämmet Suhangulyýewiň maşgalasynda dünýä inýär.

Il içinde at alan sazandalar maşgalasynda bolansoň, kiçijik Çarynyň hem dutara imrinjekdigi düşnükli zat. Onuň ilkinji halypalary kakasy hem agasy bolupdy. Ol kakasynyň hem agasynyň öwredýän sazlaryny üns bilen diňlärdi, nähili kakuw, nähili perde basmak diýen zatlara jany-teni bilen düşünjek bolardy. Kakasynyň diýen zatlaryny ýatdan çykarmazdy. Tutuş süňňi bilen öwrenilýän saza berlerdi. Kakasynyň saz çalşy Çara barypýatan nusga bolupdy.

Çary on dört ýaşyndaka Aşgabatdaky sazçylyk uçilişşesine gatnap başlady. Oňa dutardan halypalyk edenler meşhur Mylly Täçmyradow bilen Pürli Saryýewdi. Beýle ussatlardan tälim alansoň, zehinli ýetginjege neneň bagty çüwen diýmejek. Türkmen sazy meselesinde gürrüň edilende, öňi bilen ady tutulýan Mylly agadyr Pürli aga ýaşajyk

---

[1] *Bäşiýew G.* Çynarym. – A.: Bereket – Bina, 1996.53 sah.

Çarynyň Taňry beren zehinini dogry ýola gönükdirip goýberdiler.Tebigy zehin uly ussatlaryň tagallasy bilen taplandy. Çary kem-kemden sazandalygyň çylşyrymly tilsimlerini öwrendi, repertuaryny giňeltdi, durmuş tejribesini toplady. Basym Çary gowy sazanda hökmünde dile düşüp başlaýar. Munda Mylly Täçmyradowyň eden halypaçylyk işiniň belli bahasy ýokdy.

Çary Täçmämmedow soň-soňlar belli dutarçyka Mylly Täçmyradowa hem Pürli Saryýewe baş halypam diýerdi, olaryň sungatynyň öňünde baş egerdi.

1939-njy ýylda Çary Täçmämmedow sazçylyk uçilişşesinde iki ýyl okandan soň Türkmen radiosynyň dutarçylar ansamblyna işe girýär. Ony ýüzüniň ugruna solistlige aldylar, sebäbi, ol belli halk sazandalarynyň arasynda ykrar edilen adamdy. Şu kollektiwde işlemeklik onuň ömrüniň esasy manysyna öwrülipdi. Ol bu işe tutuş durky bilen berlipdi.

Çary Täçmämmedowyň yhlasly işine ýokary baha berildi. 1964-nji ýylda, ýagny, ansamblda çärýek asyr işländen soň, ony kollektiwiň ýolbaşçysy edip saýlaýarlar. Elbetde, beýle käre bellenilmek dutar çalmak sungatynda ýokary derejä ýetenligiň ykrar edilmegidi. Ýöne, asyl tebigaty sadadan-saýhally Çary Täçmämmedowyň öňi bilen öz-özüne talapkär bolmak häsiýeti bardy, ol hünärine gaty gowy erk edýändigini hiç wagt öňe tutmazdy. Onuň sähelçe sesini gataldanyny ýa-da käýänini, çöňňeräk sazanda-da bolsa, kimdir birine rüstemräk bolup garanyny gören ýokdur. Haçanda ol kärdeşiniň işine baha bermeli bolanda, sypaýyçylygy elden bermän, öz pikirini düşnükli edip aýdardy.

Ol diňe saz çalmak bilen çäklenip biljek däldi, döredijilik tebigaty şeýledi. Çary Täçmämmedow meşhur dutarçy bolmak bilen birlikde, sazanda-kompozitor hökmünde hem bellidir. Onuň «Dostluk», «Sowgat» diýen ilkinji sazlary altmyşynjy ýyllarda peýda bolupdy. Onuň ýazan aýdymlarynyň, dutar sazlarynyň sany ýigrimä golaýlaýar. Onuň döreden aýdym-sazlarynyň tematikasy dürli-dürli: pagtaçylar, kanal gurujylar, dostluk-doganlyk, söýgi hem bagtly durmuş baradadyr. Onuň döreden sazlary professional ýerine ýetirijileriň repertuaryny

baýlaşdyrdy. Çary aga döredijilik bilen ýerine ýetirijiligi utgaşdyryp kämilleşdirýärdi. 1950–60-njy ýyllarda ol özboluşly ýerine ýetirijilik usuly bilen halka özüni tanadypdy. Bu ussadyň sazlaryny diňläniňde, onuň sazyň «bezeg goşuna» has köp üns berýändigini duýmak bolýar. Onuň orta barmakda «Mordent» köp ulanýandygynyň (orta barmagy duran perdede oýnatmak), bir perdeden beýleki perdä tersiýa interwaly, ýagny, «geňzew tutuş» arkaly geçmek usulyny ulanýandygynyň, şeýle hem ownuk forşlaglaryň (saz bezegleriniň) hasabyna sazyň süýji, gulaga ýakymly çykmagyny gazanýandygyny duýmak kyn däldir. Mahlasy, Çary Täçmämmedowyň ýerine ýetirijilik usulynda kakasy Täçmämmet Suhangulyýewiň çep eliniň owazlylygyny, sada kakuwlylygyny, Mylly Täçmämmedowyň ýerine ýetirijilik usulyna mahsus içki temperamentini, Pürli Saryýewiň bolsa ýel ýaly ýüwrük tempini görmek bolýar. Bu ussadyň öz ýerine ýetirijilik usulyny taplaýşyny göreniňde, balarysynyň dürli güllerden bal ýygnaýşy göz öňüňe gelýär. Diňleýji köpçüliginiň «Çary aga sazy örän süýji, lezzetli çalýar» diýip berýän bahasy bu ussadyň özboluşly ýerine ýetirijilik ýoluna halk tarapyndan ykrar edilen şaha diýmäge esas döredýär.[1]

Saz çalmak hem kompozitorlyk işinden daşgary Çary Täçmämmedow Türkmenistanyň halk artisti, Gaýrat medalynyň eýesi Akmyrat Çaryýew, Türkmenistanyň halk artisti, professor Ýolaman Nurymow, Türkmenistanyň at gazanan artisti Gurbannazar Nurymow ýaly belli sazandalaryň birtoparyna halypalygam edipdi. Çary aganyň ogly Türkmenistanyň at gazanan artisti Ata Täçmämmedow kakasyndan gowy tälim alyp, bu belent sungaty ýöretdi, şeýdibem, onuň däplerini durmuşa geçirdi.

Entek diri mahaly giňden ykrar edilip, abraý gazanan Çary Täçmämmedowyň dutarda saz çalmak sungaty öz döwründe ýokary ussatlygyň derejesi bolupdy. Onuň adyny Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Sahy Jepbarow, Magtymguly Garlyýew, Jepbar Hansähedow ýaly meşhur sazandalaryň hatarynda tutmak bolar.

Meşhur sazanda Çary Täçmämmedow 1976-njy ýylda aradan çykýar.

---

[1] *Nurymow Ý.* Türkmen sazlary we sazandalary. – A.: Magaryf, 1993. sah. 59.

## TUGUR BERDINÝAZOW
**(1923–1977)**



Sazanda Tugur Berdinýazow 1923-nji ýylda Ahal welaýatynyň häzirki Abadan şäherinde dogulýar. Ýaşlykda saza ukyply bolupdyr. 1937-nji ýylda Aşgabadyň sazçylyk uçilişşesine okuwa girýär. Uçilişşede okan ýyllarynda öz ýoldaşlarynyň arasynda tapawutlanýar. Şol ýyllar Tugury meşhur bagşy Sahy Jepbarowyň ansamblyna kabul edýärler. Ansamblda işlän döwründe ol bagşy kowmaklyga has-da kämilleşýär.

1941-nji ýylda Tugur Berdinýazow Watan goragyna gidýär. 1944-nji ýylda ýarawsyzlygy sebäpli, öz Watanyna dolanyp gelýär. Soňra Mylly aganyň ansamblyna işe girýär. Bu ýerde meşhur halypadan kän sazlary öwrenýär. 1948-nji ýylyň ýertitremesinde maşgalasyndan jyda düşýär. Ömrüniň soňky ýyllarynda halypa sazanda Pürli Saryýewe şägirt bolýar. Bu beýik sazandadan hem Tugur köp-köp sazlary öwrenýär. Saz çalşylanda Tugur Berdinýazowyň bagşy kowmaklykda örän ezber sazanda bolandygyny bellemän geçmek bolmaz. Tugur Sahy Jepbarow, Kiçi Geldimyradow, Geldimämmet Orazgulyýew, Gurbandurdy Jeňow, Abdylla Amanjaýew, Nurmyrat Annaýew, Nabat Nurmuhammedowa we başga-da onlarça bagşylara ussatlyk bilen sazandarlyk edýär. Tugur Berdinýazow diňe bir Ahal bagşylaryna sazandarlyk etmän, eýsem ýurdumyzyň ähli künjeklerinden gelen bagşylara ezberlik bilen sazandarlyk edýär.

1964-nji ýylda milli saz sungatymyzyň ösmeginde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen hormatly at dakylýar.

Tugur Berdinýazow birnäçe aýdym-sazlary döredýär. Olardan «Saýra, bilbil», «GAZ-24-im» ýaly aýdymlary, «Zähmet gahrymany» diýen sazy görkezmek bolar.

Tugur Berdinýazow 1977-nji ýylda aradan çykýar.

## JEPBAR HANSÄHEDOW
## (1924–1964)



Ýaňlansa «Uçradym», «Baga gireli»,
Ýatladyp dur maňa Mylly agany.
«Şulary Jepbar jan çalanda diňläň!»
Diýerdi mukamlaň beýik bagbany.

Bu sözler müňde bir tupany ýeňen
Ak çynaryň elýetmez bir şahasy.
Türkmen dutaryna nur bolup siňen
Beýik gojaň saňa beren bahasy.

*M. Seýidow.*

Türkmenistanyň halk artisti Jepbar Hansähedow türkmen milli saz sungatynda öçmejek yz galdyran meşhur sazandalaryň biridir. Ady aýdymlarda wasp edilýän Jepbar Hansähedow 1924-nji ýylda Baharly etrabynyň Börme obasynda eneden bolýar. Jepbaryň kakasy Hansähet halk saz gurallaryny ýasamakda özüni tanadan, ady belli ussa bolupdyr. Hansähet ussanyň ýasan dutardyr gyjaklary, bäherdenli, bamyly, gyzylarbatly, garrygalaly bagşy-sazandalar tarapyndan uly höwes bilen çalnypdyr. Jepbaryň agasy Nurberdi hem dutary ussatlarça çalmagy başarypdyr. Meşhur Sary bagşy Nurberdiniň dutar çalşyny synlap, oňa uly baha beripdir. Nurberdiniň saza bolan höwesi, Jepbarda halk sazlaryna bolan söýgini oýarýar. Jepbar ýaşlygyndan bütin düýrmegi bilen saz öwrenmeklige berilýär.

Günleriň birinde Nurberdi bilen Jepbar Aşgabada gaýdýarlar. Olar öz daýysy Pürli Sarynyň öýüni gözläp tapýarlar. Öz ýegenleriniň aýdym-saza höwesekligini duýan Pürli aga olara Sahy Jepbarowyň ýanyna baryp görmegi maslahat berýär.

Jepbar Hansähet Sahy Jepbar, Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat ýaly ägirtleriň synagyndan üstünlikli geçmegi başarýar. Ony Sahy Jepbarowyň ýolbaşçylyk edýän ansamblyna kabul edýärler. Mylly aga Jepbaryň halypasy bolýar. Halypa sazanda öz şägirtlerine



6. Sargyt № 952

irginsiz zähmet çekmegi, käriňe wepaly bolmaklygy ündeýärdi. Talapkär halypa öz şägirdiniň zehinine, ýatkeşligine diýseň guwanypdyr. Günleriň birinde ol Jepbara ýüzlenip: «Berekella, oglum, biz öläýsegem, halk sazymyzy ýöretjek sen bolarsyň. Sen gysga wagtda uly sazandalaryň hataryna goşuldyň» diýip, oňa ak pata berýär.

Jepbar Hansähet türkmen halk sazlaryny ussatlarça ýerine ýetirmek bilen, olara özüçe öwüşgin bermekligi başarypdyr. Onuň ýerine ýetiren «Berkeli çokaý», «Mukamlar başy», «Saparmämmet», «Göroglynyň at oýnadyşy», «Uçradym», «Zybagözel», «Baga gireli» we başga-da ençeme mukamlary saz muşdaklaryna giňden bellidir.

Döwrümiziň ussat dutarçysy Jepbar Hansähedowyň çalyş ýoluny mynasyp dowam etdirip ýören Baýmyrat Soltanowyň bu halypa barada beren gürrüňini, söhbetdeşligimizi hödürleýärin:

«Men dutar çalmagy agam Nurmyratdan öwrendim. Ol hem Jepbar Hansähediň saz çalyş hörpünde çalýardy. Men hem agamdan täsirlenip, Jepbaryň ugrundan çalmagy gowy gördüm. Men Jepbar Hansähediň saz çalşyny birküç gezek görüp, diňläpdim. Dogrusy, ol wagtlar sazandanyň saz çalyş ussatlygyna doly göz ýetirip bilmeýärdim. Ýöne, ýadymda galan zat, Jepbar Hansähet saz çalanda, dutar owazlanyp, labyzly ýaňlanýardy. Göräýmäge, arkaýyn oturan ýaly bolsa-da, örän hüşgärlik bilen owazy yzarlap çalardy. Käte-de dutaryň kädisi bilen sapynyň birleşýän ýerine – kädiniň aşak tarapyna kakuw kakýan eliniň aýasyny goýup saklardy, gerek owazyny alyp, sazy dowam etdirerdi. Ýeri gelende aýtsak, agam Nurmyrat goşgy ýazardy. Başgy-sazandalara bagyşlap ýazanlary hem bardy. «Jepbar» goşgusyny ezber ussat dutarçy Jepbar Hansähede bagyşlap ýazdy:

Ezberligiňe söz saýlasam şireli,
Sözüm ýele sowrar «Baga gireli».
Baba Gammar, Aşyk Aýdyň pirleri,
Pirlerden pataly, dessurly Jepbar –

diýip başlanýan goşgusyna halk sazlaryndan täzeden işläp, aýdym döretdi. «Jepbar» diýen goşgusynda «Dutardan ses alşy müň syrly Jepbar» diýip taryplanýan Jepbar Hansähedowyň saz çalyş usuly, dogrudan hem, üýtgeşik. Onuň dutarynyň owazy ýakymly duýulýar.

Onsoňam ol çalan sazynyň köpüsine üýtgeşiklik girizip bilýän sazandalardan.

Dutar sazlarynyň hemmesi hem kyn welin, okuwçylara öwretmäge aňsadrak hasaplanýan «Goňurbaş mukamy» sazyna Jepbar Hansähedowyň goşan goşandy örän täsindir. Şonda edilýän edim-gylymlar, ýagny, göräýmäge boş kakuw edilýän ýaly duýulýan ýerlerde hem Jepbar orta barmagyny kirşe basman, ýüzünden sypalap bökdürip owaz alýar. Ýa-da «Ussadym» sazynyň iň soňky gutarýan bölüminiň iň soňky nagyşlary diňe Jepbar Hansähedowyň çalyş usulyna mahsusdyr. «Şirin-Şeker» sazyny başlanda Jepbar Hansähedowyň öz basyp başlaýan perdesi bar. Ýeke bir o ýeri hem däl, dutaryň 12–13 (hatda 14–15...) perdelerindäki owazlary aýratyn nygtap alýar. Perdelerden elini goýberip, boş kakuw edende hem diňe Jepbar Hansähedowyň çalyş usulyna mahsus boş kakuw beriş äheňi bar. «Baga gireli» sazyndaky owazlary dolulygyna almak ussat sazandalaryň hem köpüsine başartjak zat däl öýdýän. «Biçäre» sazyny hem Jepbar Hansähedow çalanda, dutar üýtgeşik owaza gaplanýar (ýogsam, ol saz öwrenjeleriň sazy ýaly hem). Haýsy saz bolsa bolsun (olaryň gysga, uzak çalnyşy hem bolýar), Jepbar Hansähedow şol sazyň şowhunly çalnyşyny saýlap, özüçe bişirýär. «Hajygolak», «Berkeli çokaý», «Goňurbaş mukamy» sazynyň gysga çalnyşyny çalsa-da, olara özboluşly öwüşgin berip, labyzly çalýar welin, beýleki uzak görnüşdäkilerden peslär ýaly däl.

Jepbar Hansähedowyň çalan sazlaryny diňläniňde, onuň ussatlyk basgançaklarynyň ýokary derejesine ýeten halypalaryň biridigine göz ýetirýärsiň. Onuň haýsy bir çalan sazyny diňläp görseňem, aýdara zat kän. Ýöne ýokarda bellänlerimiz hem onuň tapylgysyz ussatlygyna güwä geçýär.

Türkmen halk sazlaryny taraşlap, inçe duýgulary bilen şu günlere ýetiren Mylly aga, Pürli aga, Çary aga, Jepbar aga – 4 sütün halypalaryň ýoly dowam edilip gelinýär.

Käte halypa sazandalaryň öz ýykgyn edýän ugrundan beýleki ýoldan hem «Be, şu sazy oňaryp çaldy-aýt» diýdirýänlere hem gabat gelinýär. Mysal üçin, Çary aganyň Mary ýolundan çalan «Ýusup owgan», Ýolaman Nurymowyň Mylly aganyň ugruna täsirlenip,

özüçe çalýan «Nagyş», «Ýigitlik çagy», Oraz Annanepesowyň Jepbar Hansähedowyň çalşyna täsirlenip, özüçe çalýan «Saparmämmet» diýen sazlaryny ýatlamak bolar.

Jepbar Hansähedow diňe bir ussat ýerine ýetiriji bolmak bilen çäklenmän, birnäçe aýdym-saz döredendigini hem aýtman geçmek bolmaz. Halypa sazandanyň «Unutman», «Pagtaçy gyz» diýen bu aýdym-sazlary professional sazandalaryň repertuaryny bezäp gelýär. «Unutman» diýen sazy ol halypasy M.Täçmyradowa bagyşlapdyr».

Halypa sazanda Jepbar Hansähedow 1964-nji ýylda aradan çykýar.

1993-nji ýylda merhum Jepbar Hansähedowa türkmen milli saz sungatymyzy ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

## ANNANYÝAZ ÖWEZOW
**(1926–1987)**



Annanyýaz Öwezow 1926-njy ýylda Aşgabadyň Garadamak obasynda dogulýar. Annanyýazyň özünden uly doganyna Sähetguly diýýärdiler. Ol öz döwründe gyjak çalar eken.

1944-nji ýylda Mylly aganyň ansamblyna gelip, beýik halypa şägirt bolýar. Annanyýaz Öwezow, Ýagmyr Nurgeldiýew, Aýmämmet Aşyrow, Tugur Berdinýazow, Hudaýberdi Durdyýew, Saparguly Işangulyýew ýaly sazandalar bilen bile Mylly agadan tälim alýarlar. Mylly agadan öwrenen sazlary, öwüt-ündewleri bütin ömrüne sapak bolupdy. Bir gün halypa öz şägirtlerine ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Siz köpüň adamy bolup ýetişdiňiz. Bäş sazy çalsaňyz hem adamkärçiligiňize zeper ýetirmesin. Mertebäňiz belende galdygyça, päliňiz pes bolsun...

Annanyýaz Öwezow ömrüniň ahyryna çenli Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary ansamblynda sazanda bolup işleýär. Annanyýaz Öwezow öz dutary bilen ülkämiziň ähli ýerinde, öňki Soýuzyň ençeme şäherlerinde, daşary ýurtlaryň käbirinde bolup, türkmen mukamyny äleme ýaňlandyrýar. Ol 1957-nji ýylda ýaşlaryň we talyplaryň Moskwada geçirilen VI Bütindünýä festiwalyna-da gatnaşýar. Annanyýaz Öwezow birnäçe aýdym-sazlary döretmek bilen, saz söýüjilere giňden bellidir. Onuň döreden «Parahatlyk mukamy», «Ýalkym», «Salam, dostlar», «Dostluk», «Ýatlama», «Oktýabryň ýalkymy», «Säher çagynda» ýaly sazlary häli-şindi sazandalaryň repertuarlarynda ýaňlanyp dur. Öz halypasy Mylly Täçmyradowyň doglan gününiň 100 ýyllygyna bagyşlap, «Ussadyma» diýen sazy döredýär.

Annanyýaz Öwezow birnäçe zehinli şägirtleri terbiýeläp ýetişdiren sazanda. Olardan: Annamämmet Annamämmedow, Çarymuhammet Şammyýew, Atanyýaz Atanyýazow, Annamuhammet Orazmuhammedow ýalylary görkezmek bolar.

Annanyýaz Öwezow 1987-nji ýylda aradan çykýar.

## SAPAR MÄMIÝEW
**(1926–1989)**



Dutarda nota bilen saz çalmak hakynda pikir edeniňde, ilki bilen ussat sazanda Sapar Mämiýew ýadyňa düşýär. Munuň hakykatdan hem şeýledigine Sapar Mäminiň sungat äleminde bitiren uly hyzmatlaryna, onuň manyly geçen durmuş ýoluna ser salanyňda, aýdyň göz ýetirýärsiň. Sapar Mämiýew dutarda ýekelikde fortepianonyň ýa-da orkestriň ýanynda sazandarlyk eden ilkinji sazandadyr. Geliň, indi Sapar Mämiýewiň durmuş we döredijilik ýoluna ser salalyň.

Sapar Mämiýew 1926-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda sazanda Mämi aganyň maşgalasynda dünýä inýär. Ýaşajyk Saparyň aýdym-saza bolan höwesiniň döremegine kakasy Mämi aga öz täsirini ýetirýär. Onuň dutarda çalýan heňlerinden Saparjygyň gulagy mazaly ganýar. Sapar ulaldygyça, bar ünsi aýdym-saza gönügýär.

1938-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynda açylan birleşen dutarçylar ansambly 1940-njy ýylda Saparlaryň obasynda konsert bilen çykyş etmäge barýar. Bu ansambla şol wagtlar meşhur bagşy Sahy Jepbarow ýolbaşçylyk edýärdi.

Konsert gutarandan soň, ýaşajyk Sapar, Sahy aganyň ýanyna baryp, öz arzuw-hyýallaryny beýan edýär. Sahy Jepbarow ýaşajyk Saparyň saz ukybyny barlap görýär, oňa dutarda saz çaldyryp görýär. Sahy Jepbarow bu ýaşajyk sazandanyň aýdym-saza bolan höwesiniň ýürekdendigine bada-bat göz ýetirýär hem-de eger islese, Sapary ýany bilen Aşgabada, ansambla alyp gitjekdigini aýdýar. Ussadyň şeýle hoş habaryna garaşmadyk Saparjyk ganat baglap uçýar. Ol neneň uçmasyn, onuň bu gün ýürek arzuwy hasyl boldy ahbetin. Şeýlelikde, 1940-njy ýylda Sapar Mämiýew filarmoniýanyň dutarçylar ansamblynda sazanda bolup işe başlaýar.

Sapar ansambla gelip, ussat sazandalar Pürli Saryýew, Geldi Ugurlyýew, Çary Täçmämmedow dagy bilen tanyş bolýar. Olaryň ýerine ýetirijilik ussatlyklary bilen içgin gyzyklanýar. Olardan öwrenýär. Şeýdip, öz ýerine ýetirijilik ussatlygyny artdyrýar, baýlaşdyrýar.

1941-nji ýylda filarmoniýada türkmen halk saz gurallary orkestri açylýar. Orkestre G. M. Arakelýan ýolbaşçylyk edýär. Sapar hem şol orkestre işe geçýär. Bu orkestrde Sapar ilkinji gezek nota sowady bilen tanyşýar. Halk sazlaryny nota geçirip ýazmak, olary orkestre geçirmek ýaly döredijilik usullaryny öwrenýär.

Täze döredilen orkestriň repertuaryny kämilleşdirmek boýunça Türkmenistanyň kompozitorlary uly işleri edýärler. Şol döwürde Aşyr Kulyýewiň «Dostlar marşy», «Gülle, tans», täzeden işlenilen «Tüni derýa», «Dön, göwnüm», G. M. Arakelýanyň täzeden işlän «Ýylgaýlar», «Nätilär», Täçmämmet Suhangulyýewiň «Bag içinde» diýen

sazlary orkestriň repertuaryny baýlaşdyrýar. Sapar Mämiýew kompozitor Gurban Kulyýew bilen bilelikde halk sazlarynyň birnäçesini orkestr üçin täzeden işleýär. Şeýle hem üç bölümden ybarat «Kolhoz sýuitasyny» ýazýar.

1955-nji ýylda Sapar Mämiýew birinji derejeli konsertmeýsterligi alýar. Ol indi, orkestre dutarda solist bolup, öz döreden hem-de beýleki täzeden işlenilen sazlary ussatlyk bilen ýerine ýetirip başlaýar.

1962-nji ýylda sazanda Sapar Mämiýewiň teklibi bilen Türkmenistan Ylymlar Akademiýasynyň ylmy işgäri A. P. Bakaldiniň hemaýat etmegi netijesinde, elektrodutar oýlanylyp tapylýar. Elektrodutaryň oýlanyp tapylmagy Sapar Mämiýewiň has-da döredijiligini giňeldýär, ýerine ýetirijilik ussatlygynyň artmagyna uly ýardam edýär.

Indi onuň elektrodutarda ýerine ýetirýän sazlarynyň giň tomaşaçylara edýän täsiri barha artyp başlaýar. Ol Gurban Kulyýew bilen bilelikde ýörite elektrodutar üçin ençeme halk sazlaryny täzeden işleýär. Olardan «Keçpelek», «Şadilli», «Karar oldum», «Şirin-şeker», «Öwezim», «Selbinýaz», «Aýa meňzär» ýaly sazlary görkezmek bolar.

1965-nji ýylda Gurban Kulyýew bilen bilelikde beýik Magtymguly Pyragynyň 225 ýyllygyna bagyşlap, «Türkmen temalaryna fantaziýasyny», Mollanepesiň doglan gününiň 150 ýyllygyna bagyşlap «Baýramçylyk konsertini» döredýärler. Bu ajaýyp sazlar türkmen saz sungatynda uly waka bolup, sazandalaryň repertuaryndan häli-häzire çenli düşmän gelýär. Ajaýyp sazandanyň ýokary professional derejä ýetmeginde meşhur pianinoçy, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Wladimir Sapeginiň hyzmatlary örän uludyr. Sapar Mämiýew bu ussat sazanda bilen örän köp ýyllar döredijilik aragatnaşygynda bolýar. Wladimir Sapeginiň akkomponiatorlyk etmeginde Sapar Mämiýew güneşli ülkämiziň dürli künjeklerinde, türkmen telewideniýesinde ýatdan çykmajak täsirli konsertler bilen çykyş edýär.

Sapar Mämiýewiň ussatlygynyň ykrar edilendigi türkmen professional kompozitorlarynyň onuň repertuary üçin ýörite saz ýazmaklary muňa doly güwä geçip biler. Weli Ahmedow «Balsaýat», Aman

Agajykow «Durdy bagşy», «Çoh derde goýan ýarym», «Türkmen äheňleri» ýaly sazlary täzeden işlediler. Bu sazlar ussat Sapar Mämiýewiň ýerine ýetirmeginde türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar.[1]

Sapar Mämiýew diňe bir elektrodutarda ýekelikde ýa-da orkestriň ýanynda saz çalmak bilen çäklenmän, eýsem ençeme ussat aýdymçylaryň, ýagny, Gurban Gummanowyň, Gurbansoltan Nurýagdyýewanyň, Medeniýet Şahberdiýewanyň we beýlekileriň ýanynda ussatlarça sazandarlyk hem etdi. Onuň adaty dutarda ussatlarça çalan «Goňurbaş mukamy», «Gökdepe mukamy», «Bike halan», «Söýli halan», «Durdy bagşy», «Tüni derýa», «Mukamlar başy» ýaly halk sazlary mehaniki ýazga geçirilip, radionyň altyn hazynasynda saklanylýar.

Özboluşly zehinli sazanda Sapar Mämiýewiň sungatyna, onuň ýerine ýetiren şirin sazlaryna Kanada, Wengriýa, Siriýa, Liwan, Alžir, Finlýandiýa, Ýemen, Fransiýa döwletlerinde şowhunly el çarpdylar. Şeýlelikde, ol milli saz sungatymyzy dünýä ýüzüne tanatmakda uly işler bitirdi. Onuň bu asylly zähmetine Türkmenistan hökümeti tarapyndan ýokary baha berildi.

1967-nji ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy. «Hormat nyşany» ordeni bilen, Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň hormat hatlary bilen sylaglanyldy.

Ussat sazanda Sapar Mämiýew 1989-njy ýylda Aşgabatda aradan çykýar.

Sapar Mämiýewiň milli saz sungatymyzy ösdürmekde goýan baý saz mirasy sazçylyk okuw jaýlarynyň talyplaryna, saz söýüjiler köpçüligine nusga bolup hyzmat edýär.

---

[1] *Sapar Mämiýew* «Mukamlar akabasy». Aşgabat, 2001 ý. sah. 8–9.

## ŞAMYRAT GURBANNEPESOW
**(1927–1948)**



Eý, sen, ajap dutar, eý, şirin mukam,
Oýarýarsyň meni hoş owaz bilen.
Her gün şeýdip, biziň bu ene mekan
Garşylaýar dogýan Güni saz bilen.

Ylham berýän çeper senetkärlere,
Eý, mylaýym, eý, siz, mahmal gijeler.
Siziň bilen ýalňyz galyp Şamyrat
Gürleşendir mahal-mahal gijeler.

*M. Seýidow*

Şamyrat Gurbannepesow 1927-nji ýylyň güýz aýlary Baharly topragynyň gadymy Durun obasynda dünýä inýär. Şamyradyň kakasy Gurbannepes daýhançylyk bilen meşgul bolupdyr. Bu sada daýhanyň hem-de onuň ýanýoldaşy, Ýarajy gyzy Ogulşekeriň Durdy, Oraz, Şaguly, Şamyrat diýen ogullary, Amangözel, Aýbike diýen gyzlary bolýar. Her çaganyň öz mähri, ýyldyzy bolýar. Ýaşajyk Şamyrat bolsa ýaşlygyndan ata-enä, il-güne mähri bilen tapawutlanýar. Ol örän düşbi hem-de aňlydy. Şamyradyň agasy Şagulynyň dutary bardy. Onuň saz-dan başy çykýardy. Atly sazanda bolmasa-da, onuň dutara höwesi, saza yhlasy oňatdy. Ol öz gazma dutaryny gowy görerdi. Ýaşajyk Şamyrat agasynyň saz çalşyna syn edip, ony ünsli diňleýärdi. Ogrynça Şagulynyň ýok wagty dutary eline alyp, saz çalmaga-da synanyşardy. Ol soňabaka dutary eline almagyny has-da ýygjamlaşdyryp başlapdy. Bir gün bolsa Şaguly öz dutaryny inisi Şamyradyň alanyny görüp, oňa käýindi. Şeýle käýinmeler soňra köp gezek gaýtalanypdy. Şamyrat bolsa her gezek kakasyna arz ederdi.

Bir gezegem kiçijik Şamyrat öz gören düýşüni kakasyna aýtdy.

– Men agşam ýatyrkam, düýşümde bir ýaşuly meniň elime gazma dutar berdi. Men dutary elime alyp, ukudan oýanypdyryn – diýip, ol jogaba garaşýan ýaly sözüne dyngy berdi.

Düýşüň aňyrsynda bir zatlary syzan Gurbannepes aga oglunyň arkasyny sypalady-da:

– Sen, oglum, gowy düýş görüpsiň. Men saňa özbaşyňa bir gazma dutar alyp bererin – diýýär.

Şondan soň Gurbannepes aga sözünde hem tapylýar. Ol uzaklaşdyrman ogluna dutar äberýär. Gökdepeli meşhur Mämmetmyrat ussanyň ýasan dutary ýaşajyk Şamyrada diýseň ýarapdyr.

Ýaşajyk Şamyrat saza diýseň üns berýärdi. Eşiden sazlaryny ünsli diňläp, adygan sazandalaryň edenini etmäge çalşardy. Dura-bara saz äleminde taplanan Şamyrada, oba adamlary toýda-tomguda saz çaldyryp başlapdylar. Şamyradyň saz älemindäki abraýy barha artyp başlaýar. Onuň saz çalşyny bir diňlänler, ýene diňlemegiň arzuwynda gezerdi.

Gurbannepes agany Şamyradyň şeýle ýiti zehini gyzyklandyrýardy. Ol günleriň birinde Şamyrady yzyna tirkäp, Aşgabada gaýdýar. Bu waka 1936-njy ýylda bolupdy. Türkmen döwlet filarmoniýasynyň çeper ýolbaşçysy meşhur bagşy Sahy Jepbarow halypa sazandalar Täçmämmet Suhangulyýew, Pürli Saryýew dagy Şamyratjyga saz çaldyryp görýärler. Olar ýaşajyk Şamyradyň «Leýli gelin», «Haraýym döndi», «Garybym» diýen sazlary çalşyna haýran galyp syn edýärler. Bu synagdan soň, 9 ýaşly Şamyrat Türkmen döwlet filarmoniýasyna işe alynýar. Şeýlelikde, Şamyradyň saz älemindäki ýoly başlanýar. Şol ýyl kakasy Gurbannepes aga oňa ýene-de bir täze gazma dutar ýasadýar. Bu dutary döwrüniň atly dutar ussasy bolan, Aşgabatda teke bazarynyň golaýynda ýaşaýan Pürli Gurçuk diýen ussa ýasap beripdir.

Ýaşajyk Şamyrat filarmoniýada aýdym-sazyň sütünleri bolan köp-köp halypalar bilen tanyşýar, iş salyşýar. Ýaş, ýiti zehin köpleri haýran galdyrýar. Pürli aga her gezek Şamyrat saz çalanda:

– Şamyrat meniň çalan sazlarymy çalýar. Ýöne meniň edenimi edenok. Onuň artykmaç edip çalýan ýerleri hem bar. Ol «Näler göründi» diýen sazy çalanda, men muňa haýran galýaryn – diýer eken.

Sazanda Ýagdy Mämmetliýew bilen Şamyrat Pürli aganyň uly umyt bildirýän sazandalary bolupdyr. Ýagdy Mämmetliýew Şamyrady özüne halypa saýypdyr.

Şol döwürde Aşgabatda «Daýhanlaryň öýi» diýen bir jaý bardy. Filarmoniýa hem şol jaýda ýerleşerdi. Şamyrat Gurbannepesow ömrüniň ahyrky günlerine çenli filarmoniýada işleýär. Aşgabatda bolan

1948-nji ýylyň tebigy betbagtçylygy ýaňy ösüp barýan tebigy zehiniň, uly sazandanyň ömür tanapyny kesdi. Süýji ukuda ýatan Şamyratdyr gelni Tuwakgül Satlykgylyjowa, ogly Şyhmyrat, gyzy Annagül hem bu elhenç belanyň pidasy bolýar. Şamyrat şol wagt bary-ýogy 21 ýaşyndady.

Şamyrat özüniň şeýle gysga ömrüniň içinde «Gurultaý», «Höwesim», «Ýubileý» ýaly ajaýyp sazlary türkmen halkyna miras goýup gitdi. Birnäçe türkmen sazlaryny nota ýazgysyna geçirdi.

1947-nji ýylda Moskwa şäheriniň döredileniniň 800 ýyllygy bellenilýär. Şol uly dabara Türkmenistandan ýeke-täk Şamyrat Gurbannepesow gatnaşýar. Şol ýylyň özünde Şamyrat filarmoniýanyň Halk saz gurallary ansamblyna ýolbaşçy edilip bellenilýär. Kompozitorlar birleşiginiň agzalygyna kabul edilýär. Ol ýogalanda, Aşgabatdaky sazçylyk uçilişşesiniň ahyrky kursunda okaýar eken. Şamyradyň türkmen saz sungatyna aralaşmagy onuň maşgala durmuşy bilen hem baglanyşyklydy. Onuň gelni Tuwakgül Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet opera we balet teatrynyň zehinli artistkasydy.

Agasy Şaguly aga Şamyrat hakynda şeýle ýatlaýar: «Meniň inim saz sungatyna düýrmegi bilen berlendi. Onda, näme-de bolsa, tebigatyň bir gudraty bar ýalydy. Arman, ömri gysga eken. Ol hemişe saz bilendi. Filarmoniýa gelenden soň, ol köp halypalary gördi, özi-de halypalyga ýetişdi. Sahy Jepbar, Çary Ödekow, Annageldi Jülgäýew, Ýagdy Mämmetliýew, Nurjemal Adyýewa, Han Akyýew dagy öýe, Şamyradyň ýanyna köp gelerdiler. Mary tarapdan-da Şamyratdan tälim alanlar köpdi. Şamyradyň 1936-njy ýyldaky ýasalan, ömrüniň ahyryna çenli elinde bolan gazma dutary mendedi. Durdy diýen agamyzyň agtygy boldy. Oňa Şamyradyň adyny dakdylar. Şol dutary ýaşajyk Şamyrada berdim. Belkem, yzyny alyp göteräýedi-dä!».[1]

– Şamyrat daýym kiçi göwünlidi. Uly bilen uly ýaly, kiçi bilen kiçi ýaly gürleşerdi. Bir gezek daýym Sahy Jepbar dagy bilen 3–4 adam bolup öýe bardy. Biz ol wagt Arçmanda ýaşaýardyk. Soň biz olary 2–3 eşekli bolup, Nohura eltip gaýtdyk. Olar şol ýere konsert bermäge barýan ekenler. Olar nirä barsalar-da, ilat tarapyndan mähir-

[1] *Mergenow M.* «Goşa tara dil bitiren» // Edebiýat we sungat. – 1994, 8 aprel. sah. 4.

li garşy alynýardy – diýip, ýegeni Amanmyrat daýysy Şamyradyň adamkärçiligini ýatlaýar.

Şamyradyň dogduk obasy Durun obasynyň iň gözel köçeleriniň birine onuň ady dakyldy. Zehinli, ezber sazanda Ş.Gurbannepesow 1948-nji ýylyň aýylganç ýertitremesinde biwagt aradan çykdy. Biziň günlerimizde türkmen saz sungatynyň uly sütünleriniň sarpasy belent tutulýar. 1993-nji ýylda Şamyrat Gurbannepesowyň (merhum) sungatyna uly baha berlip, oňa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

## SOLTANMYRAT JYGAÝEW
**(1928–1980)**



Soltanmyrat Jygaýew 1928-nji ýylda Aşgabat şäherinde eneden bolýar. Soltanmyradyň atasyna Jyga han diýer ekenler. Jyga hanyň çagasy durmandyr. Ol ýigriminji asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrynda Gökdepeden Aşgabada, köne Budýonnyý diýen ýere, «toklular» tiresiniň arasyna göçüp gelýär. Şol ýerde hem onuň ogly bolýar. Adyna Toklydurdy dakýarlar. Toklydurdynyň ogly bolsa Soltanmyratdyr. Soltanmyrat ýaşlykda enesi bilen ýetim galýar. Soltanmyrat ýaşlyk ýyllary köp kynçylyklar görýär. Ýaşlykda dutar çalmaklygy öwrenýär.

Türkmenistanyň halk artisti, ussat gyjakçy Ata Ablyýewiň aýtmagyna görä, Mylly Täçmyradow bilen Soltanmyradyň atasy Jyga aga dogan bolupdyr. Jyga aga bagşy kowan sazanda bolupdyr. Ol Gyzylarbat topragyna damana bagşyçylyk ýoluny ýaýradan meşhur Durdy bagşynyň şägirdi Ablyesen bagşa sazandarlyk edipdir.[1]

1944-nji ýylda Mylly aganyň ansamblyna işe gelýär. Mylly agadan halk sazlarynyň inçe syrlaryny irginsiz öwrenýär. Soltanmyrat ansamblda ençeme bagşy-sazandalar bilen ýakyn aragatnaşykda bolýar.

[1] Bu maglumatlar ussat halypa gyjakçy Ata Ablyýew bilen bolan söhbetdeşlikde bellige alyndy. 17.06.1993 ý.

1952-nji ýylda Mylly Täçmyradow adyndaky türkmen döwlet filarmoniýasyna işe gelýär. Bu ýerde ömrüniň ahyryna çenli dutarçy bolup işleýär. Filarmoniýada orkestrde işlemek bilen, nota sowadyndan oňat baş çykarypdyr. Soltanmyrat Jygaýew birnäçe döwletlerde gastrolda bolýar.

1972-nji ýylda Mongoliýada, 1976-njy ýylda Bolgariýada bolýar. 1955-nji ýylda Moskwada geçirilen Türkmenistanyň sungatynyň ongünlügine, 1957-nji ýylda Moskwada geçirilen ýaşlaryň we talyplaryň Bütindünýä festiwalyna gatnaşýar.

Soltanmyrat Jygaýew öz halypasy Mylly aga bagyşlap «Ýatlama» diýen sazyny döredýär. Ol diňe ökde sazanda bolmak bilen çäklenmän, eýsem ökde dutar ussasy hem bolan. Onuň ýasan dutarlary sazandalaryň arasynda giňden bellidir.

Soltanmyrat Jygaýewiň saz sungatynda bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, 1957-nji ýylda Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň «Döredijilik üstünligi üçin» diýen nyşany bilen, 1958-nji ýylda Profsoýuzlaryň medeniýet işgärleriniň Merkezi komitetiniň, Sowet Armiýasynyň we Harby-deňiz flotunyň Baş syýasy uprawleniýesiniň hormat hatlary bilen, SSSR Medeniýet ministrliginiň hormat haty bilen sylaglanylýar.

Soltanmyrat Jygaýew 1980-nji ýylyň dekabr aýynda Aşgabatda aradan çykýar.

## ÝAGDY MÄMMETLIÝEW
**(1930–1983)**



Asyrlar boýy dowam edip gelen türkmen halk saz sungatynyň ösmegine we biziň günlerimize gelip ýetmegine öz saldamly goşandyny goşanlaryň biri hem, ussat dutarçy Ýagdy Mämmetliýewdir.

Ol ýaşan ömründe hoşgylaw adamkärçiligi, ezber sazandalygy bilen halkymyza özüni tanatdy.

Ýagdy Mämmetliýew 1930-njy ýylyň 24-nji fewralynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Ol Aşgabatda türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrinde dutarçy bolup işleýär. Ol öz halypasy Şamyrat Gurbannepesowdan türkmen halk sazlarynyň ençemesini öwrenip, ussat sazanda bolup ýetişýär. Ol diňe bir gadymdan gelýän mirasymyz hasaplanýan mukamlarymyzy, halk sazlarymyzy ýokary ussatlyk derejesinde ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem orkestrde nota boýunça çalynýan sazlary hem ýokary professional derejede ýerine ýetiripdir.

Ýagdy Mämmetliýew 1950-nji ýylda ylmy, medeniýeti hem-de sungaty ösdürmekde gazanylan üstünlikler mynasybetli «Hormat haty» bilen sylaglanýar. 1955-nji ýylda Moskwa şäherinde geçirilen Türkmen sungatynyň we edebiýatynyň ongünlüginde Ý. Mämmetliýew «Döredijilik üstünligi üçin» diýen nyşan bilen sylaglanýar. Ýagdy Mämmetliýewiň türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanylýan «Meşrep», «Amman-amman», «Şelepli durna» ýaly türkmen halk sazlaryny diňläniňde, öz halypasy Şamyrat Gurbannepesowyň ýerine ýetirijilik usulyna meňzeşligi mese-mälim duýulýar diýip, Türkmenistanyň halk artisti, ussat halypa gyjakçy Annageldi Jülgäýew gürrüň berýär. 1957-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda Ýaşlaryň we talyplaryň Bütindünýä V festiwalynda Türkmenistan SSR-niň Çeperçilik wekilleriniň üstünlikli çykyş edendigi üçin Ýagdy Mämmetliýew Hormat haty bilen sylaglanýar.

1957-nji ýylyň 21-nji maýynda Türkmenistan ýaşlarynyň festiwalynyň guramaçylyk komiteti tarapyndan Ýagdy Mämmetliýewe festiwalyň laureaty ady dakylýar we Birinji derejeli diplom bilen sylaglanýar. Ýagdy Mämmetliýew 1983-nji ýylyň 30-njy iýunynda aradan çykýar.

# ÝAGMYR NURGELDIÝEW
**(1931–1993)**



Jadymyň,
Gudratmyň, dutar owazy?!
Oýardyň ir säher suýji ukudan!
Sen durmuş owazy, ömrümiň ýazy,
On iki süňňüm çagşap gitdi jadydan.

Galanda gaýrata, girende güýje,
«Nagyş» öwşün atdy, boýag gazanda.
«Gyzyl börük» döndi altyndan täje,
Elleriňe güller bitsin, Ýagmyr sazanda!

*I. Pudakow*

Asyrlar boýy dowam edip gelen türkmen milli saz sungatynyň ösmegine, baýlaşmagyna öz goşandyny goşanlaryň biri Türkmenistanyň halk artisti, mukamçy-kompozitor Ýagmyr Nurgeldiýewdir.

Ol öz ýaşan döwründe dünýä inderen ençeme aýdym-sazlary, belent mertebeli adamkärçiligi, ussat sazandalygy bilen giň halk köpçüligine özüni tanatdy.

Ýagmyr Nurgeldiýew 1931-nji ýylda Aşgabat etrabynyň Garadamak obasynda, sazanda maşgalasynda dünýä inýär. Ýagmyryň kakasy Nurgeldi Paşşy Türkmen döwlet filarmoniýasynda dutarçy bolup işleýär. 1940-njy ýylda Nurgeldi Beýik Watançylyk urşuna gidýär we şol ýerde-de wepat bolýar.

Ýagmyrda aýdym-saza bolan höwes ýaşlykdan, ýagny, sazanda kakasynyň täsiri bilen döreýär. Ol dutar bilen bile ýatyp, bile turýar. Olaryň goňşusy bolup ýaşan meşhur sazanda Mylly Täçmyradowyň hem Ýagmyra täsiri, uly kömegi ýetipdir.

Mylly Täçmyradow, öz ýolbaşçylyk edýän halk saz gurallary ansamblyna Ýagmyry işe kabul edýär. Ol Ýagmyrda aýdym-saza bolan uly höwesi duýýar we onuň sazanda bolup ýetişmegine uly kömek edýär. Şeýlelik bilen, Ýagmyra ýüreginde beslän arzuwyny durmuşa geçirmäge ýol açylýar. Zamanamyzyň Babagammary, meşhur sa-

zanda Mylly Täçmyradowyň halypalyk etmeginde, köp ýyllaryň dowamynda erjellik bilen çekilen azaplaryň netijesinde, ol ilhalar sazandalyga ýetişýär. Ýagmyr ýeke bir sazanda bolmaklyk bilen çäklenmeýär. Ol öz ömründe dürli ýollardan aýdýan bagşylara ökdelik bilen sazandarlyk edýär. Şonuň üçin hem Ahal bagşylary bolsun, salyr-saryk, ýomut-gökleň, damana, ärsary ýollaryndan aýdýan bagşylar bolsun, tapawudy ýok, köplenç halatda Ýagmyr Nurgeldiýewi iň jogapkärli çykyşlarda özlerine sazanda edip alar ekenler.

Bagşa sazandarlyk edende Ýagmyr, bir tarapdan, dutarynyň owazy bilen, öz hereketleri bilen artistlerçe bagşylaryň göwnüni götermegi başarsa, beýleki tarapdan degişmeli gürrüňleri bilen diňleýjileri güldürip, göwnüni götermegi başarýardy. Bagşa sazandarlyk etmek özboluşly sungat hasap edilýär. Ýagmyr Nurgeldiýew bu ugurda kämilligiň ýokary derejesine ýeten ussatdyr. Meşhur Sahy bagşynyň birnäçe ýyllap Ýagmyra ýanynda sazandarlyk etdirmegi, ynanmagy aýdylanlaryň hakykatdan daşlaşmaýandygyny subut edýär.

Ý. Nurgeldiýew öz halypasy Mylly Täçmyradowyň sungat ýoluny dowam etdirenleriň biridir. Ol diňe sazanda bolmaklyk, bagşa sazandarlyk etmek bilen çäklenmän, mukamçy-kompozitor hökmünde hem özüni tanatdy. Onuň şahyr O. Gurbanowyň sözlerine döreden «Kanalym meniň», M. Annaýewiň «Ýakmasana, gyz», M. Myşşyýewiň sözlerine «Aý dogan çagy», «Sözlerim», Nurgözel Gozlyýewanyň sözlerine «Sizden geçip bilmedim» ýaly aýdymlary ýa-da «Söýgülim», «Arzuwym», «Owazym», «Gahryman çopan», «Şadyýan ülkäm», «Gutlag mukamy», «Şadyýan çagalar», «Halypama» (M. Täçmyradowa bagyşlanýar), «Pyragy» diýen sazlary we başga-da birnäçe halk aýdymlaryndan işläp, dünýä inderen sazlary, türkmen aýdym-saz sungatynyň baýlaşmagyna uly goşant bolup hyzmat edýär.

Ýagmyr Nurgeldiýewiň döreden aýdymlary we sazlary Ç. Täçmämmedow adyndaky halk saz gurallary ansamblynyň bagşy-sazandalarynyň, Türkmen milli konserwatoriýasynyň, sazçylyk uçilişşeleriniň, mekdepleriň, çeper höwesjeňleriň repertuarlaryny bezeýär,

ýörite okuw programmalaryna girýär. Türkmeniň milli saz sungatyny wagyz etmekde, ony baýlaşdyrmakda bitiren hyzmatlaryny göz öňünde tutup, 1972-nji ýylda Ýagmyr Nurgeldiýewe «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Ol 1970–1977-nji ýyllar aralygynda Aşgabadyň D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesinde dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk etdi, ýaşlara tälim berdi, birnäçe sazlary öwretdi. N. Meredow, O. Gabyşow, D. Gazakow, B. Hojanepesow, Ç. Jumaýew, D. Annaýew, O. Annanepesow ýaly başga-da birnäçe sazandalar şol ansambla gatnaşyp, Ýagmyr Nurgeldiýewiň elinden birnäçe sazlary öwrendiler.

Ý. Nurgeldiýew öz zähmet ýoluny Türkmenistan radiosynyň halk saz gurallary ansamblynyň hatarynda başlamak bilen, M. Täçmyradow, P. Saryýew, Ç. Täçmämmedow ýaly sungat ägirtleri bilen işleýär we olardan köp sazlary öwrenýär. Ýyllaryň geçmegi bilen ussatlyga ýetişýär.

1981-nji ýylda «Radio-telewideniýäniň otliçnigi» diýen medal bilen sylaglanýar. Ol 1989–1991-nji ýyllarda türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň Çary Täçmämmedow adyndaky halk saz gurallary ansamblyna ýolbaşçylyk edýär. Milli saz sungatymyzy ösdürmekde bitiren hyzmatlaryny göz öňünde tutup, 1990-njy ýylda Ýagmyr Nurgeldiýewe «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakylýar. Ýagmyr aga hormatly dynç alşa çykýar. Ýöne, ol baý tejribesini ýaşlara öwretmekligini dowam etdirýär. Ussat sazanda Ýagmyr Nurgeldiýewi talyplara ýörite tälim bermek üçin Türkmen milli konserwatoriýasyna işe çagyrýarlar.

Ýagmyr aga ömrüniň ahyryna çenli konserwatoriýanyň Türkmen sazy kafedrasynyň talyplaryna dutarçylyk sungatynyň inçe syrlaryny öwredýär.

Ol barada «Mukam çeşmesi» at bilen kinofilm surata düşürildi.

1993-nji ýylyň 10-njy maýynda halypa sazanda Ýagmyr Nurgeldiýew aradan çykýar.



7. Sargyt № 952

# AÝMÄMMET AŞYROW
**(1934–1992)**



Aýmämmet Aşyrow 1934-nji ýylda Aşgabat şäherinde eneden dogulýar. Aýmämmediň neberelerinde başga-da saz bilen meşgul bolanlar bolupdyr. Ýagny, ýurdumyzyň aýdym-saz sungatynda belli gyjakçy Çary Ödekow Aýmämmetleriň neberesinden bolupdyr. Aýmämmediň ýaşlygy Beýik Watançylyk urşunyň agyr ýyllarynda geçýär. Ýaşlygyndan dutar çalmaklyga uly höwesi bolup, onuň bar küýi, işi dutar çalmak bolýar. Aýmämmetler Aşgabadyň köne Budýonnyý diýen ýerinde oturar ekenler. Bu obada şol wagtlar meşhur bagşy-sazandalaryň birnäçesi ýaşaýar ekenler. Aýmämmetler meşhur sazanda Jepbar Hansähedowlar bilen goňşy bolup ýaşapdyrlar. Aýmämmet döwletimiziň dürli künjeginden gelen zehinli ýaşlar bilen bir hatarda 1944-nji ýylda meşhur sazanda Mylly Täçmyradowyň halk saz gurallary ansamblyna gatnap başlaýar. Ol halk sazlaryny ussat halypadan irginsiz öwrenýär.

Aýmämmet Aşyrow şol ansamblda işlän döwründe Türkmenistanyň halk artistleri Sahy Jepbarow, Kiçi Geldimyradow, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Abdylla Amanjaýew, Dörtguly Durdyýew, Nurjemal Adyýewa, Geldimämmet Orazgulyýew ýaly belli bagşylaryň ýanynda sazandarlyk edýär. Aýmämmet Aşyrow ömrüniň ahyryna çenli Türkmen telewideniýesiniň halk saz gurallary ansamblynda dutarçy-sazanda bolup işleýär.

Aýmämmet Aşyrow öz halypasy meşhur sazanda Mylly aga bagyşlap «Halypama» diýen sazy döredýär. Ondan başga-da «Şöhrat mukamy» diýen sazyny döredýär. Ol sazlar biziň sazandalarymyzyň repertuaryny şu güne çenli bezäp gelýär.

Türkmen saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin 1981-nji ýylda Aýmämmet Aşyrowa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen belent at dakylýar.

Aýmämmet Aşyrow 1992-nji ýylda Aşgabatda aradan çykýar.

## GURBANNAZAR NURYMOW
**(1939–1999)**



Asyrlaryň jümmüşinden öz köklerini alyp gaýdan türkmen aýdym-sazlary halkyň gamly gününiň syrdaşy, toý-baýramlarynyň bezegi bolup gelipdir. Türkmen topragy ençeme ussat bagşy-sazandalary halkyna bagyş eden mukaddes toprakdyr.

Türkmeniň milli saz sungatyny belende göteren bu egsilmez hazynany biziň şu günlerimize çenli getiren ussatlar sanardan köpdür.

Olardan Şükür bagşy, Garadäli Gökleň, Amangeldi Gönübekow, Kel bagşy, Çuwal bagşy, Täçmämmet Suhangulyýew, Mylly Täçmyradow, Jepbar Hansähedow, Nobat bagşy, Oraz Salyr, Palta bagşy, Sahy Jepbarow, Orazgeldi Ylýasow we ýene-de ençeme bagşy-sazandalaryň atlaryny uly buýsanç bilen agzasa bolar.

Şeýle ussatlaryň hatarynda diňe bir gadymy Ahal topragynda giňden tanalman, eýsem Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ähli künjeklerinde meşhurlyk gazanan ussat sazanda, Türkmenistanyň at gazanan artisti Gurbannazar Nurymowyň adyny hem uly hormat bilen tutsa bolar.

Gurbannazar Nurymow ata-babalaryň mukaddes sungatyny ene süýdi bilen öz kalbyna siňdiren sazandalardandyr. Ol özüniň adamkärçiligi, kiçi göwünliligi, ussatlygy bilen halk içinde uly abraýa eýedir.

Gurbannazar Nurymow 1939-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda Tejen etrabynyň «Täze oba» obasynda, daýhan maşgalasynda eneden dogulýar.

Gurbannazar Nurymowyň çagalyk döwri uruşdan soňky kynçylyklar bilen gabat gelýär. Şol döwürde obada iki-ýeke adamda «patefon» bolardy, il içinde oňa «maşyn bagşy» diýip at bererdiler. Oba adamlary halypa bagşylaryň plastinka ýazdyrylan aýdymlaryny ürç edip diňlärdiler. Bu-da uruşdan soňky dikeldiş döwrüni başdan geçirýän zähmetkeş halka ruhy goldaw berýärdi.

Nobat bagşynyň, Girman bagşynyň, Hydyr bagşynyň ýazgylary halkyň has-da göwnünden turýardy.

Gurbannazar şeýle ýazgylaryň birini-de sypdyrman, üns berip diňleýärdi. Bu bolsa onuň çaga kalbynda aýdym-saza söýgi, hyjuw döretdi.

Gurbannazaryň kakasy Nurym aga diňe bir daýhançylyk bilen meşgullanman, aýdym-saza-da üns berýän eken. Sebäbi Nurym aganyň öýlerine inisi Hommat Gapurowyň ýygy-ýygydan gelmekligi, diňe bir gelmeklik däl-de, onuň kiçijik Gurbannazara has-da mähirli guwanç bilen syn etmegi, oglanyň ýaşajyk kalbynda saza bolan höwesiniň bardygyny duýmaklygy başardýar.

Nurym aga bilen Hommat aga Gurbannazaryň saza bolan ukybynyň bardygyna mazaly göz ýetirenlerinden soň, ony saz sungatyna gönükdirmegiň aladasyny edýärler. Indi Hommat aga öz agasynyň öýlerine gelende, dutaryny hem alyp geler eken.

Günortan çaý başynda Hommat aga halk sazlarynyň birnäçesini ussatlyk bilen ýerine ýetirip çalar eken. Bu ýerine ýetiriliş ussatlygy, Hommat agasynyň şelpeli kakuwlarynyň şabramly perdelerden aşaklygyna-ýokarlygyna inip, näzli owazlary alyp gaýdýan barmaklaryny synlap oturan Gurbannazar dutar çalmaklygy öz öňünde ilkinji, indi has-da wajyp maksat edip goýýar.

Şondan soň Gurbannazar mekdep ýaşyna ýetýänçä Hommat agasynyň elinde dutar çalmaklygy öwrenip başlaýar. Wagtyň geçmegi bilen Gurbannazar orta mekdebe okuwa gidip başlaýar, ol gündelik sapaklaryna gowy ýetişmeklik bilen has-da mugallymlaryň göwnünden turýar. Esasan-da mugallymdyr okuwçylaryň ünsüni çekiji tarapy, onuň aýdym-saz sapagynda özüni ökde alyp baryjylygydy.

Soňra ol mekdep derslerinden daşary mekdebiň içinde açylan sazçylyk gurnagyna ýazylýar.

Ol gurnaga Nurmyrat Ýazgulyýew ýolbaşçylyk edýärdi. Ol mekdep okuwçylarynyň arasyndan saz sungatyna üns berýän ýaş zehinleri daşyna ýygnap, şol orta mekdebiň içinden dutar ansamblyny döredýär. Ol her gün okuwçylary öz daşyna üýşürip, geljege gadam basyp gelýän ýaş höwesjeňler ansamblynyň depginini güýçlendirýär. Ansambl gün-günden repertuaryny baýlaşdyrýar. Nurmyrat Ýazgulyýew hem ýaş zehinli okuwçylara dutar çalmagyň inçe tilsimlerini öwredýärdi. Okuwçylaryň ýerine ýetirjiligini ýeke-ýekeden gözden geçirip, halypa mugallym ýaşajyk sazandalary ýene-de köpçülikleýin üýşürip, ansamblyň repertuaryny ürç edip gaýtaladýardy.

Mugallym Nurmyrat Ýazgulyýew ansambl sazlaryndan daşary her bir okuwçynyň özbaşdak geçýän sazlaryny özleşdirişine hem uly üns berýärdi.

Onuň Gurbannazaryň ýerine ýetirijiligine, ýatkeşligine has-da pisindi oturýardy. Gurbannazar diňe bir mekdep gurnagynda geçilenler bilen kanagatlanman, Nurmyrat mugallymyň öýüne baryp, özbaşdak sapak geçmekligi ýüregine düwýär. Gurbannazar mekdepden boş wagty plastinka ýazdyrylan aýdym-sazlary diňlemek bilen meşgullanýardy.

Ol gije-gündiz dutaryny elinden düşürenokdy, dynç günleri bolsa Nurmyrat mugallymyňka saz öwrenmäge barýardy.

Nurmyrat mugallym hem Gurbannazaryň ýüreginde ilkinji maksat edip goýan dutar çalmak hünärini has-da kämilleşdirýärdi.

Şeýlelik bilen, Gurbannazar öz deň-duşlarynyň arasynda geçirilýän çeper höwesjeňler bäsleşiginde ilkinji ýerlere mynasyp bolup, üstünlik gazanýardy. Onuň üstünlikleri ene-atany hem-de oba adamlaryny has-da guwandyrýar, olar geljekde Gurbannazaryň sazanda bolup ýetişjekdigine indi has-da umytly nazar bilen garaýardylar.

Wagtyň geçmegi bilen, 1956-njy ýylda orta mekdebi üstünlik bilen tamamlan Gurbannazar Nurymow, şol ýylyň dowamynda paýtagtymyzyň D. Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň dutar bölümine okuwa girýär.

Ol ýörite sazçylyk mekdebinde halypa sazanda Allaberdi Allaberdiýewden tälim alyp başlaýar.

Allaberdi halypany Gurbannazaryň saz sungatyna ezberligi, edep-terbiýesi, galyberse-de, kiçi göwünliligi özüne çekýär. Açyk göwünliligi bilen özüni aldyrýan orta boýly şägirdiniň saza bolan ünsi göwnüni galkyndyrýar.

Allaberdi Allaberdiýew Gurbannazary ata-babalarymyzdan miras galan dutar sungatymyzyň çylşyrymly ýerine ýetiriliş tilsimleri bilen has-da giňden tanyş edýär, birnäçe halk sazlaryny, mukamçy kompozitorlar tarapyndan döredilip, täzeden işlenen ençeme sazlary öwredýär.

Gurbannazar ýörite sazçylyk mekdebinde okap ýören döwründe Mary welaýatyndan ussat sazandalarymyz Han Akyýew hem-de Durnazar Hudaýberenow dagylar bilen dostlukly gatnaşýarlar. Bular biri-biri bilen duşuşan mahallarynda oturyp saz çalşyp, biri-biriniň ýerine ýetiriş ussatlyklaryny diňläpdirler hem-de biri-birinden saz öwrenipdirler.

Gurbannazar okuwdan boş wagtlaryny hem bisarpa geçirmändir. Ol könelerimiziň «Ýigide müň dürli hünär hem azdyr» diýen nakylyna uýup, diňe dutar diýmän, beýleki saz gurallary bilen hem meşgullanar eken. Soňabaka ony has-da gaboý saz guraly gyzyklandyrýar. Şeýlelik bilen, ol ýörite sazçylyk mekdebinde bir ýyl dutarçylyk bölümini okap, soňra halypalary bilen maslahatlaşyp, okuwyny gaboý bölümine geçirýär.

Dutar hünäri bilen birlikde, ony gaboý guralynyň hem özboluşly şirin sesi özüne bendi edýär. Şeýlelik bilen, Gurbannazar dutardyr gaboý sazlaryny öwreniberýär.

Gurbannazar her hepdäniň dynç günleri halypa bagşy-sazandalaryň çykyş edýän konsertlerine yzygiderli gatnaşýar. Gurbannazary özüne çekýän zatlaryň biri-de, konsertde ussat sazandamyz, halypa Çary Täçmämmedowyň ýerine ýetirijiligi bolýar. Ol okuwdan boş wagtlary saz öwrenmek üçin Çary aganyň ýanyna gatnap başlaýar.

Çary aga oňa ilki käbir sazlaryň gadymy rowaýatlaryny gürrüň berip, soňra halk sazlarydyr syrly mukamlaryň ençemesini, göwni isledigiçe, gaýatalap-gaýtalap çalyp beripdir.

Halypanyň bu çalýan sazlaryny diňläp, Gurbannazar köne döwrümiziň agyr hasratly wakalaryny – ýary-ýardan, dogany-dogandan,

enäni-baladan aýran galtamançylyk döwürlerini, galyberse-de, öz çagalyk ýyllaryna gabat gelen uruş belasynyň ynsanyň başyna getiren kynçylyklaryny göz öňünden geçirýärdi.

Ata-babalarymyz geçmişde näçe kynçylyklary, sütemleri görseler-de, biziň bu jadyly senedimizi beýik ussat halypalarymyzyň elden-ele geçirip, biziň şu günlerimize getirmekligi, häzir bolsa onuň Çary aganyň elinde bilbil bolup saýraýan şirin owazlary Gurbannazaryň kalbyna ene süýdi dek siňip gidýärdi.

Gurbannazar Nurymow 1961-nji ýylda ýörite sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlandan soň, şol ýyl Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrine işe girýär. Ol bir ýyl filarmoniýada işläp, 1962-nji ýylda Tejene gidýär.

Ol Tejen şäheriniň Medeniýet öýüniň medeni bölüminde işläp başlaýar. Gurbannazar Nurymow Medeniýet öýüniň halk saz gurallary ansamblyny taýýarlap ugraýar. Ol ansambla G. Nurymowyň özi ýolbaşçylyk edýär. Ol her gün ertir-agşam diýmän, ansamblyň depginini barha güýçlendirýär. Konsertlerde ansamblyň ýerine ýetirmekliginde birnäçe halk sazlary bilen çykyş edýärdiler. Soňra ol ýekelikde çykyş edip, ençeme sazlary ussatlyk bilen ýerine ýetirip, zähmetkeş halkyň minnetdarlygyna eýe bolýardy. Ol tejribeli işi bilen Medeniýet öýüniň işgärlerine özüni aldyrýar.

Gurbannazar Nurymow 1967–1968-nji ýyllarda halk saz gurallary ansambly bilen döwletimizde geçirilýän bäsleşikde birinji ýere mynasyp bolýar. Bu bäsleşikde ansambl bilen «Bag içinde», «Nowaýy», «Hemrahym» ýaly halk sazlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetirýärler. Bu üstünlik olaryň çeken zähmetleriniň ýerine düşendigine, has-da Gurbannazaryň mundan beýläk hem ansamblyň repertuaryny baýlaşdyryp, geljekde hem ansamblyň şular ýaly üstünliklere mynasyp bolmagyna uly itergi berýärdi.

Gurbannazar Nurymowyň dutar çalmak derejesi indi has-da kämilleşip ugraýar. Ol ilki-ilkiler Ahal sazlaryna ýykgyn etse, soňra Mary sazlary bilen gyzyklanyp ugraýar. Mary welaýatynyň ussat sazandalary Han Akyýew hem-de Durnazar Hudaýberenow dagy bilen dostlukly gatnaşyklary onuň döredijiligine has-da uly täsir edýär.

Gurbannazar Nurymow 1981-nji ýylda Aşgabat şäherindäki Türkmen döwlet sungat institutynyň «Medeni aň-bilim» fakultetine gaýybana okuwa girýär. Ol ýene-de dutar çalmagyň derejesini güýçlendirmek bilen bolýar. G. Nurymow institutda okap ýören mahaly Mary sazlaryna has hem yzygiderli üns berip ugraýar. Oňa ilki-ilkiler Mary sazlarynyň çylşyrymly tilsimleri, ol sazlaryň kakuwlarynyň aýratynlyklary birbada kynrak düşýär. Sebäbi sazlaryň hem özara şahalara ýaýraýan ýollary bolup, her bir sazyň öz döredijilik ýoly, öz ýerine ýetiriliş aýratynlygy bolýar.

Şeýlelik bilen, G. Nurymow Mary sazlarynyň hem ençemesiniň usulyny, aýratynlyklaryny başarjaňlyk bilen öwrenýär. Öwrenen sazlaryny sünnäläp-sünnäläp, soňra bolsa ol saza öz goşantlaryny goşup, şondan soň öz dostlary Han Akydyr Durnazar Hudaýberenowa çalyp berer eken. Şondan soň diňleýjilere ýetirer eken.

Gurbannazaryň bu sazlary ýerine ýetirijiligine dostlary hem diňleýjileri uly sarpa goýardylar. Mary ýoly, Ahal ýoly, tapawudy ýok, dutar senedimizde döredilen mukamdyr halk sazlarymyzyň ençemesine öz goşandyny goşup, ussatlyk bilen ýerine ýetirmekligi Gurbannazar Nurymowyň hem saz ýerine ýetirijiliginiň özboluşly aýratynlygyna, ýokary derejeli, hakdan içen sazandalardanlygyna şaýatlyk edýär.

Şeýlelik bilen, G. Nurymow 1986-njy ýylda Aşgabatdaky Türkmen döwlet sungat institutyny üstünlikli tamamlaýar. Şol ýylyň dowamynda ol Tejene gelip, çagalar sazçylyk mekdebini açyp, saza ukyply çagalary kabul edýär we olara bilim berip başlaýar. Mekdepde çagalar nota ýazgysyny, nota bilen dutar çalyş usullaryny öwrenip başlaýarlar. G. Nurymowyň çekýän zähmeti çagalaryň saza bolan ukybynyň kämilleşmegine, olaryň saza dörän söýgüsiniň geljekde ussatlyk derejesine ýetmegine uly itergidi.

G. Nurymow soňky wagtlarda döredijilik bilen meşgullanyp başlaýar. Ol Türkmenistanyň dürli künjeklerinde bolup, toý-baýramlara gatnaşyp, adamlaryň birek-birege goýýan sylag-hormatlaryny görüp, halypalar barada aýdylýan gowy-gowy, öwgüli sözleri eşidip, öz döwrüne, ene-atalyk terbiýesini beren beýik halypalaryna, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň pajarlap ösmegine bagyşlap,

«Ülkämiň waspy» diýen sazyny, soňra bolsa «Bahar nagmasy» atly sazyny döredýär.

G. Nurymow öz döredijilik ýoly bilen ussatlyk derejesine, uly abraýa eýe bolýar. G. Nurymow 1999-njy ýylda aradan çykýar.

## ÝOLAMAN NURYMOW
**(1943)**



Türkmenistanyň halk artisti, professor Ýolaman Nurymow dutarda türkmen halk sazlaryny ýerine ýetirmekde ussatlygy iň ýokary derejä ýeten halypalaryň biridir. Ol Türkmenistanda ilkinjileriň hatarynda dosent hem-de professor diýen alymlyk adyny alan dutarçy-sazandadyr. Ýolamanyň kakasy Nurmuhammet (Nurym) 1910-njy ýylda doglup, 1987-nji ýylda aradan çykýar. Nurymyň agasyna Muhammetmyrat, inisine bolsa Hommat diýilýär. Bular üç dogan bolup, hemmesi aýdym-sazdan gowy başy çykýan adamlar bolupdyr. Nurym aga 1942-nji ýylda Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp, 1943-nji ýylda saglyk ýagdaýy zerarly, obasyna gaýdyp gelýär. Ol ömrüni daýhançylyk bilen geçirýär. Nurym aganyň dört ogly bolýar: Orazgeldi, Gurbannazar, Ýolaman, Atamyrat (Gapur–Nurym aganyň kakasynyň ady dakylan). Ogullarynyň hem hemmesiniň diýen ýaly, aýdym-sazdan oňat başy çykypdyr. Olardan Gurbannazar bilen Ýolaman halkymyzyň eý görýän ussat halypa sazandalary bolup ýetişdiler. Gurbannazar Nurymow Türkmenistanyň at gazanan artisti.

Ýolaman Nurymow 1943-nji ýylyň awgust aýynyň 10-na Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň häzirki «Täze oba» daýhan birleşiginde dogulýar. Onuň saza bolan söýgüsi çagalykdan başlanýar, şonuň üçin hem ol obalaryndaky sazçylyk gurnagyna gatnap başlaýar. Çagalyk döwründe, ýagny, mekdebe gatnap başlan günlerindenem aýdym-saz

mugallymy öz Hommat kakasy bolýar (Ýolamanyň kakasynyň inisi Hommat Gapurow ökde sazanda bolupdyr). Hommat kakasy Ýolamana dutaryň başky kakuwydyr basuwlaryny, tilsimlerini öwredýär. Ýolamanyň ilkinji öwrenen sazlarynyň biri «Dilber» diýen halk sazydyr. Soň bolsa Ýolaman obalaryndaky çeper höwesjeňler toparyna gatnaşýar. Ol ýerde mugallymy Nurmyrat Ýazgulyýew bolýar.

Nurmyrat Ýazgulyýew Ýolamanyň saz çalşyny diňläp: «Hörpüň ýamanam däl. Ýöne şelpe kakýan eliň bilen perde basýan barmaklaryň sazlaşmajak bolup dur. Meniň aýtjak bolýan zadym, dutar çalaňda alňasama, aljyramajak bol. Häzir sen ýaş, ýaşlykda nämä endik etseň, ulalaňsoňam şol gerekdir. Şonuň üçinem radioda halypalaryň çalýan sazlaryny köpräk diňle.

Ýene-de bir zat, Ýolaman jan, her sazyň düzülişem aýratyndyr. Halypalaryň ussatlygy bolsa her sazyň düzülişini oňat bilýäni üçindir. Bu zatlary sen şu gün ýa-da ertir öwrenmeli diýdigim däl. Dura-bara öwrenersiň, ýadyňda saklamaly zat bolansoň aýdýaryn. Onsoňam obadaky höwesjeňler toparyna gatnaş. Köpçülik bilen saz öwrenseň, birneme ýüzüň açylar. Dutarçy köpüň adamy bolýar. Köpüň öňüne çyksaňam, utanmaly dälsiň. Halky sylap bilseň, halkam seni hormatlar. «Halk bilen bile dem alsaň, abraýyň artar».

Ýolaman Nurymow ilkinji halypasynyň öwüt-nesihatlaryny ýatlaýar. Mundan başga-da, ol öz agasy Gurbannazardan hem birentek sazlary öwrenip, bilýän sazlarynyň sanawyny artdyrýar.

Ýolaman Nurymow 1960-njy ýylda Aşgabadyň D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesine (häzirki wagtda Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebi) okuwa girýär. Uçilişşede ol ussat mugallym Allaberdi Allaberdiýewden tälim alýar. Şeýle-de ol okuwynyň daşyndan Türkmenistanyň halk artisti Çary Täçmämmedowyň ýanyna gatnap, dutar çalyş sungatynyň inçe syrlaryny öwrenýär. 1964-nji ýylda Ýolaman Nurymow sazçylyk uçilişşesini tamamlanyndan soň, Aşgabat şäherindäki umumybilim berýän 8-nji orta mekdepde aýdym-saz mugallymy bolup işe durýar.

Ol birnäçe ýyl mugallymçylyk edeninden soň, 1971-nji ýylda Türkmen radiosynyň we telewideniýesiniň halk saz gurallary toparyna işe çagyrylýar. Şol döwürde toparyň çeper ýolbaşçysy Çary

Täçmämmedowdy. Şeýlelik bilen, Ýolaman Çary Täçmämmedowyň ýakyn şägirdi bolýar. Ýolaman Nurymow ansamblda birnäçe ýyl işläp, özüniň ussatlygyny artdyrýar, bilýän sazlarynyň sanawyny has baýlaşdyryp, döwletimizde iň bir ussat sazandalaryň hataryna goşulýar. 1981-nji ýylda Ýolaman Nurymowa türkmen halk aýdym-saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

1980–1985-nji ýyllar aralygynda Ýolaman Nurymow Türkmen döwlet pedagogik sungat institutynda öz bilimini artdyrýar we ony üstünlikli tamamlanyndan soň, şol ýerde dutar ugry boýunça mugallym edip alyp galýarlar.

1986-njy ýylda Ýolaman Nurymow sungat institutynyň halk saz gurallary kafedrasynyň müdirligine saýlanýar.

1987-nji ýylda oňa «dosent», 1991-nji ýylda bolsa oňa «professor» diýen alymlyk ady berilýär. Ýolaman Nurymow mugallymçylyk kärinde, esasan, sazandanyň saz eseriniň mazmunyny açyp bilmegini, talyplaryň saza bolan söýgüsini oýarmagy maksat edinýär. Ol sungat institutynda işlän döwründe birnäçe zehinli şägirtleri ýetişdirýär.

Ýolaman Nurymow mugallymçylyk käri bilen deň derejede saz ýerine ýetirijilik ussatlygyny hem ösdürýär.

Ýolaman Nurymow dürli ýyllarda Türkiýede, Şweýsariýada, Ýaponiýada, Şri-Lankada, Indiýada, Iordaniýada, Maltada, Eýranda we ýene-de ençeme daşary döwletlerde çykyş edip, türkmen halk sazlarynyň şirinligini, inçeden çylşyrymly owazynyň ajaýyplygyny dünýä äşgär edýär.

Gadymdan gelýän läheň mukamlaryň onlarçasynyň kössüni goýman öwrenip, ýazga beren Ý. Nurymow Türkmenistanyň dürli bagşyçylyk ýollaryndan aýdýan G. Çaryýew, H. Annamyradow, A. Dawudow, D. Durdyýew, M. Aýmedow, G. Jeňow, O. Begnyýazow ýaly ençeme bagşylara sazandarlyk etdi.

Ý. Nurymow türkmen bagşy-sazandalarynyň arasynda ilkinji bolup ylmy iş bilen meşgullandy. Onuň «Türkmen dutar sazlary», «Halk döredijiligi we bagşyçylyk sungaty», «M. Täçmyradowyň we P. Saryýewiň ýerine ýetirijilik özboluşlyklarynyň deňleşdirilişi» ýaly

birnäçe ylmy makalalary, okuw usulyýet gollanmalary, «Türkmen sazlary we sazandalary» diýen kitaby ýaş sazanda talyplara peýdaly gollanma hökmünde hyzmat edýär.

Ýolaman Nurymowyň sungat institutyndaky ýolbaşçylyk edýän dutarçylar topary 1989-njy ýylda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň baýragyna mynasyp boldy. Onuň zehininden dünýä inen: «Ýaşlyk joşguny», «Ussat eller», «Watana söýgi», «Alkyş», «Şadyýan çagalar», «Sähra mukamy», «Bagtyýar Watan», «Säher şapagy», «Ene toprak», «Çaga», «Mukaddes mukam» ýaly onlarça aýdym-sazlary ýaş hem-de professional bagşy-sazandalaryň, dürli ansambllaryň repertuaryna mäkäm girdi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde-de Ýolaman Nurymow Garaşsyzlygymyzy, baky Bitaraplygymyzy, ýaşyl Tugumyzy wasp edýän birnäçe aýdym-sazlary döretdi. Olardan Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň sözlerine «Türkmen ilim berkarar», N. Gurbanmyradowyň sözlerine «Halk, Watan, Türkmenbaşy», «Watan, saňa ýarasam», «Şan getirdi», «Garaşsyz illi türkmen», «Eziz Türkmenistanym», «Garaşsyzlyk toýy külli türkmeniň», «Türkmenistan Bitarap», «Türkmen Altyn asyrda», H. Allamyradowyň sözlerine «Garaşsyzlyk saýasynda», S. Ýazowanyň sözlerine «Tugy Serdaryň», H. Kakalyýewiň sözlerine «Türkmenistanym meniň» ýaly aýdymdyr sazlary diýarymyzdaky belli-belli aýdymçylaryň, sazandalaryň repertuaryny bezeýär.

1993-nji ýylda Diýarymyzyň Garaşsyzlygynyň 2 ýyllyk toýunda, professor Ý. Nurymowyň halypalyk edýän dutarçylar toparynyň uçurymlary A. Annamämmedowa, Ç. Jumaýewa Türkmenstanyň at gazanan artistleri, şägirdi Orazmyrat Annanepesowa Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri diýen hormatly at dakyldy. Dutarçy Sadyk Sähedow Baku şäherinde, Azerbaýjan halkynyň meşhur kompozitory U. Gajybekowyň doglan gününiň 100 ýyllyk şanly senesi mynasybetli Orta Aziýa, Gazagystan, Kawkaz döwletleriniň ýaş professional sazandalarynyň arasynda geçirilen 1-nji Halkara bäsleşigine gatnaşyp, bäsleşigiň laureatlary boldular. O.Annanepesowa 1-nji ýer, Sadyk Sähedowa 3-nji ýer berildi. Ýene-de bir bellemeli zat, Sadyk

Sähedowa U. Gajybekowyň sazlaryny «Iň gowy ýerine ýetiriji» diýen aýratyn baýrak berildi.

Biziň şeýle üstünlikleri gazanmagymyzda, professorymyz Ý. Nurymowyň we şol döwürde Türkmen milli konserwatoriýasynyň dosenti, ussat pianinoçy (sazanda) T. A. Wetrinskaýanyň tagallalary bimöçberdir.

Halypamyz Ý. Nurymowa Allatagala sungatyň köp tarapyny eçilipdir. Bu halypa ýaş wagtlary akkordeon, gyjak çalyp, aýdymam aýdan, dutar çalşynam biz bilýäris – iň bir ýokary derejä ýeten ussat halypa sazanda. Ol dutar ýerine ýetirijilik sungaty boýunça ýeke-täk alymlyk adyny alan professordyr. Halypamyz, ussat sazanda Ý. Nurymowa Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň milli aýdym-saz sungatynyň pajarlap ösmeginde eden hyzmatlary, ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin 1994-nji ýylda ýörite Perman bilen «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Halypa-sazanda Ý. Nurymowyň ýerine ýetirijilik ussatlygy köp taraplydyr. Halypanyň ýerine ýetirijilik ussatlygy barada aýtsam, çalýan sazlaryna, öz ussady meşhur sazanda Çary Täçmämmedowyň ýerine ýetirijilik ussatlygynyň süýjüden labyzlylygynyň geçenligini duýmak kyn däldir. Esasy çalýan ýoly halypasy Ç. Täçmämmedowyň ýolam bolsa, ol Mary sazlarynam, Mylly aganyň çalan sazlarynam we beýleki halypalaryň çalan sazlaryndanam öwrenip, ussatlarça ýerine ýetirmegi başarýar, bu sazlaryň hemmesi radionyň altyn hazynasynda saklanylýar. Sazlary halypanyň öz elinden öwrenmek usuly hem-de ses ýazgylary arkaly öwrenmek usuly bar. Men çalýan sazlarymyň köpüsini diýen ýaly halypam Ý. Nurymowyň elinden öwrendim. Halypanyň elinden öwrenen sazlaryň ýüregiňe jaý bolýar, sebäbi halypanyň nagmalaryny, basuwlaryny, hereketlerini haýsy perdelerden gysyşdyryp ses alşyny, perdelerden alýan bezeglerini öz gözüň bilen görüp öwrenýäň, ses ýazgylary arkaly öwrenseň, onda diňe eşidiş mümkinçiligine görä öwrenmeli bolýar. Sazlary halypanyň elinden öwrenmek usuly bilen, ses ýazgylarynyň üsti bilen öwrenmek usulynyň arasy ýer bilen gök ýaly diýsem, küpür gürledigim bolmazmyka diýýärin. Sebäbi halypanyň elinden öwrenen sazlaryňy

soňundan çalyp berip, onuň öňünden geçýäň hem-de ol sazlary çalmaklyga rugsat bermegini gazanýaň.

Bagşa sazandarlyk etmek sungatynda-da halypa Ý. Nurymow, her bagşyçylyk ýolunda aýdýan bagşylara ussatlyk bilen sazandarlyk edip, özüni bagşy kowmak sungatynda-da halkymyza äşgär etdi. Hakyky muşdagyň bagşyny diňläp, doly lezzet almagy üçin, bagşynyň ýanyndaky sazandalaryň birek-birek bilen özara düşünişmekleri gaty zerurdyr. Bagşynyň aýtjak aýdymlarynyň sözlerini, aýdymyň yzygiderliligini (formasyny), şeýle hem bagşynyň aýdyş hörpüne mahsus bolan inçe tilsimleri bilmeklik sazanda üçin hökmandyr.

Ý. Nurymow ýaş ýerine ýetiriji talyplar üçin olaryň tehniki ussatlyklaryny kämilleşdirip, ösdürip biljek gönükmeler bilen birlikde birnäçe uly göwrümli çylşyrymly sazlary hem döretdi.

Onuň ritmleriň hem-de çalnyş tärleriniň dürli-dürlüliginden, dutaryň tembr hem tehniki mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanmagyndan, halk heňlerine aralaşmagyndan emele gelen sazlary diňleýjileriň ykrar etmegine, söýgüsine mynasyp boldy.

Halypamyz Ý. Nurymow özüniň adamkärçilik mertebesiniň, ruhunyň belentligi ýaly, milli saz sungatymyzyň pajarlap ösmegi üçin, gudraty güýçli Allatagaladan berlen zehini bilen öz inçe sungatyny ýaşlara ýetirmekde, şägirt ýetişdirmekde uly işler edýär.

Ylmy-usulyýet işleri, köpsanly okuw gollanmalaryny ýazyp, Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizi, mähriban halkymyzy wasp edýän birnäçe eserler döredip, milli aýdym-saz sungatymyzy bütin dünýä ýaýmakda-da goşandy uludyr.

Halypa, ussat sazanda Ý. Nurymow 2009-njy ýylda «Gaýrat» medaly bilen sylaglandy.

# AKMYRAT ÇARYÝEW
## (1947)



Akmyrat Çaryýew 1947-nji ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Akdepe obasynda dünýä inýär. Kakasy Çary Möwlam 1915-nji ýylda doglan. Ol Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp, sag-salamat dogduk mekanyna gaýdyp gelenden soň, obalarynda hasapçy bolup işleýär. Akmyrat ýedi aýlyk çagaka, ol 1947-nji ýylda aradan çykýar.

Akmyradyň ejesi Ogulbäbek eje 1917-nji ýylda dogulýar, 2008-nji ýylda aradan çykýar. Akmyradyň 1941-nji ýylda doglan ýeke aýal dogany bar.

A. Çaryýew Döwgala obasyndaky orta mekdebi tamamlap, 1961-nji ýylda Daňatar Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesiniň (häzirki wagtda Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebi) dutar bölümine okuwa girýär hem-de mugallym Allaberdi Allaberdiýewden sapak alýar. Okuwa girmezden öň hem ol Baharly etrabynyň medeniýet öýündäki aýdym-saz toparynyň agzasydy. Görnükli aýdymçy Annaberdi Atdanow dagy bilen festiwallarda, konsertlerde çykyş edýärdi.

Akmyrada ilkinji dutar tutmany öwreden agasy Atakişi Abdyllady. Ol döwürde dutar bolelin däldi. Obada Mämmetmyrat ussanyň ýasan, miras galan ýekeje dutary bardy. Ýaş sazanda şol dutarda ilkinji kakuwlary, inüw-çykuwlary öwrenýär.

Ol 1961-nji ýylda D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesine okuwa girýär.

1964-nji ýylda Akmyrada ussat gyjakçy Ata Ablyýew bilen tanyşmak miýesser bolýar. Şonuň bilenem Akmyrat Ata halypadan «Senem geldi», «Gökdepe mukamy», «Söýli halan», «Biçäre» ýaly sazlary öwrenýär. Bir günem Ata halypa Akmyrady teleradionyň halk saz gurallary ansamblyna, işleýän ýerine alyp barýar. Ýaş sazanda ansamblyň çeper ýolbaşçysy Çary Täçmämmedowyň we bag-

şy-sazandalarynyň öňünde öz bilýän sazlarynyň birnäçesini çalyp berýär. Şol sazlardan soňra «Senem geldi», «Gökdepe mukamy», «Biçäre» we «Dilim gyrk» mehaniki ýazga geçirilýär.

1965-nji ýylda ýörite sazçylyk mekdebini tamamlandan soň, Akmyrat Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrinde dutarçy bolup işe başlaýar. Bir ýyldan soň bolsa ol teleradionyň halk saz gurallary ansamblyna işe girýär. 1967-nji ýyldan başlap ol Sahy Jepbarowyň sazandasy bolýar we birnäçe ýyl onuň ýanynda saz çalýar. 1976-njy ýylyň maý aýynda ussat sazanda halypa Çary Täçmämmedow aradan çykýar. Ansambla ýolbaşçylyk etmek Akmyrat Çaryýewe ynanylýar.

Sazandany döredijilik işi gyzyklandyrýar. Onuň ilkinji döredeni Geldi Bäşiýewiň goşgusyna «Gyzlar» diýen aýdymdyr. Soňky ýyllarda bu şahyryň goşgusyna ýene «Dag jerenleri», «Çynarym», «Daglara bar», «Seýle gelseň bu daglara», «Çeşmeler»; Döwlet Gurbangeldiýewiň goşgusyna «Alkyşnama»; Allaýar Çüriýewiň goşgusyna «Watan» diýen aýdymlary döretdi. Mundan başga-da Akmyrat Çaryýew şahyrlar Berdinazar Hudaýnazarowyň, Baýram Jütdiýewiň, Bibi Orazdurdyýewanyň sözlerine birnäçe aýdymlary döretdi. Dutar üçin «Ylham», «Mähirli», «Galkynýar Watan», «Türkmen sähram», «Galkynyş» diýen ajaýyp sazlary döretdi. Akmyrat Çaryýew «Gaýrat» medalynyň hem-de Halkara Magtymguly baýragynyň eýesidir.

Halypa, ussat dutarçy A. Çaryýew birnäçe şägirtleri ýetişdirdi. Olaryň içinde hormatly atlara mynasyp bolanlary hem bar. Türkmenistanyň at gazanan artistleri Durdymyrat Gazakowy, Annamämmet Annamämmedowy, şägirtleri Begaly Hojanepesowy (merhum), Oraz Nazarowy, Atanyýaz Atanyýazowy, Batyrmyrat Annanepesowy, Abdyrahman Kiçiamanowy we başgalary mysal getirmek bolar. Ussat sazanda, mukamçy-kompozitor Akmyrat Çaryýewiň dutarda ýerine ýetirijilik sungatyny uly ogly Kakamyrat Çaryýew dowam edýär.

A.Çaryýew daşary ýurtlaryň birnäçesinde bolup, türkmen halk saz döredijiligini dünýä ýaýmakda hem uly işleri edýär. 1972-nji ýylda Fransiýada, soňra dürli ýyllarda Gollandiýada, Şwesiýada, Belgiýada, Bolgariýada, Amerikada, Müsürde, Ýaponiýada, Siriýada, Eýranda, Turkiýede we Mekgede konsertler bilen çykyş edýär. 1979-njy ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Akmyrat Çaryýewe 1990-njy ýylda türkmen milli saz sungatyny ösdürmekde bitiren işleri üçin «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Häzirki döwürde Akmyrat Çaryýew Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Halk saz gurallary» kafedrasynda işläp, kafedradaky dutarçylar ansamblyna halypalyk edip, milli dutar sazymyzyň inçe syrlaryny şägirtlerine öwredýär.

## BEGMYRAT GUTLYMYRADOW
**(1947–2010)**



Garry atasynyň pendine wepaly bolan, senedine ikilik etmeýän, halkyna ylham paýlaýan, ümmülmez saz mirasyny özünden soňkulara ýadygär galdyrmak islän ajaýyp halypa dutarçy Begmyrat Gutlymyradow 1947-nji ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Bamy obasynda dünýä inýär. Ol orta mekdebi tamamlap, 1961-nji ýylda Aşgabatdaky D. Öwezow adyndaky Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesiniň (häzirki wagtda Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebi) halk saz gurallary bölümine okuwa girýär.

Ol uçilişşäniň dutar bölüminde ussat mugallym Allaberdi Allaberdiýewden bilim alýar. B. Gutlymyradow uçilişşede okan ýyllarynda özüniň zehinliligi bilen ýoldaşlarynyň arasynda tapawutlanýar. Ol diňe saz gurallarynda saz çalmak bilen çäklenmän, halk sazlaryny nota ýazgysyna geçirmäge hem uly üns berýär we halkyň arasynda ýaýraman galan türkmen halk sazlaryny, esasan hem ussat halypalar P. Saryýewiň, M. Täçmyradowyň ussatlyk bilen çalan sazlaryny nota ýazgysyna geçirişiniň düşnükliligi we sazyň inçe tilsimlerini geçirip bilşi bilen tapawutlanýar. B. Gutlymyradow ussat halypa P. Saryýewiň çalyş usulyny ussatlyk bilen dowam etdirijidir. Begmyrat Gutlymyradow 1965-nji ýylda sazçylyk uçilişşesini tamamlap, 1965-nji



8. Sargyt № 952

ýylda Pürli Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestrinde sazanda bolup işe başlaýar. Soňra 1968-nji ýylda D. Öwezow adyndaky Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesiniň dutar we gyjak bölüminde mugallym bolup işleýär we ýüzlerçe zehinli şägirtleri ýetişdirýär. B. Gutlymyradow iş bilen utgaşykly 1972-nji ýylda M. Gorkiý (häzirki Magtymguly) adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh we ýuridiki fakultetini üstünlikli tamamlaýar we şol ýyl ony täze açylan Türkmen döwlet pedagogik, sungat institutyna mugallymçylyk etmek üçin dutar-gyjak bölümine işe çagyrýarlar.

1972-nji ýylda Türkmen döwlet pedagogik sungat institutynda işlemek bilen birlikde gyjak bölümi üçin programma düzýär. Diňe bir mugallymçylyk bilen çäklenmän, B. Gutlymyradow Türkmen halk sazlaryny we aýdymlaryny nota geçirmäge hem uly üns berýär.

1974-nji we 1980-nji ýyllar aralygynda ol ýokary derejeli diplomlar bilen, TSSR-iň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň, şeýle hem TSSR-iň hormat hatlary bilen birnäçe gezek sylaglanýar.

«Şägirtsiz halypa guran agaja deňdir» diýlişi ýaly, döwletimiziň haýsy künjegine barsaň, bu ussat mugallymyň şägirtlerine gabat gelmek bolýar. Onuň adyny işdeş ýoldaşlary, kärdeşleri, dost-ýarlary, şeýle hem şägirtleri «Ata mugallym» diýip tutýarlar. Ata mugallymyň ençeme şägirtleri bar, olaryň içinde hormatly atlara eýe bolanlary, şol sanda dürli bäsleşikleriň ýeňijileri bolanlary hem bar. Olardan Türkmenistanyň at gazanan artistleri Nepesmyrat Meredowy, Çaryýar Jumaýewi, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgärleri Muhammetdurdy Muhammetnyýazowy, Durdyguly Annaýewi, şägirtleri Orazgeldi Gabyşowy, Gurbandurdy Kakajanowy, Gurbandurdy Rahymowy, Derýaguly Garaýewi, Baýrammyrat Söýünhanowy, Gunça Gandymowany, Çary Atamyradowy, Gylyçdurdy Mämmetdurdyýewi, Aganazar Öwezgeldiýewi, Osman Güjümowy, Atageldi Mämmetgulyýewi, Kerwen Aýdogdyýewi, Ýazberdi Hydyrowy we başgalary mysal getirmek bolar.

Ata mugallymyň zehini, döredijiligi tebigy taýdan köp taraplydyr. «Ozal akan ýerden akarmyş aryk» diýlişi ýaly, Ata mugallymyň aňyrsy meşhur Sary bagşydan gaýdýar. Sary bagşynyň uly ogly Pürli Saryýew gyjakda-da, dutarda-da ýerine ýetirijilik ussatlygynyň ýokary derejesine ýeten halypa sazandadyr. Ata mugallym hem öz

pederleriniň däbine eýerip, diňe bir gyjakda, dutarda gadymyýetden dowam edip gelýän halk sazlarymyzy ýokary ussatlyk derejesinde ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem ol nota boýunça ýerine ýetirilýän daşary ýurt nusgawy sazlary ezberlik bilen dutara we gyjaga geçirip, ol sazlary ussatlarça ýerine ýetiren halypa sazandadyr.

Her bir halkyň sungatynyň, sazynyň beýleki halklaryňka meňzemeýän öz heňleri, ritm aýratynlyklary bar. Şol halklaryň sazyny diňläp, türkmen dutarynda fortepianonyň ýanynda çalmak üçin B. Gutlymyradow özüniň zähmetini gaýgyrmady. Şol sazlary çalmaga mümkinçilik döredip, çagalaryň saz ukybynyň ösmegine täsirini ýetirdi. Sebäbi sazy diňläniňde bir başga, ýöne şol milletiň sazyny dutarda çalmak bir başga. Sazy ýerine ýetireniňde, şol milletiň etnografiki aýratynlyklary göz öňüňe gelýär, şol millet barada nähili hem bolsa özboluşly ýakynlyk duýýarsyň. Olara mysal edip, rus halk sazlaryny, M. Glinkanyň «Kamarinskaýa», I. Bramsyň «Bäşinji wenger tansy», F. Şubertiň «Serenada» sazlaryny, «Gopaçok» ukrain halk tansyny we başgalary görkezmek bolar. Professional dutar klasynda okan dutarçylaryň bu sazlary çalmadygy ýok bolsa gerek.

B. Gutlymyradow «Takdyr» diýen sazy döredýär. Bu saz bilen adybir «Takdyr» filminde Gojuk Mergen diýen ussat sazandanyň keşbini ussatlyk bilen ýerine ýetirýär.

D. Öwezow adyndaky Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesinde we Türkmen döwlet pedagogik sungat institutynda işlän wagtynda hem B. Gutlymyradow çagalar sazçylyk mekdeplerini usuly gollanmalar, görkezmeler bilen üpjün etmekde uly kömek berýär. Ol döwletimiziň dürli künjeklerinde geçirilýän bäsleşiklere emin agzasy hökmünde gatnaşdy.

1992-nji ýylda B. Gutlymyradowa türkmen milli saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri» diýen hormatly at dakyldy.

1994-nji ýylda oňa Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk saz gurallary kafedrasynyň dosenti ady berilýär.

1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medal bilen sylaglanýar.

1996-njy ýylda P. Saryýew adyndaky halk saz gurallary orkestrinde baş dirižýor bolup işleýär.

1999-njy ýylda «Gaýrat» medaly bilen sylaglanýar.

«Ata kesbi – ogla halal» diýlişi ýaly, Ata mugallymyň yzyny dowam etdirip, uly ogly, ussat wiolonçelçi Baýmyrat Gutlymyradow Türkmen milli konserwatoriýasynda mugallym bolup işleýär. Gyzy Sülgün hem mekdepde mugallym bolup işleýär.

Halypanyň kiçi ogly Toýmyrat Gutlymyradow ussat skripkaçy, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri.

Halypa, ussat sazanda Begmyrat Gutlymyradowa 2009-njy ýylda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Ol 2010-njy ýylyň oktýabr aýynda aradan çykýar.

## ATA TÄÇMÄMMEDOW
**(1950–1995)**



Türkmen milli aýdym-saz sungatynda öçmejek yz galdyran, meşhur sazanda Täçmämmet Suhangulyýewiň agtygy, Türkmenistanyň halk artisti, ussat halypa sazanda Çary Täçmämmedowyň ogly, Ata Täçmämmedow 1950-nji ýylyň 16-njy maýynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär.

Ata Täçmämmedow sazandalar maşgalasyndan bolup, oňa atasy – mukamçy kompozitor, ussat halypa sazanda, birnäçe bagşy-sazandalara halypalyk eden meşhur dutarçy Täçmämmet Suhangulyýewiň ady dakylan. Täçmämmet aganyň 1930-njy ýyllaryň ahyrlarynda Moskwa şäherinde öz döreden «Azatlyk» diýen sazyny gramplastinka ýazgy edýärler. Şeýle hem onuň döreden «Bag içinde» diýen sazy ürç edilip çalynýar. Täçmämmet aganyň ogullary Hojamämmet Täçmämmet, Çary Täçmämmet dagy hem kakalarynyň kesbi-kärini mynasyp dowam etdirdiler.

Ata Täçmämmedow hem atasy Täçmämmet agadan, kakasy Çary agadan gelýän milli saz sungatymyzy mynasyp dowam etdirip, bu inçe sungaty ýaş nesle geçirip, ençeme şägirtleri ýetişdirýär.

Ata Täçmämmedow özüniň gysga, manyly ömründe atasynyň, kakasynyň örän inçeden yzarlanýan dutar ýerine ýetirijilik sungatyny öwrenýär.

Ata Täçmämmedow 1970-nji ýylda Türkmenistanyň telekompaniýasynyň Çary Täçmämmedow adyndaky halk saz gurallary ansamblyna işe kabul edilýär. Türkmen halk aýdym-sazynyň hakyky merkezine öwrülen bu ansamblda, onuň ussatlygy has hem kämilleşip, käriniň ussady bolýar.

Ilki öz kakasy Çary Täçmämmedowyň, soňra bolsa beýleki ussat halypalaryň, egindeşleriniň beren öwüt-ündewleri onuň saz äleminiň belent basgançaklaryna galmagyna getirýär. Ol ýerde halypa bagşy-sazandalar Oraz Saryýew, Ata Ablyýew, Dörtguly Durdyýew, Oraz Begnyýazow, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew, Tugur Berdinýazow, Ýolaman Nurymow, Akmyrat Çaryýew, Nurýagdy Baýramow, Oraznepes Döwletnazarow dagy bilen işleşýär. Ansamblda işlän döwründe ýurdumyzyň dürli künjeginden gelýän bagşylara ussatlyk bilen sazandarlyk etdi. Ata Täçmämmedow Almata şäherinde geçirilen Bütinsoýuz aýdym-saz festiwalynda çykyş edip, türkmen dutarynyň ýokary professional derejesini görkezip, milli sazymyzy dünýä ýaýmakda uly işler etdi.

Ata Täçmämmedowyň milli saz sungatymyzy ösdürmekde bitiren işleri göz öňünde tutulyp, 1994-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Ata Täçmämmedow aramyzdan juda ir gitse-de, ýaşan döwründe diňe ussat sazanda hökmünde tanalman, eýsem ol mukamçy kompozitor hökmünde-de özüni halkymyza äşgär etdi. Onuň ilkinji döreden sazy, öz kakasy, ussat halypa Çary Täçmämmedowyň ýagty ýadygärligine bagyşlanan «Perzent mukamy» diýen sazydyr. Mundan başga-da ol Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny wasp edýän «Garaşsyz Türkmenistan», «Ýara sowgat» ýaly ajaýyp sazlaryňam awtorydyr. Kakasy Çary agadan öwrenip çalan «Öltürer», «Ala gaýyşly», «Ýandym», «Saltyklar», «Burnaşak» ýaly sazlary saz muşdaklarynyň aňynda ýatdan çykmajak täsir galdyrdy. Işlän döwründe Gurbanmuhammet Şypaýew, Durdymyrat Gazakow, Oraz Annanepesow, Annadurdy Allaberdiýew ýaly sazandalara hem sazyň inçe tilsimlerini öwretdi.

Ata Täçmämmedowa bagyşlap, Begenç Nurberdiýew Saparmämmet Körhanowyň sözlerine «Ussatlaryň dowamy» diýen aýdymy döretdi.

Ussat sazanda, ezber gyjakçy Muhammet Muhammetnyýazow hem öz dostunyň ýagty ýadygärligine bagyşlap «Täleý» diýen sazy döretdi. Bu sazy Türkmenistanyň halk artisti, dutarçy Oraz Annanepesow ilkinji ýerine ýetirip, radionyň altyn hazynasyna ýazga berdi, şeýle hem nota ýazgysyna geçirdi.

Ata Täçmämmedow 1995-nji ýylyň 8-nji martynda 45 ýaşynyň içinde aradan çykdy.

## MARY DUTAR ÝERINE ÝETIRIJILIK MEKDEBI

Türkmen halkynyň geçmiş durmuşyny aýdym-sazsyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Aýdym-saz diňlemek, oňa hormat goýmak türkmen halkynyň gadymdan bäri dowam edip gelýän däbi-dessury. Ol ýörelge asyrlary arka atyp, häli-häzirem dowam edip gelýär. Biziň aýdym-saz sungatymyz, ýagny, türkmen halkynyň milli saz sungaty öz gözbaşyny örän irki döwürlerden alyp gaýdýar. Munuň şeýledigini görnükli nusgawy şahyrymyz Gaýypnazar Gaýybynyň: «Saz bilen söhbete ýaman diýmäňler, Adam ata – How ene dünýä inende bardyr» diýen setirleri güwä geçýär.

Türkmen halkynyň gadymy bagşy-sazandalyk sungatynyň salyr-saryk ýoly Mary welaýatyny tutuşlygyna öz içine alýar.

Salyr-saryk ýolunyň has irki döwri hakda maglumatlar, ýatlamalar galmandyr. Bu ýoluň ady belli halypasy Jepbar saryga (Jepbar pendä) salyr-saryk ýolunyň düýbüni tutujylyk ýöňkelýär. Nobat bagşy, Oraz Salyr, Garly (kiçi) Soltan ogly – bular salyr-saryk ýolunyň Jepbardan soňky nesliniň ussatlarydyr.

Mary welaýatyna, esasan, gargy tüýdük ýa-da goşa dilli tüýdük häsiýetli. Tüýdüge ýanap aýdylmak usuly diňe Mary sebitlerinde ösüp, şol ýerde hem belent ussatlyk derejesine ýetirilenligi-de muňa şaýatlyk edýär. Galyberse-de, türkmen sazynyň taryhynda tüýdük saz guraly bilen öçmejek yz galdyran ussatlardan Mahmyt aryk Peýda tüýdükçi, Körhan, Döwletdurdy tüýdükçi, Annaguly Sary, Agajan tüýdükçi (Ýazmuhammet Kösäniň halypasy), Soltan tüýdükçi (kiçi Garlynyň kakasy), Ýazmuhammet köse (Baky Maşakowyň halypasy), Baky Maşakow ýaly tüýdükçi sazandalaryň hemmesi-de Mary sebitleriniň sazandalary bolupdyrlar. Öz wagtynda öňüne bagşy geçirmän, bütin Maryny «baglan» (sesine tabyn eden) bagşy hökmün-

de tanalan Agajan bagşy, şeýle-de Aly bagşy, Ýagşysähet Jumasähet, Halsähet Ýegenoraz bagşy, Oraz Salyr Mäti ogly, Annasähet bagşy ýaly tüýdüge ýanap aýdan bagşylar hakda-da şony aýtmak bolýar.

Salyr-saryk ýoluny mese-mälim tapawutlandyrýan esasy aýratynlyk, bu ýerde aýdymlaryň we aýdym sazlarynyň iňňän ösenligidir. Ahal-teke ýolunyň «Humarala», «Burnaşak», «Şadilli» ýa-da «Şirin-şeker» ýaly sazlaryny diňleýän saz muşdagy şol sazlaryň ýüreklere inçelik bilen täsirini ýetirýän lezzetli filosofiki duýgulary serinden geçirýän bolsa, onda salyr-saryk (Mary) ýolunyň «Ala gaýyşly», «Durnalar», «Aýlansam», «Apat», «Ýar gara gözli», «Torgaý guşlar», «Leýli gelin», «Aýjemal», «Öwezim», «Zöhrejan», «Ýar onda galdy» ýaly heňleri, olara garanyňda has ekspessiw (ýönekeý) häsiýetde, lezzetli aýdym bolup ýaňlanýar.

Heňleriň arassadan okgunly labyzlara baýlygy, düşnükliligi hiç hili filosofiýany talap etmeýän salyr-saryk (Mary ýolunyň) heňleriniň iň bir tapawutly tarapy bolup durýar.

Käbir ýerli alamatlara hem çaklamalara görä, bu ýol üçin geçmişde dutar sazlary häsiýetli bolmandyr. Oňa derek çarwa halkyna has mahsus tüýdük sazlaryna uly orun berlipdir.

Dutar saz guraly barada aýdylanda, ol diňe tüýdük ýok ýerinde esasy ýerine ýetiriji aýdymçynyň gapdalynda sazandalyk ediji sadaja gural hökmünde ulanylypdyr.

Aşgabatda 1927-nji ýylda türkmen radiosynyň açylmagy bilen, bagşy-sazandalaryň merkezleşmegi, salyr-saryk ýolunyň Oraz salyr, Garly bagşy, Nobat bagşy ýaly görnükli wekilleriniň hem işe çagyrylmagy bilen, dutar sungatynyň salyr-saryk (Mary) ýolunda täze etap başlanýar, ýagny ýakyn aragatnaşyklar netijesinde, bu ýola ahal-teke ýolunyň mukam sazlarynyň täsiri ýetip başlaýar. Şeýlelikde, salyr-saryk ýolunyň aýdym-sazlarynyň ýörite dutar üçin işlenen instrumental eserleri peýda bolup ugraýar. Salyr-saryk (Mary) ýoly diýlip atlandyrylýan bu ýoluň Öwezdurdy Welmämmedow, Gurbandurdy Muhyýew, Durdy Myradow, Dürnazar Hudaýberenow (Türkmengalaly belli sazanda Durdy Myradowyň şägirdi), Oraz Bagybekow, Han Akyýew, Ýazgeldi Kuwwadow, Amannazar Ataýew, Ödenyýaz Nobatow ýaly ussat sazandalary Mary dutar ýerine ýetirijilik sungatynda öçmejek yz galdyran dutarçylardyr.

## ÖWEZDURDY WELMÄMMEDOW
**(1886–1972)**



Meşhur sazanda Öwezdurdy Welmämmedow Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda dünýä inýär. Ol şol ýerde tä ýigriminji ýyllaryň aýaklaryna çenli ýaşaýar. Pendi taraplarynyň bagşy-sazandalary bilen bile tirkeşýär. Türkmenistanyň halk bagşylary Garly Ilamanyň, Nobat bagşynyň, Hydyr bagşynyň ýanynda saz çalyp gezýär.

Ol bütin ömrüni dutar çalyp geçirenem bolsa, onuň il arasynda ýörgünli ady Öwezdurdy bagşy bolupdyr. Öwezdurdy Welmämmet 1930-njy ýyllaryň başlarynda Türkmenistanyň radiosynda iň atly-abraýly sazandalaryň biri bolup işläpdir.

Öwezdurdy Welmämmedow 1935-nji ýylda Moskwa şäherine gidip, ol ýerde geçirilen aýdym-saz ýazgysyna gatnaşýar. Garly bagşynyň «Torgaý guşlar», «Leýli gelin», Nobat bagşynyň «Amman-Amman», «Şirmaýy darak», «Owadan gelin», Ýoldaş bagşynyň «Apbanepes» ýaly aýdymlary gramplastinka üçin ýazdyrylanda, olara sazandarlyk edipdir. 1939-njy ýylda Ö. Welmämmedow Moskwa şäherine ikinji gezek gidýär. Ol şonda güneşli ülkämiziň beýleki sungat ussatlary bilen Oba hojalygynyň gazananlarynyň sergisinde saz çalýar.

Öwezdurdy Welmämmedow Ýolötende ýaşan ýyllary medeniýet öýlerinde ýaş höwesjeňlere saz öwredip başlaýar. Türkmenistanyň at gazanan bagşy-sazandasy Oraz Bagybekow, Durdy Myradow ýaly ussat sazandalary ýetişdirýär.

Ol heňleri oba-oba edip çalmaga örän ökdedi. Dutardan owaz alşam beýleki sazandalaryňkydan üýtgeşik ýalydy. Türkmenleriň ýyllar boýy diňläp gelýän «Nowaýylarynyň», «Alagaýyşlylarynyň» täsin nusgalaryny ussatlyk bilen çalyp, geljekki nesillere ýadygär goýup gitdi.

Öwezdurdy Welmämmet Türkmenistanyň radiosy bilen ýakyn aragatnaşykda bolýar. Onuň 1957-nji ýylda, garran çaglary çalan

sazlarynyň-da birnäçesi türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar.

Halypa sazanda Ö. Welmämmedow 1972-nji ýylda aradan çykýar. Ussat sazandanyň çalan «Ol ýylan», «Söýgüli jenan», «Ýusup owgan» ýaly sazlary radioda henizlerem ýaňlanyp dur.

## GURBANDURDY MAHYÝEW
**(1890–1938)**

Meşhur sazanda Gurbandurdy Mahyýew, takmynan, 1890-njy ýyllarda Mary sebitlerinde eneden dogulýar. Ol ýaşlykdan Şükür bagşa şägirtlige barýar. Şükür bagşydan dutar çalmaklygyň inçe syrlaryny öwrenýär. Ol Şükür bagşyny öz halypasy saýyp, ol nirä gitse, nirelerde bolsa-da, ýanyndan aýrylmandyr. Şükür bagşynyň Gurbandurdy Mahyýewden başga-da birnäçe şägirtleri bolupdyr. Ýöne ol Gurbandurdy Mahyýewiň erjellik bilen dutara ýapyşyşyna, görkezen öwrümlerini çalt alşyna, diýseň göwni ýetipdir. Şol sebäpdenem, Şükür bagşy öz şägirdi Gurbandurdy Mahyýewi ömrüniň ahyryna çenli öz ýanyndan goýmandyr.

Gurbandurdy Mahyýew «Ol daglaryň», «Ýyldyz dagy», «Şordan tapyldy», «Ybraýym şadilli», «Goňurbaş mukamy» ýaly sazlary öz halypasyndan öwrenişi ýaly, kemini goýman çalmagy başarypdyr. Sazanda Gurbandurdy Mahyýewiň saz repertuary baýlaşandan soň, çalýan sazlaryny Mary äheňlerine salyp, özüçe sazandalyk ýoluny döredip başlaýar.

Meşhur Şükür bagşy öz şägirdinden artykmajy bilen tamasynyň ýerine gowşandygyny duýýar. Gadymy türkmen bagşy-sazandalaryndan däp bolup gelşi ýaly, halypa şägirdinden göwni bitensoň, oňa «ak pata» berýär. «Ak pata» alan şägirt il arasynda, toý-meýlislerde aýdym aýdyp, saz çalmaklyga hukukly bolupdyr. Meşhur Şükür bagşy-da ömrüniň ahyrky ýyllarynda şägirdi Gurbandurdy Mahyýewe «ak pata» beripdir. Halypasynyň synagyndan geçen Gurbandurdy Mahyýew saz ummanyna täzeçe girişip başlaýar. Ol Mary etraplarynyň bagşylarynyň aýdýan aýdymlaryny heňe geçirip, özüçe halk sazlaryny döredip başlaýar.

Meşhur sazanda Gurbandurdy Mahyýew 30-njy ýyllarda Marynyň Kemine adyndaky teatrynyň garamagyndaky bagşy-sazandalardan ýygnalan dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk edýär. Şol döwür ansamblda meşhur Hydyr bagşy, Nursähet bagşy, sazanda Durdy Myradow we başga-da birnäçe bagşy-sazandalar işläpdir.

Meşhur Gurbandurdy Mahyýew sazanda Durdy Myradowy ýaşlygyndan özüne şägirtlige alýar. Ol Durdy Myradowa sataşan wagty, ýaşlygyna garamazdan, onuň dutara erjellik bilen erk edişine, owaz alşyna haýran galypdyr. Ol ýaş sazandany öz ýoluna ugrukdyrmagy başarypdyr. «Şägirt halypasyndan ozdurmasa, kär ýiter» diýlişi ýaly, sazanda Durdy Myradow hem öz halypasyndan ozdurmasa-da, yza-ha galmandyr.

Halypa sazanda Gurbandurdy Mahyýew dünýäden ötenden soň, onuň sazandalyk ýoluny dowam etdirmek şägirdi Durdy Myradowyň paýyna düşýär. Gurbandurdy Mahyýew 1938-nji ýylda aradan çykýar.

## DURDY MYRADOW
**(1902–1972)**



Meşhur sazanda Durdy Myradow türkmen milli saz sungatymyzyň ösmegine uly hyzmat eden halypalaryň biridir. Ol 1902-nji ýylda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Mülkýazy obasynda dünýä inýär. D. Myradow ýaşlygyndan aýdym-saza höwesli bolup, Şükür bagşy, Agajan bagşy ýaly halypalary diňleýär.

Meşhur sazanda ýaşlygyndan Gurbandurdy Mahydan tälim alyp, ökde dutarçy bolup ýetişýär. Ondan başga-da birnäçe halypalar, ussat bagşy-sazandalar kiçi Garly, uly Garly, Nobat bagşy, Amansaçly Annaýew, Babanyýaz Gurbanow dagy bilen tirkeşip, köp zatlary öwrenipdir. Ol Hydyr bagşy, Nobat bagşy, Nursähet bagşy, sazanda Öwezdurdy Welmämmet, tüýdükçi Ýazmuhammet Köse dagy bilen 1930-njy ýylda Aşgabada

gidip, ol ýerde Türkmen radiosynyň ansamblynyň sazandasy bolup gezýär. Türkmenistanyň halk bagşysy Sahy Jepbarowdan başlap, ençeme bagşa sazandarlyk edýär.

Durdy Myradow Aşgabada barýan wagtlary Sahy Jepbarowyň öýünde ýaşapdyr. Soň Mylly aganyň tagallasy bilen özbaşdak jaýly bolupdyr.

Şol ýyllarda bagşy-sazandalardan düzülen topara ýolbaşçylyk edip, Türkmenistanyň dürli künjeklerinde özleriniň konsert programmalary bilen çykyş edip, halka hezil beripdirler.

D. Myradow Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp, agyr söweşde ýaralanyp, dogduk obasyna dolanyp gelýär.

Meşhur sazanda 1939-njy ýylda Moskwa şäherine gidip, «Oba hojalygynyň gazananlarynyň sergisine» gatnaşýar. 1944-nji ýylda bolsa Orta Aziýa we Gazagystan halklarynyň Daşkent şäherinde geçirilen edebiýat we sungat baýramçylygyna gatnaşyp, milli sazlarymyzyň şan-şöhratyny ýokary göterýär. Hut şol ýyllar onuň ussatlyk bilen çalan sazlary Eýranyň ençeme obadyr şäherlerinde ýaňlanýar. Ol dürli ýyllarda geçirilen saz ýazgylaryna gatnaşýar. Şol ýyllarda Durdy Myradowyň çalan «Kiçi» atly halk sazynyň gramplastinkasy peýda bolýar.

50-nji ýyllaryň ortalarynda Türkmenistan radiosy üçin onuň otuza golaý sazy ýörite ýazylyp alynýar. Meşhur sazandanyň nusgalyk üçin çalan «Dilber» we «Zöhrejan» atly halk sazlary bolsa 1967-nji ýylda telewideniýe üçin surata düşürildi.

Beýik Watançylyk urşunyň öňüsyrasynda ol Türkmen döwlet filarmoniýasynda M.Täçmyradow dagy bilen işläpdir. Onuň saz çalşy özboluşly bolup, şol bir sazy dürli-dürli çalmagy başarýar eken. Mysal üçin, «Dilber», «Jelili» ýaly sazlary radio ýazgysynda birhili çalan bolsa, il içindäki ýazgylarynda, 3–4 görnüşde, biri-birinden gowy edip çalypdyr. Saz çalşynyň ýene-de bir üýtgeşik tarapy–kakuwy meňzeşräk sazlary yzly-yzyna sepläp, arasyny kesmän çalan ýerleri bar.

Mysal üçin, «Balsaýadyň», «Gara gözliniň» yzyna «Orazymy» sepläp çalan ýazgylary bar. D.Myradow diňe bir dutar çalmak bilen çäklenmän, gargy tüýdügi, dilli tüýdügi, tary hem çalypdyr.

D. Myradow Mary etrabynda «Durdy aganyň» çalşy diýen ýoly goýan halypadyr. Ol, köplenç, aýdym heňlerini saz edip çalypdyr, onuň şägirtlerinden D.Hudaýberenowy has ussat şägirdi hökmünde görkezmek bolar.

Ol halypasy Durdy agadan öwrenen saz çalmagyň dürli çylşyrymly tärlerini we çalan sazlaryny ussatlarça ýerine ýetirýär. Onuň çalan «Oýan» diýen sazyny diňläniňde, saz D. Myradowyň çalşyna meňzeýär, ýöne ol bu saza özüçe üýtgeşiklik girizip, täze usul bilen has hem owadanlap çalýar. Häzirki döwürde D. Myradowyň çalyş ýoluny ýöredýän sazandalardan H. Akyýew, Ý. Kuwwadow, A. Ataýew, Aşyr Nurlyýew, Abdy Sähedow, Orazgeldi Hallyýew, Bäşim Geldiýew dagylary görkezmek bolar.

Durdy Myradow ömrüniň köpüsini Türkmengala etrabynda geçirdi. Şol etraplara özüniň ilhalar sungatyny bagyş etdi. Durnazar Hudaýberenow, Orazgeldi Hally, Aşyr Nurly, Bäşim Geldi, Agamyrat Nury ýaly ezber sazandalaryň ýüze çykmagyna sebäp boldy.

Halypanyň il arasynda tutulýan ady, lakamy «Durdy keçje» ýa-da «Durdy kör» bolupdyr. «Keçje» lakamyny özdiýenli häsiýetli bolany üçin, «Kör» lakamyny bolsa bir gözüniň görmeýänligi sebäpli alypdyr.

Meşhur sazanda Durdy Myradow 1972-nji ýylyň mart aýynda aradan çykýar.

1992-nji ýylda merhum Durdy Myradowa «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.

## ORAZ BAGYBEKOW
**(1922–1988)**



Milli aýdym-saz sungatynyň ösmeginde sazanda Oraz Bagybekowyň hem mynasyp orny bar. Onuň inçeden şirin we ýokary ussatlyk bilen ýerine ýetirýän sazlary diňleýjini bada-bat maýyl etmegi başarýar.

Oraz Bagybekow 1922-nji ýylda Tagtabazar etrabynda dünýä inýär.

Ýaşlykdan gojalaryň gürrüň-hekaýatlaryny nebsewürlik bilen diňläpdir, düýrmegi bilen aýdym-saz muşdagy bolan Oraz aýdym aýdylyp, saz çalynsa, rowaýatdyr kyssa ýerine ýetirilse, özüniň zehin gazanyny atarar eken. Gönezligiň galmagyna ýardam eden aýdym-saz, soňra onuň hemişelik hemrasy bolup galýar. Öz töwereklerinden Kemet diýen bagşy 7–8 ýaşly Orazjyga gaçmak-kowmak düzgünlerini öwredipdir. Meşhurlyk gazanyp ugrandan soň, sazanda Öwezdurdy Welmämmedowdan tälim alyp başlaýar.

Öwezdurdy aga saryk-salyr ägirtleri kiçi Garly (Soltan tüýdükçiniň ogly), uly Garly Ýolaman ogly, Nobat bagşy ýaly ussatlygy ýokary derejä ýeten bagşylar bilen saz çalşyp, olaryň tälim-täsirini özüne geçirmegi başaran sazanda bolmaly. Mundan başga-da Oraz aganyň özi hem Nobat bagşyny, uly Garlyny görüp we diňläp, kiçi Garlynyň plastinkalaryny gana-gana eşidensoň, şolaryň ýitiligine haýran galyp, olaryň başarnygyny gije-gündiz aňynda aýlap gezişine, kem-kemden ussatlyk deňzini boýlap ugrapdyr. Ussat halypalaryň arasynda berk erjellik Orazyň özüniň hem ussatlaryň ýoluny ýöretmegi başaran ussat diýilmegine sebäp bolupdyr.

Ussat dutarçy Oraz Bagybekowyň aýdym-sazlaryň gürrüň taryhyny bilmegi, inçe tärlerini özleşdirmegi onuň bagşyçylyk ýoluna imrigip ugran şägirtleriniň başarnyk derejesini kesgitlemegine şert döredipdir.

Oraz Bagybekowa Ödenyýaz Nobatow «Öz halypalarynyň içinde mynasyp orun tutanlaryň biri» diýipdir. Beýle bahanyň hakdygyny aýdym-saza baha berip bilýän ýaşulularyň köpüsiniň «kiçi Garlydyr Nobaty küýsedenok şü» diýmekleri hem tassyk edýär. «45–50 ýaşlarynda Oraz aganyň başarnygynyň, ussatlygynyň, ýokary derejä ýeten döwri» diýip, Gurbanmyrat Gadamow halypasyny ýatlaýar.

Şägirtlerinden Agamyrat Nuryýewi, Pälwan Gurbanowy mysal getirmek bolar.

«Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen ada, hormat hatlaryna, birnäçe medallara mynasyp bolan ussat Oraz Bagybekowyň käri mugallym bolupdyr, birnäçe jemgyýetçilik işlerinde işläpdir.

Oraz Bagybekow 1988-nji ýylda aradan çykýar.

# HAN AKYÝEW
**(1922–1998)**



Türkmenistanyň saz medeniýetiniň gadymy hem gyzykly taryhy bar. Asyl durky boýunça halky bolan türkmen sazy dilden aýtmak arkaly ösüp, nesilden-nesle geçip gelipdir.

Halk bagşysynyň sungaty türkmen sazynyň esasy özenleriniň biridir. Halk bagşylary we sazandalary wagtyň synagyndan geçen nusgalyk ýerine ýetirijilik mekdebini döretdiler. Nobatnyýaz bagşy, Durdy bagşy, Şükür bagşy ýaly halk ussatlarynyň sungaty biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir.

Bizden öň ýaşap geçen belli-belli ussatlaryň saz sungaty bilen şu günki döwri baglaşdyrýan göze görünmeýän sapajyklar häzirem bar. Bellibir ýerine ýetirijilik däpleri, tehniki usullar saklanyp galypdyr, olar geçip giden ýyllaryň köpdürlüligini we öwüşginlerini özüne siňdirip, halk sazandalarynyň ezber ellerinde täzeden janlanýar. Türkmen halk sazlaryny ussatlarça ýerine ýetiriji, zehinli dutarçy, Türkmenistanyň halk artisti Han Akyýew hem şol öňden gelýän ýerine ýetirijilik däplerini dowam etdirijidir.

Han Akyýew 1922-nji ýylyň 5-nji maýynda Mary welaýatynyň Murgap etrabynda eneden doguldy.

Han Akyýewleriň maşgalasynda sazyň gadyryny bilýärdiler. Onuň kakasy Aky aga beýle bir çylşyrymly bolmadyk sazlary çalardy. Ol oglunyňam dutara, saza meýillidigini aňyp, onuň bu hünäri öwrenmegi üçin elinden gelenini etdi. Han ýedi ýaşa ýetende, öz daýysy Oraz Batyrowdan dutar öwrenip başlady. Soňra ol Ahaldan Murgaba göçüp baran, türkmen sazyny gaty gowy bilýän Durdymyrat Abyl bagşydan tälim alýar. Öz wagtynda Durdymyrat Abyl bagşy meşhur Şükür bagşydan tälim alan eken.

Han Akyýewiň ýaş döwürlerinde Abyl bagşynyň (oňa syrdam boýly bolanlygy üçin Uzyn bagşy hem diýipdirler) öýi Murgapda

özboluşly bir saz merkezi bolupdyr. Ol ýere soň belli sazandalar bolup ýetişen Ýazgeldi Kuwwadow, Gurbansähet bagşy, Oraznyýaz Atanyýazow ýaly ýaşlar häli-şindi barar ekenler. Bu öýde elmydama halk sazy ýaňlanar eken, belli sazandalaryň saz çalyş tärleri barada söhbet gurup, ussat sazandalar ýaşlara sapak berer eken. Ady agzalan sazandalar hakyky halk döredijilik mekdebinde şeýdip kämilleşen ussatlardyr.

Zehinli ýaş ýigit turuwbaşdan dutara ezberlik bilen erk edýändigini görkezip ugraýar. Han Akyýew ýaşlykdan Gurbansähet bagşynyň, Allanazar bagşynyň ýanynda saz çalyp, köp-köp toýlary bezäpdir. Bagşylar dem-dynç alan wagtlary, Han entek onçakly baý bolmadyk repertuarynda halk sazlaryny çalar eken. Ol meşhur sazanda Durdy Myradow bilen ýakyn gatnaşykda bolup, ondan halk sazlarynyň dürli-dürli çalnyş usullaryny, tärlerini öwrenipdir.

Han Akyýew beýleki ussatlaryň ýerine ýetirijilik tärlerini-de yhlas bilen öwrenip, özi üçin bahasyna ýetip bolmajak hazyna edinipdir. Ol Tagtabazar etrabynda Garly bagşy ýaly uly halypalaryňkyda ýygy-ýygydan bolup, olaryň repertuaryny, döredijilik aýratynlyklaryny, saz çalyş tärlerini öwrenipdir. Ýöne Han Akyýewiň meşhur sazanda bolmagynda Durdymyrat Abyl bagşynyň hem-de Durdy Myradowyň uly tagallasynyň bolanlygyny arkaýyn aýtmak bolar. Han Akyýewiň repertuaryndaky «Dilber», «Bedew», «Karar oldum», «Çykdym güller», «Ol ýylan» ýaly halk sazlaryny diňläp, olarda Durdy Myradowyň saz çalyş tärleriniň bardygyny saýgarmak kyn däl.

1940-njy ýylda Han Akyýewi Marynyň Kemine adyndaky drama teatrynyň saz toparyna solist hem sazanda hökmünde işe çagyrýarlar. Ýöne teatrda uzak işlemek miýesser etmedi. Ol 1943-nji ýylda Ukraina frontunyň 730-njy atyjylyk polkunda gulluk etmeli bolýar. Sazanda Demidow diýen şäheri duşmandan azat etmek ugrundaky söweşde agyr ýaralanyp, bir ýyllap Moskwanyň gospitalynda ýatýar. Ol söweşjeň zähmeti üçin Beýik Watançylyk urşunyň ordeni bilen hem SSSR-iň medallary bilen sylaglanýar. 1944-nji ýylda Beýik Watançylyk urşunda maýyp bolup, öýüne dolanyp gelýär. Han Akyýew uruşdan soň sazandalyk etmek bilen birlikde, umumybilim berýän mekdepde mugallym bolýar. Ol bu ugurda öz bilimini ýokarlandyrmak

üçin 1946–1948-nji ýyllarda Aşgabadyň mugallymçylyk institutynyň filologiýa fakultetinde okuwyny dowam etdirýär.

Wagt diýeniň gaty çalt geçýär. 1948-nji ýyl Han Akyýewiň ýadyndan çykmasa gerek. Şol ýyl Myrat Öwezli diýen bir gurply adam meşhur Girman bagşyny toýuna çagyrýar. Myhmanlar ýygnanypdylar. Her kim arzyly bagşynyň gelerine garaşýardy, toýa Han Akyýewem çagyrylypdy. Ol saz çalyp, märekäni güýmäp otyrdy. Han dutaryna, sazyna gümra bolup, Girman halypanyň içerik girenini-de duýmandyr. Ony görensoň bolsa, çekinjeňlik bilen ýerinden turdy. Girman bagşy oňa ýene bir-iki sany saz çalyp bermegi haýyş etdi. Hanyň çalan sazyny üns bilen diňläp, öz endigine görä, çalt-çalt gürledi. «Berekella-berekella, elleriňe güller bitsin, seniň çalýan heňleriň owazy üýtgeşik öwşün atýar. Sazanda geregem şol-da». Han ýöwselleýärdi, bu belli bagşynyň göwnünden turmagyň aňsat däldigini bilýärdi. Aslynda, Han bu ussady ýakyndan diňlemegiň meýlindedi.

Han uly halypany uzynly gijesi bilen diňledi. Girman bagşynyň ussatlygyna haýranlar galdy. «Aýdym bilen sazyň biri-birine sepleşişini diňlesene. Ol joşup-joşup ylhamlanyp aýdym aýdanok-da, edil gözüň alnynda jadyly bir gudrat görkezýär» diýip, Han Akyýew ýatlaýar.[1]

1950-nji ýylda Han Akyýewi Mary welaýat halk döredijilik öýüniň direktory wezipesine belleýärler. 1955-nji ýylda bolsa ol Marynyň Kemine adyndaky drama teatryna işe geçýär. Şol wagt Hangeldi Annamyradow, Gaýgysyz Çaryýew, Rejepnur Jumamuhammedow ýaly zehinli ýaşlaram teatrdadylar. Han Akyýew şol wagtlar ýerine ýetirijilik ussatlygyny kämilleşdirmäge aýratyn köp üns berýär, sazyň her öwrüminiň göwnejaý ýaňlanmagyny gazanmak bilen, barha belent sazlary öz repertuaryna ornaşdyrýar.

Han Akyýew 1964-nji ýylda oguljygy Gulbaba bilen Türkmen edebiýatynyň we sungatynyň Moskwada geçirilen ongünlügine gatnaşýar. Ongünlük döwri berlen konsertlerde ol halk sazlaryny ýekelikde ussatlarça ýerine ýetirýändigini görkezdi. 8 ýaşlyja Gulbabanyň çykyşy moskwalylarda aýratyn täsir galdyrdy. Onuň näzijikden dury sesi, sahnada özüni uly adam ýaly tutuşy, aýdymy zehin bilen aýdyşy

[1] *Gandymow Ö., Larionow W.* Döwürleri baglanyşdyran tar. A. O.U.M. 1992. s. 7–15.

sazyň–senediň gadyryny bilýän paýtagtly tomaşaçylaryň göwnünden turan bolarly. Sebäbi, Gulbabanyň her çykyşy gürrüldili el çarpyşmalara mynasyp bolýardy.

Ongünlük tamamlanandan soň, saz sungatynda gazanan üstünlikleri we ony ösdürmäge goşan goşandy üçin Han Akyýew Hormat haty bilen sylaglanyldy. Şol ýyl oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen belent at dakyldy.

1974-nji ýylda Mary welaýat filarmoniýasy açylyp, Han Akyýewi dutarçylar ansamblynyň ýolbaşçysy bolup işlemäge çagyrdylar. Ol tä dynç alşa çykýança (1979 ý.) ansambla ýolbaşçylyk edýär. Ussat bagşy Rejepnur Jumamuhammedow, Türkmenistanyň halk artisti Gaýgysyz Çaryýew dagy bilen bilelikde işlemek ýene-de oňa miýesser edýär. Han Akyýew filarmoniýada işlemek bilen, döwletimiziň ähli künjeginde diýen ýaly gastrolda bolýar. Sazanda her gezek täze bir ýere baranda, gören-eşiden täze-täze zatlaryny öz döredijiligine siňdirýär. Han Akyýew Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Magtymguly Garlyýew, Sahy Jepbarow, Çary Täçmämmedow ýaly halk sazynyň ussatlary bilen ýygy-ýygydan duşuşyp durýar. Şeýle duşuşyklar oňa köp-köp gowy zatlary öwredýär, onuň ýerine ýetiriş ussatlygyny artdyrýar.

Han Akyýew öz gezeginde bilýän zatlaryny, tejribesini şägirtlere sahylyk bilen öwredýär. Aýratynam ol ýolbaşçylyk edýän ansamblynyň artistlerine köp üns berýär. «Han aga dürli ýollardan saz çalmagy gaty gowy görýän adam. Ol sazlary sünnäläp çalmagy ündäp, özi irmän-arman günde 5–6 sagatlap saz çalýarmyka öýdýän» diýip, bagşy Rejepnur Jumamuhammedow aýdýar.

Han Akyýewi özboluşly saz çalyş usuly bolan türkmen halk ýerine ýetirijilik döredijiliginiň uly ussatlarynyň hataryna goşmak bolar. Han Akyýewiň dutar çalyş täri ondan ses almaklyk aýratynlygy bilen tapawutlanýar: Dutarçy saz çalanda bilegi gapagyň üstünde goýmak bilen, dutaryň gapagyna degmän, kakuwy perdelere golaý ýerlere kakyp çalýar. Bu usul, esasan, «Şelpe kakuwy» bilen däl-de, sag eliň başam hem süýem barmaklary arkaly ýerine ýetirilýär. Şonuň üçinem dutaryň owazy has dury çykýar. Tarlara kakylan mahalynda, «bilek» bir gysýar bir-de daşlaşýar. Ol çalynýan saza, oňa nähili dinamiki öwüşgin bermelidigine bagly. Şeýlelik bilen, «bilek» goýulmadyk

wagty, owaz erkin ýaňlanýar, «bilek» goýlanda bolsa, ol basygrak bolýar. Şeýle akustik effekt Ahal saz çalnyş usullarynda seýrek gabat gelýär. Bu usul Han Akyýewiň umumy saz çalyş däbi bolup, şol hem onuň saz çalşyny beýleki sazandalaryňkydan tapawutlandyrýar.

Sazanda bu täri örän täsirli, ussatlyk bilen ulanýar. Han Akyýewiň çalan «Kän güldi», «Aý indi» diýen ýaly türkmen halk sazlarynyň ýazgysyny diňläp, munuň şeýle usulda çalnandygyna göz ýetirmek kyn däldir.

Mundan başga-da Han Akyýew çep elini-de ezberlik bilen işledýär. Dutarçy üçünji barmak bilen ikinji pozisiýadan iki sesi bilelikde alýar-da, «Legato» usul bilen, bir kwartadan başga bir kwarta geçýär.

Dürli-dürli saz çalnyş ýollaryndan gowy habarlydygyna garamazdan, Han Akyýew öz ýerine ýetirijilik däplerine eýerýär, ol hiç wagt hiç kimi gaýtalamaga ymtylyş etmeýär. Muňa öz stilini saklap, sazlara dürli öwrümleri, çylşyrymly tilsimleri ussatlarça girizen sazandanyň «Haraýym döndi», «Aý indi» we şular ýaly türkmen halk sazlarynyň ýazgysy mysal bolup biler. Han Akyýew «Bilbil gördüm», «Açylmazmy» diýen halk aýdymlaryny dutarda ýekelikde çalmak üçin täzeden işledi.

Eger Han Akyýewiň döredijiligine üns berip, syn etseň, onuň dürli sazandalyk ýollarynda – ahal, ýomut, mary ýollarynda halk aýdymlarynyň heňleriniň dutarda saz görnüşinde çalmak ugrunyň agdyklyk edýändigini aňmak kyn däldir. Iň bir ýönekeýje heňi hem hakyky ussat çalanda, ol hakyky sungat eserine öwrülýär. Munuň üçin ezberlik, baý döredijilik fantaziýasy, heňi öz çeperçilik duýgularyň bilen bezemäge başarnyk, ýokary estetiki duýgy gerek. Han Akyýewde bu zatlaryň hemmesi bar, sebäbi halk aýdym-heňleriniň ençemesi onuň tagallasy bilen dutarda ýekelikde çalmak üçin instrumental eserlere öwrülip gitdi. Olara mysal edip, «Derdiňden», «Teşnit», «Gelinler», «Bilbil gördüm» (Sahy Jepbarowyň ýolundan), «Aýy rugsarym gerek» (Ilaman Annaýewiň ýolundan) diýen sazlary görkezmek bolar.

Öz wagtynda Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew hem halk aýdym heňlerini dutarda çalmakda (instrumental saza geçirmekde) uly iş edipdirler. Olar özlerinden öňki ussatlaryň asyrlar boýy toplan tejribesini baýlaşdyrmak bilen birlikde, öz zehinleri arkaly saz çalnyşynyň bu usulyna täzeçe öwüşgin çaýdylar.

Han Akyýewiň hyzmaty şu asylly däbi dowam etdirip, aýdymyň heňini, onuň içki aýlawlaryny iňňän ünsli öwrenýänligindedir, her bir eseriň inçeden-inçe tapawutlaryny içgin seljerýänligindedir, şolara daýanyp, instrumental interpretasiýalaryny döredýänligindedir.

Han Akyýewiň meşhurlygy onuň sazlarynyň halk sazyny söýýänleriň müňlerçesi üçin düşnüklidigindedir. Sazandanyň bu ugurda bitiren hyzmatlary uludyr.

Han Akyýewiň ýerine ýetirýän sazlarynyň içinde halk instrumental sazlarynyň, şol sanda Mylly Täçmyradowyň, Pürli Saryýewiň ýerine ýetirijilik repertuaryndan alnan sazlaryň hem onlarçasy bar. Onuň bu sazlary çalşy hem täsirliligi, dinamik köpdürlüligi bilen tapawutlanýar.

Görnükli kinorežissýor Alty Garlyýewiň, zehinli kompozitor Nury Halmämmedowyň sazyna döreden «Aýgytly ädim» filminde baş gahrymanlaryň biri Aýnanyň kalbynda gopýan harasady ýüze çykarmak üçin «Derman eýledi» atly halk sazyny Han Akyýewiň çalmagynda ulandylar.

Döwletimiziň saz jemgyýetçiligi Han Akyýewi diňe bir ussat sazanda däl, eýsem birtopar gowy aýdym-sazlaryň awtory hökmünde-de tanaýarlar. Ol Begmyrat Ussaýewiň sözlerine ýazylan «Şan-şöhrat saňa», «Bagt kanaly», «Güller oýnaşar» diýen aýdymlaryň awtorydyr. «Öz halkymyň bagşysy men» diýen aýdymyň bolsa sözlerini-de awtoryň özi ýazýar. Han Akyýewiň «Al-elwan güller» diýen sazy köp ýyllap Mary welaýat dutarçylar ansamblynyň repertuaryndan düşmän geldi, respublikan radioda berildi. Bu ansambl Han Akyýewiň ýolbaşçylygynda uly abraýa eýe bolýardy, belli saz toparynda ykrar edildi, ol türkmen halk sazyny köpçülige ýaýradyjy boldy. Ansamblyň topary ençeme zehinli sazandalary ýüze çykardy. Türkmenistanyň halk artistleri H. Annamyradow, A. Ataýew we beýlekiler uly saz älemine tarap ilkinji gezek şu ansambldan gadam urupdylar. Däp bolşy ýaly, Han Akyýew Amannazar Ataýew, Myrat Gylyçmyradow, Jumageldi Çaryýew, Döwlet Ballykow, ýaşlardan Şatlyk Sylabow, Çary Akmämmedow, Durdymyrat Öwezow ýaly şägirtlerine ak pata berip goýberdi.

Han Akyýewiň döredijilik terjimehalynda onuň ogly Gulbabanyň saz äleminde üýtgeşik tebigy zehinli bolanlygy barada aýdylýar. Ol

1956-njy ýylyň 22-nji aprelinde dogulýar. 1962-nji ýyldan başlap halk sazynyň welaýat, döwlet festiwallaryna gatnaşýar. Gulbaba 1964-nji ýylda Moskwada Türkmen edebiýatynyň we sungatynyň günleriniň bellenilýänligi sebäpli çykyş etmäge çagyrylýar. 1966-njy ýylda Gulbaba biziň aramyzdan gitdi. Onuň «Öz halkymyň bagşysy men», «Begler» diýen ajaýyp aýdymlary ömri gysga zehiniň şugla saçan öwüşgini bolup galdy. Gulbaba bary-ýogy on ýyljyk ömrüniň içinde tutuş türkmen halkynyň söýgüsini gazanyp bildi. Onuň aýdan aýdymlary kinofilmlerde ýaňlandy, zehinli oglanjygyň ýagty ýadygärligine goşgular ýazyldy, halyçylar onuň eli dutarly suratyny hala çitip, kakasyna gowşurdylar.

Han aga ogluna entek üç ýaşyndaka saz öwredip başlaýar, ol ogly üçin kiçijik çaga dutaryny ýasaýar. Gulbaba şol dutarda ilkinji saz endiklerini öwrenýär. Ataly-ogul halys ýadaýançalar, saza gümra bolýarlar. Gulbabanyň tebigy zehini kakasynyň yhlasy arkaly gün-günden kämilleşýär.

Han Akyýewiň zehini iňňän köp taraplydyr. Ol diňe bir ökde sazanda, ajaýyp halypa, kompozitor-usulçy däl, eýsem zarňyldap duran saz gurallaryny ýasamagyň hem ussadydyr. Ol otuz ýylyň dowamynda şeýle saz gurallaryň ençemesini ýasap, edebiýat, sungat işgärlerine sowgat berdi.

Göwnüňe bolmasa, Han Akyýewiň döredijilik ylhamy elmydama joşup duran ýalydy. Ol köp ýyllaryň dowamynda goşgy ýazýar, şeýle hem «Babagammar» diýen sazly dramanyň hem awtorydyr. Drama ilki goşgy bilen ýazylyp, soň dramaturg B. Gurbanow bilen bilelikde pýesa görnüşine geçirildi. A. Gulmämmedow adyndaky Türkmen döwlet ýaş tomaşaçylar teatry bu dramany sahnada goýdy, onuň sýužeti dutary döreden Babagammar hakdaky rowaýata esaslanýar. Bu oýun tomaşaçylaryň göwnünden turup, 1990-njy ýylda «Älemgoşar» atly festiwalda birinji orna mynasyp boldy. Bu oýun Duşenbe şäherinde geçen Orta Aziýa we Gazagystan döwletleriniň teatrlarynyň regional festiwalyna hem gatnaşdy.

Han Akyýew ömrüni sungata, saza hyzmat etmäge bagyşlan adamlary halk unutmaly däldir diýip aýdýar. Ol aramyzdan giden halk sazandalaryny ýatlap geçirilýän çärelere işeňňir gatnaşýar, olarda öz ýürekden çykan sazy bilenem, goşgulary bilenem çykyş edýär.

Hydyr bagşynyň, Nobat bagşynyň, Oraz Salyryň, Şükür bagşynyň we beýlekileriň ýubileýlerinde-de ol şeýle etdi.

Halk sazyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary hem ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin Han Akyýewe 1990-njy ýylda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy. Han Akyýew 1998-nji ýylda aradan çykýar.

## DURNAZAR HUDAÝBERENOW
**(1927–1982)**



«Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter» diýlişi ýaly, halypa sazanda Durdy Myradow hem özüne mynasyp şägirt ýetişdirip gidipdir. Türkmen milli saz ýerine ýetirijilik usullarynda özüniň öçmejek yzyny galdyryp, oňa uly goşant goşanlaryň biri hem, halkyň içinde sazandalykda, adamkärçilikde halkyň at-abraýyna mynasyp bolan meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenowdyr.

Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenow 1927-nji ýylyň 9-njy maýynda Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşiginde daýhan maşgalasynda eneden dogulýar. Onuň saz äleminde ilkinji halypasy dutara ökdelik bilen erk etmegi başaran Açyl aga bolupdyr. Ýaşajyk Durnazar şol wagt 7 ýaşyny doldurman eken. Şol döwürde ol köp sazlary özbaşdak çalmany öwrenipdir. Sazanda Durnazar Hudaýberenow 1934-nji ýylda öz obalaryndaky 7 ýyllyk mekdepde 1-nji synpa okuwa başlapdyr. 1941–42-nji ýyllarda Türkmengalanyň merkezindäki 1-nji orta mekdepde okap, orta bilim alýar. Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenow ýaşlykdan «Gara gözliniň», «Söýli halan», «Orazym», «Hatyrjem», ýaly sazlary ussatlyk bilen ýerine ýetirmegi başarypdyr. Sazandany ilki başda okadan mugallymlaryň biri, baýry mugallym, muzeýçi Garýagdy Baýjanowdyr. Ol halypa sazanda Durnazar Hudaýberenowyň entek birinji

synpda okaýarka hem dutary çaksyz söýüp, diňe öz çalany bilen çäklenmän, eýsem, öz synpdaşlaryna öwretjek bolup janygandygyny ýatlaýar.

Durnazar Hudaýberenow 1943-nji ýylda Mary şäherindäki Hydyr Derýaýew adyndaky pedagogik uçilişşesine okuwa girýär. Ol okan döwründe deň-duş ýoldaşlaryndan has tapawutlanypdyr. Okuwyň daşyndan dutara üns beripdir. Durnazar halypa 1945-nji ýylda uçilişşäni tapawutlanan diplom bilen tamamlaýar.

Durnazar aga uruşdan soň meşhur sazanda Durdy Myradow bilen tirkeşip, öz repertuaryny baýlaşdyrýar we kämilleşdirýär. Uly halypa Durdy Myradowdan tälim alan Durnazar sazanda saz çalanda halypasynyň çalşy ýaly, diňe iki eli bolaýmasa, göwresi bilen hereket etjek gumany ýok eken. Ýöne welin, dutarda çykarýan dury, arassa, şirin, süýji, ýakymly owazy diňleýjileri mähir salançagyna ataryp, hüwdülenýän ýaly meýmirediberýär.

Sazanda Durnazar Hudaýberenow mugallymçylyk uçilişşesini tamamlandan soň, Aşgabat şäherindäki Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine okuwa girýär. 1948-nji ýylyň ýer titremesinden soň, Türkmenabat şäherindäki Seýitnazar Seýdi adyndaky pedagogik institutyna geçirýärler. Halypa Durnazar Hudaýberenow 50-nji ýyllaryň başlarynda okuwyny gutaryp, Türkmengala etrabyndaky 1-nji orta mekdebe işe ýerleşýär.

Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenow uniwersitetde-de, institutda-da okan döwründe birnäçe ansambllara, birnäçe konsertlere aktiw gatnaşyp, sazanda hökmünde özüni tanadýar. Durnazar sazanda 1953-nji ýylda, ýagny 26 ýaşyndaka ussatlyk bilen çalan 30-dan gowrak sazyny radio ýazga berýär.

Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenow öz döwrüniň bagşy-sazandalary Gurbannazar Nurymow, Çary Täçmämmedow, Tugur Berdinýazow, Ýagmyr Nurgeldiýew, Ýazgeldi Kuwwadow, Oraz Bagybekow, Amannazar Ataýew we başga-da birnäçe bagşy-sazandalar bilen bile tirkeşip, öz repertuaryny baýlaşdyrýar.

Sazanda Durnazar Hudaýberenowy saz älemine ugrukdyran Açyl aga bolsa-da, ol öz halypasy diýip, Durdy Myradowy saýardy, sebäbi ol halypa Durdy aga bilen tirkeşip, onuň sazandalyk ýoluna giňden

düşünip, ondan köp zat öwrenipdir. Ol halypasynyň sazlaryny kemsiz öwrenip, şol sazlary özüçe işläp, üýtgeşik öwüşgin berip, täze sazandalyk ýoluny açýar. Ol halypa Durdy agadan «ak pata» alýar. «Oýan», «Neýläýin», «Söýli halan» ýaly sazlary özüçe täzeden işläp, ussatlyk bilen çalypdyr. Şonda-da öz şägirdiniň sazandalyk ussatlygynyň ýokary derejä ýetenligini duýupdyr. Şonda Durdy aga dutaryny öňünde goýup, gözüniň okarasyny dolduryp, birsellem öz şägirdiniň sazyny diňläpdir-de, şeýle diýipdir: «Durnam, sen meniň tamamy artykmajy bilen ödediň».

Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenow Türkmen sazynyň ägirdi Mylly Täçmyradowyň çalan sazlaryny hem kemsiz ýerine ýetirmegi başarypdyr. Ol Mylly aga bilen Arçmanda üç ýyl bile bolýar. Şonda Mylly aga onuň sazandalyk ussatlygyny, adamkärçiligini diýseň oňat görüpdir. Şonda ol Durnazar Hudaýberenowa «Häk, ogul, sen mundan 5–6 ýyl öň gabat gelseň bolmaýamy» diýipdir.

Durnazar Hudaýberenowyň sazynyň şeýle üýtgeşik täsirli bolşy ýaly, onuň adamkärçiligi hem sypaýy, mylaýym, ýumşak, diýseň oňat bolupdyr. Hatda onuň irden işe gaýdanda, öňünden çykan her bir adam bilen gadyrly hal-ahwal soraşyp, günortana çenli işe ýetip bilmän, yzyna – öýüne gaýdýan halatlary-da bolýan eken. Ol mekdep işinden daşary Türkmengala etrabyndaky ansambla hem ýolbaşçylyk edipdir. Ol özüniň birnäçe şägirtlerine tälim beripdir. Ussat sazandalar Bäşim Geldiýew, Orazgeldi Hallyýew, Agamyrat Nuryýew, Aşyr Nurlyýew, Muhammetabdy Sähedow, Döwlet Hudaýberenow dagylar D. Hudaýberenowyň şägirtleridir. 1961-nji ýylda Durnazar Hudaýberenowyň ýolbaşçylyk edýän ansamblynyň çalmagynda «Hatyrjem», «Näzli baýram» we başga-da birnäçe sazlar türkmen radiosy üçin ýazylyp alynýar. Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenowyň il arasynda ýörgünli ady Durna bolupdyr. Onuň bu lakamynyň galmagynyň sebäbi, Durnazar dünýä inen mahaly asmanda durnalar toýnuk gurap, uçup barýan ekenler.

Durnazar öz döwrüniň bagşy-sazandalarynyň birnäçesi bilen özara aragatnaşykda bolmagy, surat çekmegi, küşt oýnamagy, aw awlamagy, tebigaty synlamagy gowy görüpdir. Durnazar halypa saz çalanda kakuwlary, gelşikli barmaklary dutaryň gapagyna degmeýän

ýaly, diňe ýürekleri gopduryjy näzik, jadyly owaz töweregi gurşap alýar.

Meşhur sazanda Durnazar Hudaýberenowy 1971-nji ýylda etrap çagalar sazçylyk mekdebine işe çagyrýarlar. Şeýlelik bilen, Durnazar halypa ömrüniň ahyryna çenli, orta mekdepde hem çagalar sazçylyk mekdebinde işläp, birnäçe ýaş sazanda-bagşylary ýetişdiripdir. Onuň şägirtleri sazanda we dutar ussatlary Aşyr Nurlyýew, Orazgeldi Hallyýew, Agamyrat Nuryýew, Bäşim Geldiýew we başgalar öz halypalarynyň ýoluny ynamly dowam etdiripdirler.

Durnazar halypanyň aýdanlaryndan:

«Öwrenjäni ilki gezekde üns bilen diňläň, sebäbi olarda hem gaýtalanmajak pursatlar emele gelip, sypyp gidýän halatlary hem bolýar».

«Sazanda bolmaklyk üçin irginsiz bolmaly, ýaltalyk etmeli däl, sazyň düýbi birdir, hiç aýratynlyk bolmaly däldir, «ol Ahalyň sazy, bu Maryň sazy» diýip, hiç kemsitmeli däldir, hemmesi bir türkmen sazydyr, haýsy ýoldan başarsaň, çalybermelidir». Bu dürdäne sözler halk arasynda hormat bilen ýatlanylýar.

«Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter» diýýärler welin, Durnazar, sen nähili, halypadan ozduryp bildiňmi?» diýip, oslagsyz soragy orta goýýarlar. Şonda, birden sazandanyň bereketli, garaýagyz, dolmuş ýüzi gyzaran ýaly bolýar. «Baý-bow, halypa nire, biz nire, Durdy aga diýilýän adam, agzy gapakly humdur. Ol pahyr bir tükeniksiz hazynady. Beýle adamy dil bilen aýdyp, suratlandyryp bolýarmy näme! Gadym zamanda uly bir pähimdar alymdan «Şu dünýäde ylym, sungat gowumy ýa-da mal gowumy?» diýip sorapdyrlar. Alym kişi «Elbetde, maldan ylym, sungat gowy. Sebäbi maly näçe sarp etseň, şonça azalar. Ylmy, sungaty näçe sarp etseň, şonça-da köpeler» diýip, jogap berenmiş. Bu gaty dogry aýdylan söz» diýip, kiçigöwünlik eder eken. Durnazar halypa uly bolsun, kiçi bolsun, hiç bir adamyň göwnüni ýykmaýar eken, kim «Saz çalyp beräý!» diýse, çyn ýürekden joşup çalar eken.

D. Hudaýberenow 1982-nji ýylyň 14-nji dekabrynda, 56 ýaşynyň içinde aradan çykýar. Onuň ýerine ýetirijilik ukybyny, ýoluny halypanyň körpe ogly Döwlet Hudaýberenow mynasyp dowam etdirýär.

## ÝAZGELDI KUWWADOW
**(1930–1993)**



Ýazgeldi Kuwwadow 1930-njy ýylyň 1-nji maýynda Mary welaýatynyň Murgap etrabynda eneden bolýar. Onuň kakasy Kuwwat murt sazyň ölemen aşygy bolupdyr. Onuň öýünde şol döwürde saz ugrundan belli halk sazandalary bolan Hydyr bagşy, Girman bagşy, Ýoldaş bagşy ýaly il içinde giňden tanalýan bagşylar ýygy-ýygydan ýygnanypdyrlar. Türkmen halk sazyny jany-teni bilen gowy görýän adamlar Kuwwadowlaryň öýüne gelip, saz diňläp hezil edipdirler, käte gowy görýän sazandalary gelen mahaly bolsa, ertir namazyna çenli oturypdyrlar.

Ine, Ýazgeldi şeýle maşgalada önüp-ösüpdir, onuň kakasy bolsa her sapar myhmanlary güler ýüz bilen kabul edip, tokarja ogluny ýanynda oturdar eken, şonuň üçin-de çagalykdan belli ussatlaryň saz çalşynyň onuň ýadynda ýakymly owazyň üzülmez zynjyry bolup galmagynda geň görer ýaly hiç zat ýokdy.

Kakasy oglunyň halk sazyna höwesini bada-bat duýupdy, şonuň üçin-de ogly ýaňy bäş ýaşyna ýetende, onuň gowy görýän dutaryny satyn alyp beripdi. Oglanjyk haýran galaýmaly erjellik bilen barmajyklaryny perdelere basyşdyryp, owaz aljak bolup, sagatlap diýen ýaly dutaryny tiňňildedýärdi. Kuwwadowlaryň öýüne gelýän belli sazandalar bolsa bu çagajygyň höwesini görüp, onuň erjelligine ýylgyryşyp, oňa dutary nähili tutmalydygyny, perdä nädip basmalydygyny, barmaklaryňy nähili saklamalydygyny, kirşe nädip kakmalydygyny öwredýärdiler. Bu oglanjygyň erjelligi, saza bolan yhlasy, halk saz ussatlarynda kem-kemden Ýazgeldiniň bu ýoly dowam etdirjegine bolan ynamy kemala getiripdi. Ýazgeldi sähelçe wagtyň içinde dutar çalyp, «Sen-sen», «Garybym» ýaly aýdymlary aýdyp bilýärdi.

Ol saz ugrundan ilkinji sapagy mekdepde öz aýdym mugallymy Allanazar bagşydan alypdy. Ýöne onuň esasy halypasy halk sazan-

dasy Ýoldaş bagşy bolupdyr, Ýazgeldi onuň «ak patasyna» mynasyp bolup, saz sungatynyň giň älemine aýak basmaga hukuk alypdy.

Halypa bilen şägirdiň arasynda köp aýlaryň dowamynda ysnyşykly döredijilik gatnaşygy dowam edipdi. Olar konsertlerde, dürli dabaralarda, toýlarda bileje çykyş edipdirler. Tomaşaçylaryň öňünde olaryň özboluşly çykyş ediş programmasy kemala gelipdi: ilki bilen halypa öz şägirdine bir-iki sagatlap dutarda saz çalmaga gezek berýärdi. Şondan soň diňleýjileriň haýyşy bilen, aýdym aýtmaga geçilýärdi. Ýoldaş bagşy aýdym aýdýardy, Ýazgeldi bolsa oňa sazandarlyk edýärdi.

Ýaş sazanda şonda diňe ussatlaryň ýanynda bolup kämillige gol galdyryp boljakdygyna düşünipdi. Şonuň üçin Öwezdurdy Welmämmedow, Uzyn bagşy, Şükür bagşynyň şägirdi Uzyn bagşy (Durdymyrat Abyl), Durdy Myradow bilen duşuşmagyň, gatnaşyk açmagyň ýollaryny gözläpdi. Ol bu sazandalaryň her biriniň saz çalyş tärini özleşdirýänçä, olary gaty köp sapar diňläpdi.

Bir sapar bolsa Ýazgeldä meşhur Girman bagşynyň ýanynda saz çalmak bagty miýesser edipdi. Bu ýagdaýa şaýat bolanlaryň biri şeýle gürrüň berýär:

1948-nji ýylda obamyzda toý boldy. Bu toýa Girman bagşy, Yhym bagşy (Rahmanberdi Annasähedow), Myrat bagşy (Girman bagşynyň inisi) ýaly belli sazandalar bilen ýaş sazanda Ýazgeldi Kuwwadow hem çagyrylypdy. Ýazgeldi şonda ile belli Girman bagşyny ilkinji sapar görýärdi.

Bagşylar aýdym-saza başlapdylar. Ilki bilen, Yhym bagşy aýdym aýtdy, oňa bolsa Ýazgeldi sazandarlyk etdi. Aýdym diňläp oturan Girman bagşy Ýazgeldini gözden sypdyranokdy, sazandanyň bolsa ýaňy 18 ýaşy bardy. Ýazgeldi bagşynyň owazyna berlip, onuň aýdymynyň öwrümlerini ýeňillik bilen dolap alýardy, kä ýerde bolsa bagşydan hem öňürdip, öz duýgularyny hem goşup, täsin owazlar hem ýasap goýberýärdi. Girman bagşy dutary şeýle ezberlik bilen çalyp, tomaşaçynyň söýgüsine mynasyp bolan adamdy, şonuň için-de Girman bagşa sazandalyk etmäge batyrlyk edip biljek adamy tapaýmak aňsat däldi. Ýazgeldi Girman bagşa sazandalyk etjegine öz ýanyndan monça bolsa-da, kalbynyň düýbünden bir duýgy oňa munuň diýseň berk

synagdygyny duýduryp durdy, şonuň üçinem ol diňe aýdym-saz ýagşy gyzyşandan soň özüni ele alyp ugrapdy. Birnäçe aýdym aýdylyp, gysgajyk arakesme edenden soň, Girman bagşy Ýazgeldä ýüzlendi: «Gysylma, ogul, hemmesi ýerbe-ýer. Seniň eliň ýeňil, ýüregiň ylhamly. Bir söz bilen aýdanyňda, Hudaý seni zehinden-ä kem etmändir. Hünäriňi har etmejek bolgun.

Ýazgeldi uly halypanyň beren şeýle bahasyny telim sapar buýsanç bilen ýatlapdy. Munuň özi ýaş sazandanyň döredijilik agramyny belli derejede kesgitläpdi.

Murgap topragy ençeme zehinli sazandalary terbiýeläp ýetişdirdi. Muňa 50–60-njy ýyllarda emele gelen bir ýagdaý, ýagny, şol döwürde Rejepnur Jumamuhammedowyň medeniýet öýünde çeper ýolbaşçy bolup, zehinli sazandalary bir ýere jemlemegi hem täsir edipdi. Şonda bu topar Gara Ýazmuhammedowdan (belli tüýdükçi Ýazmuhammet Kösäniň ogly), Hommatnur Meredowdan, Sähetmyrat Welmyradowdan (dutarçylar ansamblynyň ýolbaşçysy), Aga Mämmedowdan, Şajyk Gulowdan (tüýdükçi), Orazaly Alyýewden düzülipdi.

Bu topar welaýatyň, etrabyň, şeýle hem öz obalarynyň zähmetkeşleriniň arasynda yzygiderli çykyş edýärdiler. Döwlet derejesindäki gözden geçirişlerde bolsa olar her sapar ýeňiji bolýardylar. Bu toparda Ýazgeldi Kuwwadowyň çalyş ussatlygy aýratyn tapawutlanýardy.

Ýazgeldi Kuwwadow 1955-nji ýylda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň döredijі ýaşlarynyň wekilleriniň hatarynda türkmen edebiýatynyň we sungatynyň Moskwada geçirilen ongünlügine gatnaşypdy. Ol ýekelikde, özüniň hiç kime meňzemeýän usuly bilen «Durdy bagşyny», «Kiçini» çalyp, moskwaly tomaşaçylary haýran galdyrypdy. Moskwada çykyş edip ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin «Hormat haty» bilen sylaglanypdy.

Şondan köp wagt geçmänkä-de, ony Aşgabada – türkmen radiosynyň halk saz gurallary ansamblyna işe çagyryp, Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýew ýörite çakylyk iberipdir. Maşgala ýagdaýy sebäpli, ol bu çakylygy kabul edip bilmändir, ýöne soňra döredijilik ykbalyna gelen şeýle uly bagty elinden sypdyranyna ökünip, telim saparlar gynançly ýatlapdyr.

Şu ýerde Pürli Saryýewiň üýtgeşik bir aýratynlygyny, zehinli ýaşlara goldaw bermäge hemişe wagt tapandygyny aýtmak gerek. Ol zehiniň halk baýlygydygyny, ony aýamalydygyny hemişe düşündirjek bolup yhlas eden adamdy. Ol ýaşlara diňe bir ruhy goldaw bermän, anyk kömeklerinem gaýgyrmazdy. Ol özüniň uly abraýyndan peýdalanyp, zehinli ýaşlaryň sazlaryny radio ýazgy etdirýärdi, respublikamyzyň çyn zehinlerini propagandirlemegiň dürli ýollaryny tapardy.

Ýazgeldi hem Pürli aganyň hossarlyk etmeginde ilkinji sazlaryny radio üçin ýazdyrypdyr. Onuň ýerine ýetirmeginde «Köse bagy», «Körpe gyz», «Durdy bagşy», «Söýgüli jenan» sazlary radioda ýaňlanyp başlapdy. Bu sazlaryň radioda ýaňlanmagy bilen, ýerine ýetirijiniň ady tutuş döwletimize ýaýrap başlady.

Ýazgeldi Kuwwadow köp ýyllar Murgap etrabynyň medeniýet öýünde işledi. Gulluk wezipesi boýunça ol köp-köp halk sazandalary bilen gatnaşykda bolmaly bolupdy. Käte bolsa konsertlerde, toýlarda Gurt Ýakup, Berdi Öwezmyradow, ýanamaçy bagşy Sähet Gultakow, ýaş bagşy Muhammetoraz Akmyradow, Nurberdi Gurbanow ýaly bagşylara sazandarlyk edipdi.

Onuň ýerine ýetirijilik ussatlygy Türkmenistanyň halk artisti Ödenyýaz Nobatow, Türkmenistanyň at gazanan artisti Oraz Bagybekow, Türkmenistanyň halk artisti Han Akyýew, şeýle hem Durdy Myradow, Durnazar Hudaýberenow ýaly belli bagşy-sazandalar bilen bilelikde saz çalanda hem artypdy.

Ýazgeldi şeýle kämil sazandalar bilen bilelikde çykyş etmek arkaly ussat dutarçy bolup ýetişdi. Ol aýdym-saz mahalynda diňe bir aýdymçyny däl, gyjakçynam öz yzyna tirkemegi, şol bir wagtyň özünde-de aýdym-sazyň ýetmezini ýetirmegi, gowuz ýerini dolmagy hem başarýar. Şeýle ussatlygy üçin radionyň fond üçin edilýän ýazgysy mahalynda ony bu ýere ýygy-ýygydan çagyrýardylar. Häzirki wagtda Ýazgeldi Kuwwadowyň sazandarlyk etmeginde Anna Babajanow, Ata Orazow, Gurt Ýakubow, Berdi Öwezmyradow ýaly ençeme bagşylaryň aýdymynyň ýazgysy radionyň altyn hazynasynda saklanylýar.

Ýazgeldi dutarçy bolmagy arzuw edýän her bir adamyň wokal sazlardan hem başynyň çykmalydygyna göz ýetirdi. Şonuň üçinem,

ol özüniň ussatlygyna kömek bolar öýden bagşysynyň ählisi bilen gatnaşyk açdy hem-de olar bilen bile çykyş etmegi hal görmedi.

W. S. Winogradowyň belleýşi ýaly, «Türkmen professional sazynyň ýatdan çalynýan däplerini wokal hem-de halk saz gurallary diýen bölege gutarnykly bölübermek bolanok, çünki tema we struktura taýdan olar şeýle utgaşyp gidipdirler. Eger wokal sazlary tekst eseriniň aýrylmaz bölegi bolup durýan bolsa, halk saz gurallary eserlerinde ol formal taýdan esere girmeýänem bolsa, onuň manysyny bermegiň esasy bolup durýar. Programmalaýynlyk Orta Aziýa we Gazagystan halklarynyň halk saz gurallary üçin eserleriniň ýüregi bolup durýar».

Ýazgeldi dutara dil bitirmegi başardy. Ol saz çalanda, owaz bermegiň çylşyrymly tehnikalaryny başarjaňlyk bilen ulanýar, şeýle hem saza täsinden-täsin heňleri goşmagy, ony baýlaşdyrmagy oňat başarýar. Onuň çalýan sazlary adamzadyň janly duýgulary bilen hemişe püre-pürlenýär. Şol sazlarda duýga, çeper hem-de tebigy owazlara, ussatlygyň mese-mälim bildirip duran nagmalaryna näçe diýseň duşmak bolýar.

Halk sazandalarynyň ençemesi: «Asyrlardan gözbaş alyp gaýdan halk saz mirasyny şu günki günüň ýüze çykaran çylşyrymly çalyş tärlerini goşman, öňden gelýän däpleri bilen pugta saklamaly» diýen ynanja gulluk edýär.

Bu meselä Ýazgeldi Kuwwadowyň öz garaýşy bar. Ol muny şeýle düşündirýär: «Halk sazy–folklor, halk döredijiligi. Ol sazlar asyrlar boýy nesilden-nesle geçip, kämilleşip, timarlanyp gelipdir. Meniň pikirimçe, halk döredijiligini bir bolşunda saklajak bolmagyň zerurlygy ýok. Radionyň altyn hazynasyndaky ýazgylar, gramplastinkalar hem şeýle ýagdaýdaky halk sazlaryny saklap gelýär. Elbetde, her başlangyç sazandanyň halk sazynda isleýän ähli niýetini ýüze çykaryp bilmejegine men düşünýärin. Türkmen sazyny ösdürmäge meniň garaýşym başgarak. Eger-de sazanda gowy ýerine ýetirijilik ussatlygyna eýe bolýan bolsa, ýokary çeperçilik ussatlygyna, çuňňur göz öňüne getirmä, döredijilik hyýalbentligine eýe bolup bilen bolsa, ol saz äleminde hökman «özüni tapyp», öz menini orta çykarar.Türkmen halk sazynyň uly ussatlary Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Durdy Myradow, Durnazar Hudaýberenow, Amannazar Ataýew

dagy bilen hem şeýle bolupdy. Olar ýerine ýetirijilik sungatyna täze ýerine ýetirijilik döredijiliginiň köp-köp elementlerini mynasyp ornaşdyryjylar bolupdylar.

Ýazgeldi Kuwwadow özüniň ýerine ýetirijilik sungatyna diýseň döredijilikli çemeleşýär, ol her bir halk sazyna göwnüni, ýüregini, ähli umyt-arzuwlaryny goşmaga çalyşýar.

Türkmen saz söýüjilerine «Garybym» atly türkmen halk sazy diýseň tanyşdyr, ol ýeňiljek saz bolany üçin her bir dutar öwrenjek bolýan, ilki bilen, şol sazy çalmakdan başlaýar. Bu mukamyň instrumental saz guraly üçin pýesadygyny bilýän beýle bir köpem däldir, köpler ony «Şasenem we Garyp» dessanyndan alnan wokaly eser diýip bilýär. Ýazgeldi Kuwwadowyň gaýtadan işlemegi netijesinde bu mukam täze öwüşginlere eýe boldy. Täze formanyň ulanylmagy, owaz çykarmakda üýtgeşik tapyndylaryň ornaşdyrylmagy bu eseri saz gurallary üçin täze bir ähmiýetli eseriň derejesine ýetirdi.

«Orazym» sazy hem Ýazgeldi Kuwwadowyň gaýtadan işlemeginde şowly çykan sazlaryň biri boldy. Şu ýerde bu sazyň öň belli dutarçy Durdy Myradowyň gaýtadan işlemeginde ýerine ýetirilip gelnendigini hem bellemek gerek.

Ýazgeldi Kuwwadowyň täzeçillik tapyndylarynyň esasy bolan yzygiderlilik, owazy çeper anyklaşdyrma, owazy keşdelemek, anyk ritm almak «Körpe guzy», «Natuwan eýlär», «Nowaýy», «Kiçi» ýaly sazlary gaýtadan işlände-de dolulygyna siňdirilipdi.

«Durdy bagşy», «Söýgüli jenan», «Garry ezizim» ýaly türkmen mukamlary Ýazgeldi Kuwwadowyň döredijilik repertuarynda öz ornuny tapdy. Bu sazlar Ý. Kuwwadowyň çalmagy bilen mukam dünýäsiniň ajaýyp tapyndylaryna, owaz, äheň, taraş baýlygyna eýe boldy. Şu sazlaryň ýazgysy radionyň altyn hazynasynda saklanylýar.

Türkmen sazandalarynyň tejribesinde şeýle bir kanunalaýyklygy yzarlamak bolýar, olar şol bir eseri, şol bir sazandanyň özüne mahsus bolan äheň bilen çalypdyrlar.

Mysal üçin, dutarçy Han Akyýewiň «Kän güldi», «Aý indi», Mylly Täçmyradowyň çalan «Humar ala» ýaly sazlary şeýle äheňde ýerine ýetirilýändir.

Ýazgeldi Kuwwadowyň ussatlyk derejesi şeýle ýokary bolany üçin, oňa Mary ýerine ýetirijilik mekdebiniň hem, Ahal ýerine ýetirijilik mekdebiniň hem däplerini kössüni goýman özleşdirmek oňat başardýar. Oňa Ahal ýerine ýetirijilik mekdebiniň däplerini gowy ele almakda Ahal mekdebiniň ajaýyp ussady, Türkmenistanyň halk artisti Çary Täçmämmedow bilen dostlugy uly goltgy beripdi.

Ýazgeldi Kuwwadow hiç haçan öz halypalaryny bolşy-bolşy ýaly gaýtalamaga çalyşmandy. Munuň tersine, onuň ýerine ýetirijilik tejribesinde bir aýratynlygy bellemek bolar, ýagny ol täze bir sazy çalyp, birki öwrüm edende, ony eýýäm täze öwüşginler bilen bezäp goýberýär. Ol tehniki kynçylyklary ýeňillik bilen geçip, şol bir äheňleri konsertlerde şol bir bolşunda gaýtalamaýar. Onuň çalyş fantaziýasy tehniki aýlawlar bilen püre-pürlenip gidýär.

Ýazgeldi Kuwwadowyň döredijilik özboluşlylygy, onuň ajaýyp ýerine ýetirijilik ussatlygy köp adamy onuň ussatlygynyň syrlaryny, halypalyk tejribesini öwrenmäge imrindirýär. Bu halypanyň Mary welaýatynda, gör, näçe şägirdi bar. Olaryň arasynda Meret Jumageldiýew ýaly diýseň ukyply ýaşlaryň adyny agzamak bolar.

Ýazgeldi Kuwwadowyň ýerine ýetirijilik sungaty türkmen halky hem-de Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan uly baha mynasyp boldy. Türkmenistanyň saz sungatyny ösdürmäge goşan ajaýyp goşandy üçin 1991-nji ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Özboluşly ussat sazanda, Türkmen sazyny timarlaýjy Ýazgeldi Kuwwadow öz ykbalyny dutarsyz göz öňüne getirenok. Döwletimiziň saz jemgyýetçiligi 1990-njy ýylda onuň 60 ýyllyk ýubileýini uly dabara bilen belledi. Ýazgeldi Kuwwadow 1993-nji ýylda aradan çykdy.[1]

---

[1] *Gandymow Ö., Larionow W.* Döwürleri baglanyşdyrýan tar. – A.: O.U.M., 1992. 16–22 sah.

## AMANNAZAR ATAÝEW
**(1942–1997)**



Amannazar Ataýew 1942-nji ýylyň 9-njy awgustynda Mary etrabynyň Muhadow adyndaky obasynda dogulýar. Urşuň soň ýanlaryndaky agyr durmuş şertleri baradaky ýatlama Amannazaryň çaga hakydasynda hemişelik galypdyr. Oba adamlarynyň arasynda şol döwürlerde uly dereje hasaplanylýan patefonlylary-da ýek-tük bardy. Sada halk oňa «Maşyn bagşy» diýerdi. Türkmen bagşylarynyň plastinkalary daýhanlaryň ýeke-täk ruhy daýanjy. Aýratynam Nobat bagşynyň, Hydyr bagşynyň, Girman bagşynyň ýazgylaryny halaýyk eý görerdi. Amannazar «Maşyn bagşynyň» ýekeje «konsertinem» sypdyrmajak bolardy.

Amannazar halk sazandalaryny diňläp, uly ýaşly adamlardan ýaşyrynlykda şolara öýkünip başlady. Bir gezegem bir tagtajyga iki sany kiriş çekdi-de, «dutar» edinip, deň-duşlarynyň öňünde «çykyş etdi». Bu Amannazaryň daýysy, obada agaç ussaçylygyny edýän Marlynyň ünsüni çekdi. Ol ýegenine dutar bilen iki kirişli gyjak ýasap berdi. Şeýdip, Amannazar alty ýaşyndaka dutar, gyjak oýnap başlady.

Tebigy zehini bolan oglanjyk heňi heňe meňzedip başlady. Ol sadaja halk sazlaryny aňsatlyk bilen çalyp ugrady.

Amannazar mekdepde okan ýyllarynda Myrat Şyhdurdyýewiň ýolbaşçylyk edýän dutarçylar ansamblyna gatnady. Amannazaryň saz ugurdan has zehinlidigi ýoldaşlarynyň arasynda mese-mälim bildirip durdy. Onuň repertuary baýlaşýardy, ol täze sazlary özleşdirýärdi, dutar çalmagyň täze-täze tilsimlerini öwrenýärdi. Amannazaryň sazandalykdaky üstünlikleri köpüň gözüne ilip başlady. Ol etrap, welaýat gözden geçirişlerinde ýygy-ýygydan çykyş edip ugrady. Şol gözden geçirilişlerde Han Akyýew, Oraz Bagybekow, Ýazgeldi Kuwwadow ýaly ajaýyp sazandalar bilen tanyşdy. Bu tanyşlyk soň Amannazaryň



10. Sargyt № 952

has kämilleşmegine sebäp bolan döredijilik dostlugyna öwrüldi. Amannazar on ýedi ýaşyna ýetende, eýýäm ykrar edilen sazandady.

A. Ataýew 1959-njy ýylda çeper höwesjeňleriň respublikan gözden geçirilişinde ilkinji gezek dutarçylar ansamblynda Ýazgeldi Kuwwadow, Han Akyýew, Durnazar Hudaýberenow ýaly uly ussatlar bilen çykyş etdi. Amannazaryň ýaşuly ýoldaşlary oňa käbir sazlaryny türkmen radiosyna ýazga geçirtmekligi maslahat berdiler.

Radioda ýazgy etdirişi barada Amannazar Ataýew şeýle ýatlaýar:

«Radio ýazgy etdirmezden öň, kän ýaýdandym. Şol mahallar bir kiçeňräjik jaýda ýazgy edilerdi, onuň gapysynda-da uzyn agaç oturgyç bardy. Jaýa girmäge çekinip, şol oturgyçda oturşyma, oňa girip çykýan sazandalary synlaýardym. Birtopar sazanda nämedir bir zadyň jedelini edip, jaýdan çykdy. Uzyn sakgally bir ýaşuly ýanyma geldi-de: «Ogul, siz kime garaşýaňyz?» diýdi. Men bir-iki sany saz ýazdyrmakçydygymy aýtdym. Sakgally ýaşulynyň gapdalyndaky uzynrak adam (soň görüp otursam, olar Mylly Täçmyradow bilen Çary Täçmämmedow eken) meniň bilen içgin gyzyklanýardy. Ol Mylly Täçmyradowa: «Diňläp göräýsek näderkä» diýdi. Men şonda plastinka diňläp öwrenen sazlarymyň (Çary aganyň çalmagynda) birnäçesini çalyp görkezdim. Mylly aga diňledi-diňledi-de, Mary ýolundan ýene bir-iki sanysyny çalmagymy sorady. Çalşym Mylly aganyň göwnünden turan bolarly, ol başyny atdy-da, operatora ýazmagy ümledi. Şeýdip, «Ýedi manzary», «Dilberi», «Ýar derdiňdeni» ilkinji gezek radioda ýazgy etdirdim».

1960-njy ýyldan 1967-nji ýyla çenli Amannazar Ataýew Marynyň demir ýol klubunyň dutarçylar ansamblynyň ýolbaşçysy bolup işleýär. Ol ýaş sazandalara «Ýapbyldakçy» bagşylaryň sungatyny öwretmek üçin, köp wagtyny sarp edýär. Onuň özi Gurt Ýakubyň aýdym aýdyş ýoluny aýratyn gowy görerdi. Amannazar Gurt Ýakupdan «Tirme» aýdymlarynyň birnäçesi bilen birlikde «Baba–Röwşen», «Hatam Taý» ýaly dessanlary öwrenipdi.

Ajaýyp dessançy hem türkmen folkloryny bäş barmagy ýaly bilýän Gurt Ýakubyň belli-belli aýdymlar bilen birlikde, ýatdan çykyşyp giden halk aýdymlaryny hem aýdandygy bellidir. Ol köne aýdymlaryň heňlerini ulanardy, aýdymlaryň sözlerini dessandaky beýleki sözler bilen çalşyrardy.

A. Ataýewiň bilesigelijiligi dessançy bagşylaryň ýerine ýetirijilik sungatynyň syrlaryna aralaşmaga mümkinçilik berdi. Türkmen bagşylarynyň baý hazynasyny öwrenip, A. Ataýew öz ýerine ýetiriş sungatyna barha köp täzelikleri girizdi, öz deň-duşlarynyň arasynda bagşy hökmünde ýygy-ýygydan çykyş edip başlady.

1967-nji ýylda Amannazar Ataýew Türkmenabat şäherindäki döwlet mugallymçylyk institutynyň geografiýa fakultetine okuwa girýär. Amannazar birinji kursdan başlap, tä okuwy gutarýança, ýokary okuw mekdebiniň dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk edýär. Ýokary okuw mekdebiniň çeper höwesjeňler kollektiwleriniň festiwallarynda A. Ataýewiň ýolbaşçylyk eden dutarçylar ansambly ençeme gezek ýeňiji bolýar. Institutyň ansambly Lebap welaýatynda giňden ykrar edilip, Çärjew şäheriniň zähmetkeşleriniň öňünde, welaýatyň obalarynda ýygy-ýygydan çykyş edýär. Ýerli radionyň diňleýjileri-de bu ansambly yzygiderli diňleýär.

1971-nji ýylda okuwy gutaranyndan soň, A. Ataýew Mary welaýatynyň medeniýet müdirliginde işleýär, 1978-nji ýylda Maryda sazçylyk uçilişşesi açylandan soň bolsa, şol okuw mekdebiniň mugallymy bolup işe girýär, dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk edýär. Ansambldaky her bir dutarçy bilen aýratynlykda işläp, ansamblyň saz çalşynyň kemsiz sünnälenmegi, A. Ataýewiň işe yhlaslylygy netijesinde Mary sazçylyk uçilişşesiniň dutarçylar ansambly respublikanyň sazçylyk uçilişşeleriniň ansambllarynyň arasynda geçirilen Mylly Täçmyradow adyndaky birinji respublikan bäsleşiginde hormatly ikinji orna we laureat diýen ada mynasyp bolýar.

1988-nji ýylda Maryda sazçylyk jemgyýetiniň welaýat bölümi açyldy. A. Ataýew Mary welaýat sazçylyk jemgyýetiniň başlyklygyna işe çagyrylýar. Şol döwürden başlap A. Ataýew ýerine ýetirijilik hem mugallymçylyk işiniň gapdalyndan ýolbaşçy hökmünde giň jemgyýetçilik işini-de alyp barýar. Ýaş zehinli bagşylary ýüze çykarmakda, olaryň estradada, telewideniýede çykyşlaryny, saz ýazgylaryny guramakda ol köp iş bitirýär.

A. Ataýew ýerine ýetirijilik sungatyny kämilleşdirip, üstünlik gazanmak üçin, sazandanyň gowy saz guraly bolmalydygyny bilýän adam. Şol sebäpli-de, sazçylyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy wagtynda Mary welaýatynda dutar we gyjak ýasamak sungatyny ýola goýmak

üçin köp tagalla edýär. Ýaş zehinli sazandalar oňa öz arkadaýançlary hökmünde garaýarlar.

Amannazar Ataýewiň ýerine ýetirijilik sungaty, esasan, iki ugur boýunça ösdi.

Birinjiden, Amannazar halk aýdym-sazlaryny öwrenmäge uly ähmiýet berdi. Ol zehinli sazandalar Gurt Ýakupdan we Ýazgeldi Kuwwadowdan öwrenen «Ýapbyldak» aýdym stilini doly özleşdirdi, öz ussatlygy arkaly ony täze saz elementleri bilen baýlaşdyrdy, olara täze öwrümler, emosionallyk girizdi. Bu bolsa «Pyýala», «Saba boldy», «Gülüm Öwez jan» diýen ýaly sadaja halk sazlaryny örän gowy görnüşde täzeden işlemäge mümkinçilik berýär. Ol bu sazlary baýlaşdyrmagy, çalmak meselesinde çylşyrymlaşdyrmagy başardy. A. Ataýewiň çalmagynda, göräýmäge, sadaja bolan bu sazlarda owaz çykarmagyň çylşyrymly tehnikasy ulanylýar, şonuň üçinem olar giň gerimli, logiki taýdan gutarnykly häsiýete eýe bolýar.[1]

Amannazar Ataýew kompozitorlykda-da öz güýjüni synap görýär. Ol öz aýdymlarynam, dutar üçin sazlarynam milli halk sazlary äheňinde döredýär. Onuň Çary Ýalkanowyň sözlerine «Türkmenistanym meniň», «Söýmeýäniň çyn bolsa», «Akja» diýen aýdymlary belli bagşylaryň repertuaryna-da ymykly girdi.

Amannazar Ataýew kärdeşleriniň arasynda uly abraýdan peýdalanýar. Onuň ady ýurdumyzyň saz söýüjileriniň arasynda giňden mälimdir. Mary welaýatyndaky sazandalaryň birentegi A. Ataýewi özleriniň halypasy hasaplaýarlar. Amannazar Ataýew şägirtlerinden Döwlet Ballykowa, Nurmyrat Akmyradowa, Muhammetoraz Akmyradowa we beýlekilere uly ynam bildirýär. A. Ataýew Türkmenistanyň at gazanan artistidir.

A. Ataýew Mary sazçylyk uçilişşesiniň dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk etmäge köp güýjüni we wagtyny sarp edýär. Ol öz okuwçylaryna türkmen milli sungatynyň däplerini dowam etdirijiler hökmünde garaýar.

Amannazar Ataýewiň ýerine ýetirijilik ussatlygy ýokary. Onuň çalan sazlary owazlarynyň sünnälenip çykarylyşy, logiki improwizasiýasy, kakuwlarynyň özboluşlylygy, çeper täsirliligi bilen tapawut-

---

[1] *Gandymow Ö., Larionow W.* Döwürleri baglanyşdyrýan tar. –A.: O.U.M. 1992, sah. 23–28.

lanýar. Ol forşlagy hem, nagyşlary hem ussatlarça başarýar. Bu zatlar oňa ýeňillik bilen başardýar. Bu zatlar onuň «Çykdym güllerinde» has aýdyň görünýär. Türkmen radiosynda A. Ataýewiň çalan sazlarynyň otuzdan gowragynyň ýazgysy bar.

Onuň repertuary giň, onda saz çalnyşynyň Mary ýoly bilen Ahal ýoly tebigy suratda gatylyşyp gidýär. Oňa Türkmenistanyň halk artisti Han Akyýew «ak pata» beripdir.

A. Ataýew 1997-nji ýylda aradan çykýar.

## DÖWLETMYRAT HUDAÝBERENOW
**(1959)**



Döwletmyrat Hudaýberenow halkyň çuňňur söýgüsine mynasyp bolan ussat sazanda hökmünde ýurdumyzda giňden tanalýan, ata kesbini kemsiz dowam etdirýän ussat sazandadyr.

Sazanda Döwletmyrat Hudaýberenow 1959-njy ýylyň ikinji iýunynda Türkmengala etrabynyň Türkmenistan daýhan birleşiginde sazanda maşgalada eneden dogulýar. Döwletmyratda saza bolan höwes gaty ýaşlykdan döreýär. Ol ýaňy bäş ýaşyndaka, Durnazar halypanyň dutaryny alyp gaçyp, gizlin ýerde öwrenip başlaýar. Ol bir gezek elini ýuwman, dutar çalýar. Şonda Durnazar halypa dutaryny eline alyp, ogly Döwletmyradyň dutary gizlin ýerde oýnaýandygyny aňýar. Soň ogluny ýanyna çagyryp: «Oglum, saz sungatyny öwrenjegiň çynyň bolsa, bilgin, bu sungat gaty inçe sungatdyr. Öňüňde ýol uzakdyr, bir başlaňsoň, soňuna çenli alyp çykmaly bolarsyň» diýip, maslahat beripdir. Şondan soň Durnazar halypa öz şägirdi Aşyr ussadan kiçiräk dutar getirip, ogly Döwletmyrady saz ýoluna gönükdirýär. Şeýlelik bilen, Döwletmyrady saz ýoluna ugrukdyran ilkinji halypasy öz kakasy Durnazar Hudaýberenow bolýar.

Sazanda Döwletmyrat Hudaýberenow 1966-njy ýylda Türkmengala etrabyndaky 26-njy orta mekdebiň 1-nji synpyna okuwa barýar. Ol okan döwründe-de sapaklaryna oňat ýetişip, gowy bahalar alyp, ökde okuwçylaryň hatarynda bolýar. Onuň 5-nji synpda okaýan wagty dutara yhlas bilen ýapyşyp, sazandalyk ýoluna ugrugyp başlan döwürleri bolýar. Döwletmyrat şol döwürler «Garybym», «Ýedi manzar», «Näzli Baýram», «Sallanan gözel» ýaly birnäçe sazlary ussatlyk bilen çalmagy başarypdyr.

Bir gün Döwletmyrat gije ýatyrka erbet basyrganyp, çirkin ses bilen gygyrýar. Şonda kakasy Durnazar:

– Döwletmyrat jan – diýip, ogluny oýarýar. – Ýeri, saňa näme boldy? – diýende:

– Kaka, men 13-nji perdä ýetip bilemok-da – diýip, jogap berýär. Şonda Durnazar halypa:

– Ýok, oglum, sen-ä geçdiňem – diýipdir.

Şondan soň Durnazar halypa oglunyň hakyky sazanda boljagyna doly ynanypdyr.

Sazanda Döwletmyrat Hudaýberenow 1976-njy ýylda orta mekdebi tamamlap, 1977-nji ýylda Türkmengalanyň medeniýet öýünde işe başlaýar. Ol medeniýet öýünde dutarçylar ansamblyna ýolbaşçylyk edýär. 1986-njy ýylda Türkmen radiosynyň altyn hazynasyna «Nar agajy», «Biläni», «Oýan», «Neýläýin» ýaly sazlary ýazga berýär. 1988-nji ýylda Türkmen milli konserwatoriýasynyň ekspedisiýasy tarapyndan saz laboratoriýasy üçin sazanda Döwletmyrat Hudaýberenowyň 30-a golaý sazy ýazgy edildi. 1999-njy ýylda ussat sazanda Döwletmyrat Hudaýberenow Türkmen milli telewideniýesi üçin öz döreden «Altyn asyrym» we başga-da özüçe täzeden işläp, ussatlyk bilen çalan «Dilber», «Ýedi manzar», «Karar oldum» sazlaryny ýazga berdi. Olardan daşgaram «Nar agajy», «Zöhrejan», «Gülüm Öwez jan», «Selbinýaz gyrk» we başga-da birnäçe sazlary özüçe işledi. Meşhur Girman bagşynyň aýdan «Gürjiniň» diýen aýdymyny bolsa saz görnüşine getirip, ussatlyk bilen ýerine ýetirýär.

Döwletmyrat Hudaýberenowyň kakasy Durnazar Hudaýberenowyň sungatyny dowam etdirişi ýaly, Döwletmyradyň çagalary hem aýdymam aýdýarlar, sazam çalýarlar. Sazanda Döwletmyrat Hudaý-

berenowyň ogly Şükürberdi Hudaýberenowdan halkyň umydy uludyr. Ol şeýle ýaşlygyna garamazdan, halkyň içinde özüni tanatmagy başardy. Eýýäm ol birgiden sazlary ussatlyk bilen çalmagy başarýar. 1999-njy ýylda meşhur bagşy Gurt Ýakubyň hatyrasyna bagyşlanyp geçirilen bäsleşikde ol 1-nji ýere mynasyp boldy.

Döwletmyrat Hudaýberenow Türkmenistanyň at gazanan bagşysy, sazanda Oraz Bagybekowdan «ak pata» alýar.

Şeýle ussatlaryň tagallasy bilen, Türkmengala sazandalarynyň ýerine ýetirijilik usullary ýene-de, öňküsinden has kämilleşer, baýlaşar, geljekde ençeme asyrlara çenli uzap gider.

## GYJAK SAZ GURALYNDA ÝERINE ÝETIRIJILIK SUNGATY

Türkmenlerde gyjak XVIII asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykypdyr. Ilkibaşda ony arap, hindi ýurtlaryndan getirilen kokos hozundan, suw kädiden ýasapdyrlar. Soňra tut agajynyň içini köwüp ýasandyklary barada halypa bagşy-sazandalar rowaýatlar aýdýarlar. Netijede, gyjagyň sesi öňküsinden birneme güýçlenýär, tembri owadanlanýar. Gyjagyň kädisiniň ýüzüne keýik ýa-da balyk hamyny çekipdirler. Ol üç kirişli bolup, kwarta boýunça düzülip, ses göwrüminiň diapazony «re» – birinji oktawadan, «fa» – ikinji oktawa çenlidir.

Türkmen halkynyň saz sungaty üçin geçmişde gyjak saz guraly häsiýetli bolmandyr. Munuň şeýledigine Hally bagşy, Nobatnyýaz bagşy, Oraz Salyr, Girman bagşy, Hydyr bagşy ýaly käbir tanymal «köne» bagşylardan galan saz ýazgylaryny diňlänimizde-de göz ýetirýäris. Olaryň aýdan aýdymlarynyň hiç birine-de gyjak saz guralynyň hemaýat beren ýeri ýok. Galyberse-de, türkmen saz folklorynda dutar hem tüýdük sazlary hakda getirmäge mysal kän. Emma «Gyjak sazyna» saz mirasynyň ýekeje mysalynda-da gabat gelnenok. Hatda häzirki wagtda-da, salyr-saryk ýolunyň Ödenyýaz Nobatow ýaly käbir bagşylary gyjak saz guralyny ulanmagy inkär edip gelýärler (taryhy milli gural hasap etmeýändikleri üçin). Bularyň hemmesi bagşyçylyk ýollary üçin geçmişde gyjak saz guraly häsiýetli bolmandyr diýip çaklamaga esas döredýär.

Ýomut-gökleň ýoly barada aýdylanda welin ýagdaý birneme başgaça, bu ýolda gyjak saz guralyna sarpa goýulmagy käbir territorial sebäpler bilen düşündirilýär. Mälim bolşy ýaly, häzirki Daşoguz welaýatynyň geçmişde Orta Aziýanyň örän uly medeni ojaklarynyň biri bolan Hywa şäheri we Garagalpagystan bilen goňşuçylykda ýaşap, ýakyn aragatnaşyklar saklandygyny ýazuw ýadygärlikleri habar

berýär. Şonuň ýaly-da, Horezmiň gadymdan gelýän ösen saz medeniýetiniň bolanlygyna görnükli Wenger gündogarşynasy A. Wamberiniň giňden belli «Orta Aziýa» boýunça syýahat kitabyndaky setirleri-de güwä geçýär.

Galyberse-de, dessan aýtmaklyk tejribesiniň hem Daşoguz welaýatynda esasy ýörelge hasap edilmegi, başgaça aýtsak, türkmen bagşylarynyň içinde diňe daşoguzly bagşylara «dessançy bagşylar» diýilýänligi hem bu ýere Horezm saz medeniýetiniň ýetiren taryhy täsirlerinden habar berýän faktdyr. Horezm saz medeniýetinde beýleki saz gurallary bilen bir hatarda, ir wagtlardan bäri, gyjak saz guraly örän ýörgünli bolupdyr. Garagalpak halkynyň kemençe bilen çalynýan kobyz atly, gyjak tipli milli saz guralynyň gelip çykyşy hem irki döwürlerden habar berýär. Netijede, territorial ýakynlyklar we käbir medeni aragatnaşyklar sebäpli şol ýerleriň saz medeniýetiniň käbir ýörgünli aýratynlyklary (gyjagyň ansamblda esasy heň ýöredýän höküm sürüji gural bolmagy, dessan aýtmak we ş.m) has-da öz täsirini ýetiripdir diýip çaklanylýar. Şeýlelikde, gyjak saz guralynyň türkmen sazyna iň ilki aralaşan we ösdürilen ýeri ýomut-gökleň ýoludyr. Bu ýagdaý gyjak saz guralynyň soňky döwürlerde ýuwaş-ýuwaşdan beýleki bagşyçylyk ýollaryna-da aralaşmagy, bu guralyň türkmenlerde milli saz guraly hökmünde ykrar edilmegi üçin amatly şertler döredipdir.

Gyjagyň häzirki döwri hakda aýdylanda, onda ol söýülýän milli saz guraly hökmünde türkmen saz sungatynda özüne ebedilik orun tapdy. Her bir türkmen bagşysynyň aýrylmaz hemrasyna öwrüldi, gyjak üçin ýörite saz eserleri döredilýär. Gyjak bilen konsertlerde ýekelikde-de çykyş edilýär. Ýeke ýomut-gökleň ýolunda däl, eýsem beýleki bagşyçylyk ýollarynda-da ençeme gyjakçy sazandalar ösüp ýetişdiler, ussatlyk gazandylar, özlerini halka tanatdylar. Muňa mysal hökmünde, Pürli Saryýew, Nury Saryýew, Oraz Saryýew, Ata Ablyýew, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew, Nazar Begliýew, Annageldi Jülgäýew, Çary Gurbanow, Çary Ödekow, Nury Baýramow, Çary Alladurdyýew, Alladurdy Çaryýarow ýaly birgiden ussat gyjakçylary atlandyrmak bolar.

Şeýle-de bolsa, gyjak saz guralynyň ýomut-gökleň ýoly üçin aýratyn häsiýetli guraldygyny ýörite nygtap geçmek zerurdyr, sebä-

bi heň babatda (bagşydan soňra) kesgitleýji rol oýnaýanlygy bilen, gyjak sazy ýomut-gökleň ýolunyň özboluşlylygyny häsiýetlendirýän esasy alamat bolup durýar. Ol bagşyny «kowalap» aýdýan heňini boýdan-başa ähli baýlygy bilen alyp gidýän esasy gural hökmünde öňe saýlanýar. Ýomut-gökleň ýolunda dutara beýle orun berilmändir, dutar diňe kakuw döredýär, ritm alyp gidýär, başgaça aýtsak, dep rolunda çykyş edýär. Özi-de dutar bilen bagşy «kowmaklyk» ýomut-gökleň ýolunda, esasan aktiwleşdirilen «çalt kakuw» usulynda alnyp gidilýär. Heň ýöretmegiň we heň bezeginiň ähli garamaty bolsa, esasan, diňe gyjagyň paýyna düşýär.

Beýleki bagşyçylyk ýoluna garalanda, ýomut-gökleň ýolunda gyjak saz guralynyň has ir döräp, ýörgünli bolandygyna W.A.Uspenskiniň ýazgylary hem şaýatlyk edýär, ol özüniň şol ýazgylarynda Hemra gyjakçy, Annameret gyjakçy, Pirjan gyjakçy, Babajan Işan, Janmämmet gyjakçy diýen gyjakçy-sazandalaryň atlaryny «Torgaý guş», «Aý Bibi», «El göterdim», «Dur onda», «Perizady görmedim» ýaly gyjak sazlarynyň atlaryny getirýär. Olaryň hemmesi diňe Daşoguz (ýomut-gökleň ýoluna) degişli. Mälim bolşy ýaly, W.A.Uspenskiý özüniň sazly ekspedisiýasynyň agramly tarapyny Mary, Sarahs, Tagtabazar ýaly ýerlerde geçiripdir, emma ol şol ýerlere degişli ýekeje-de gyjakçynyň ýa-da gyjak sazynyň adyny görkezmändir. Diýmek, şol döwürde oňa gyjak-da, gyjak sazy-da Daşoguz etrabyndan başga ýerlerde duş gelmändir.

W.A.Uspenskiniň belliklerine girmeklik miýesser etmedik gyjakçylardan garrygalaly Aly Seýit gyjakçy, Hanmämmet Allanurow (1887–1937), Ýylanlydan meşhur Çuwal bagşynyň (Magtymguly Garlynyň) sazandasy, belli gyjakçy Sapar Beki (1896–1964) dagy hem ýomut-gökleň ýolunyň meşhur gyjakçylarydyr.

## HANMÄMMET ALLANUROW
**(1887–1937)**

Garrygala etraby türkmen saz sungatynyň ösen we kämilleşen ýerleriniň biridir. Garrygalada Kakabaý Jarçy (1884–1969), Gerkezli Meretgeldi Ürkuli (1908–1943), Gyzyl obaly Oraz Bagşy (1884–1934) ýaly ussatlar ýaşap geçipdirler.

Meşhur Garadäli Gökleň we Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan Artyk bagşy Annajyk ogly ýaly halkyň ýadynda hemişelik galan bagşy-sazandalar hem şu ýerde önüp-ösdüler.

1887-nji ýylda Garrygala etrabynyň obasynda Hanmämmet dünýä inýär. Ol ýaşlygyndan dutar çalmagy, aýdym aýtmagy öwrenip başlaýar. Hanmämmediň ýakymly sesi bolupdyr. Ol toýlarda aýdym aýdybam ugrapdyr. Bir gezek obada uly toý tutulyp, oňa Garadäli Gökleň, Sary bagşy çagyrylypdyr. Hanmämmet Sary bagşyny diňläninden soň, aýdym aýtmasyny goýup, dutar çalyp başlaýar. Şol döwürde Garrygala etrabynda gyjak çalyp aýdym aýtmak däbi döreýär. Hanmämmet hem aýdymy şeýle aýtmagy täzeden öwrenip başlaýar. Gyjak çalmakda daşoguzly gyjakçylar hem tapawutlanýardylar. Olaryň döreden «Alma gelin», «Goja bagban», «Garyplyk», «Ak Nury», «Ýar onda galdy», «Muhannes», «Warsaky» diýen sazlaryna uzagyndan aýdymam aýdylyp başlandy.

Gyjak üçin niýetlenilen sazlaryň köpelmeginiň özi, şu sungatyň ösmegine we kämilleşmegine uly ýardam edýär. Hemra gyjakçy, Annameret gyjakçy, Annadurdy gyjakçy, Babajan işan, Orazberdi Gurbanmyradow, Annamämmet Muhadow, Pürli Saryýew, Aly Seýit ýaly ussatlaryň gyjak sungatynyň giňden ýaýramagyna goşan goşantlarynyň belli bahasy ýokdur. XX asyryň birinji ýarymynda gyjak çalmakda tapawutlananlaryň birem Hanmämmet Allanurowdyr.

Hanmämmet gyjakçynyň ilkinji halypasy Garrygala etrabynda ýaşan Aly Seýit gyjakçy bolupdyr. Aly Seýit gyjakçynyň ussatlygy barada dürli rowaýatlar döräpdir. Aly gyjakçy XX asyryň başlarynda aradan çykýar. Gyjak üçin «Bibimiz», «Garaw» diýen sazlary döreden şol ussat bolmaly.

Hanmämmet gyjakçy Ahal welaýatynda ady belli Mylly Täçmyradow, Täçmämmet Suhangulyýew ýaly bagşylar bilenem tanyş bolupdyr. Hanmämmet bular bilen ýurdumyzyň dürli künjeklerinde tutulýan toýlarda, ýerlerdäki klublarda-da çykyş edipdir. Ol Sary bagşa sazandarlyk edipdir. Ol Sary bagşynyň ogullaryna gyjak çalmagy öwretmekde-de yhlasyny gaýgyrmandyr. Hanmämmedi diňlän adamlar oňa «Gyjagyň atasy» diýip, uly baha beripdirler.

Hanmämmet Allanurow 1934–1936-njy ýyllarda Aşgabadyň sazçylyk uçilişşesinde gyjak hünäri boýunça mugallym bolup işläpdir. Ol şol döwürde halk heňleriniň birnäçesini gyjak üçin täzeden işläp, miras galdyrypdyr.

Hanmämmet Allanurow 1937-nji ýylda Aşgabat şäherinde aradan çykýar.[1]

## SAPAR BEKIÝEW
**(1896–1964)**



Türkmenlerde gyjagyň Aly Seýit, Hemra şyh, Hanjan gyjakçy, Janmämmetdir Hanmämmet gyjakçylar, Orazberdi Gurbanmyradow, Pürli Sary ýaly ussatlarynyň birem Sapar Bekiýewdir.

Meşhur gyjakçy, Türkmenistanyň halk bagşysy, sazanda Sapar Bekiýew 1896-njy ýylda Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etrabynda dünýä inýär. Ol Daşoguz, Hywa sebitleriniň ökde sazandalarynyň ýanynda bolup, gyjak çalmagyň inçe syrlaryny öwrenýär. Men diýen ussat sazandalara şägirt bolup gelýär.

[1] *Allanazarow R.* Hanmämmet Allanurow//Bagşylar. 1995. 25 sah.

Sapar Bekiýew ýigriminji ýyllaryň dowamynda meşhur bagşy Magtymguly Garly bilen bile tirkeşip, onuň ýanynda gyjak çalýar. Olar uly toýlaryň ençemesini bile sowýarlar.

Otuzynjy ýyllaryň başlarynda ol Ahalyň, Balkanyň meşhur bagşydyr sazandalary bilen tanyşýar. Hanmämmet gyjakçy, Pürli Sary dagy Sapar Bekiniň bagşynyň aýdymlaryny yzarlaýşyny görüp, haýran galýarlar. Gyjagyň özboluşly çalnyş nusgasy olara diýseň ýaraýar. Şondan soňra ol Aşgabada ýygy-ýygydan gelip durýar.

Ol otuzynjy ýyllaryň ortalarynda Daşoguzyň sazly drama teatrynyň garamagynda halk aýdym-sazlarynyň ansamblyny guramakda özüniň uly guramaçylygyny aýan edýär. Ansamblyň ilkinji guramaçylygy oňa aňsat düşmeýär, emma meşhur bagşy Magtymguly Garlynyň iň ýakyn kömekçisi Sapar Bekiýew bolýar. Magtymguly Garly ýaşlara aýdym öwretse, Sapar Bekiýew saz öwredýär. Ol arkalaşyk sähel wagtyň içinde ilhalar ansambly döretmäge hötde gelýär. Magtymguly Garlynyň aýdan aýdymlarynyň şirin owaza eýlenip, täsin nusgalara gelmeginde-de onuň gyjakçysy bolup gezen Sapar Bekiniň hyzmaty uludyr. Sapar Beki Magtymguly Garly bilen Aşgabada, Daşkende, Moskwa bile gelip, aýdym-saz söýüjilere hezil berýär. Magtymguly Garly milli aýdymlary, ol bolsa gyjagyň jadylaýjy owazynyň gudratyny görkezýär. Ol Magtymguly Garly bilen dogry otuz ýyl töweregi bile tirkeşýär. Onuň ýanynda gyjakçysy bolup gezýär. Dürli ýyllarda dürli şäherlerde geçirilen aýdym-saz ýazgylaryna bile gatnaşýar. Magtymguly Garlynyň deňi-taýy bolmadyk hoş owazly aýdymlaryny bezäp, Sapar Bekiniň gyjagynyň zaryn sesi eşidilýär.

Magtymguly Garlynyň 1935-nji ýylda gramplastinka üçin Moskwa şäherinde ýazga beren «Oýan indi» ýaly aýdymlarynda Sapar Bekiniň gyjagynyň täsin owazy aýdym bilen deň gopup, deň ýaňlanypdy.

Oraz Gurbannyýaz, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy, gyjakçy Begjan Haljan dagy meşhur Sapar Bekiden nusga alypdyrlar.

Tüýli Otuzyň, Ilaman Annanyň we başgalaryň bagşy bolup ýetişmeklerinde-de Sapar Bekiniň halypalyk hyzmatlary uludyr.

Meşhur gyjakçy 1964-nji ýylda aradan çykýar. S. Bekiýewiň belent sungatyna uly sarpa goýlup, «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy. Oňa bagyşlanyp, toý dabarasy geçirildi.

Magtymguly Garlynyň öý muzeýinde Sapar Bekiýewiň heýkeli we oňa degişli eksponatlar goýuldy.

Sapar Bekiýewiň sungatyny şägirtleri we kowumlary dowam edýärler.

## ORAZ SARYÝEW
**(1915–1988)**



Oraz Saryýew 1915-nji ýylda Baharly etrabynyň Bamy obasynda külli türkmene belli, türkmen bagşyçylyk sungatynyň naýbaşysy, ussat halypa Sary bagşynyň maşgalasynda dünýä inýär. Oraz Saryýewiň saza bolan höwesi ýaşlyk ýyllarynda döreýär. Onuň uly dogany, Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýew, kiçi dogany (inisi) Nury Saryýew hem gyjakçy, hem skripkaçy – ol Moskwanyň P. I. Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasynyň uçurymy.

1937-nji ýylda Türkmenistan radiokomitetinde türkmen halk saz gurallary ansambly döredilýär we Oraz Saryýew hem ansambla ilkinjileriň hatarynda kabul edilýär (ansambla şol döwürde O. Saryýewiň agasy P. Saryýew ýolbaşçylyk edýär). Soňra, Oraz Saryýew 1938-nji we 1941-nji ýyllar arasynda öňki sazçylyk tehnikumynda mugallymçylyk edýär.

Oraz Saryýew şol sazçylyk tehnikumynda işlän döwründe birnäçe gyjakçy sazandalary, ýagny, Türkmenistanyň halk artisti, «Gaýrat» medalynyň eýesi Ata Ablyýew, Çary Gurbanow, Türkmenistanyň halk artisti Annageldi Jülgäýew, Nury Baýramow, Bäşim Meredow, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Muhammetdurdy Muhammetnyýazow ýaly ussatlary ýetişdirdi.

Oraz Saryýew 1942-nji ýylda filarmoniýa işe girýär. Şol ýyllarda 15 adamdan ybarat ansambl harby söweşjeň Gyzyl Goşunyň öňünde birnäçe konsert programmasy bilen çykyş edýär. Şu ansamblyň agzalarynyň arasynda Oraz Saryýew bilen bir hatarda türkmeniň belli bagşysy, Türkmenistanyň halk artisti Sahy Jepbarow, G. Berdiýew,

Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gara Seýitliýew, Türkmenistanyň halk artisti D. Samedow bardy. Bu konsert topary Türkmenistana 1943-nji ýylda gaýdyp gelýär we ansamblyň ähli agzalary TSSR-iň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň Hormat haty bilen sylaglanýar.

Oraz Saryýew birnäçe doganlyk respublikalarynda hem konsert programmalary bilen çykyş edýär. Ussat halypa türkmen saz sungatyny ösdürmekde, halk köpçüligine ýaýratmakda bitiren hyzmaty üçin 1949-njy ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Oraz Saryýew 1970-nji ýylda türkmen radiotelewideniýesiniň halk saz gurallary ansamblyna işe girýär. Ol halypa bagşylarymyz Sahy Jepbarowa, Abdylla Amanjaýewe, Nurmyrat Annaýewe, Gurbandurdy Jenowa, Nabat Nurmuhammedowa, Orazgeldi Ylýasowa, Sülgün Meretgeldiýewa, Mäne Garaýewe, Hommat Jelilowa we başgalara sazandarlyk edýär. Ol birnäçe ajaýyp aýdymlaryň awtory hasap edilýär. Aýdymlary: «Saýlawçy», «Hoşlaşyk», «Gurluşykçynyň heňi», şeýle hem, dutar üçin döreden «Sährada», «Mukam», «Ýatlama» ýaly sazlary radiotelewideniýäniň halk saz gurallary ansamblynyň bagşy-sazandalarynyň repertuaryny bezeýär.

Oraz Saryýew 1980-nji ýylda hormatly dynç alşa çykýar.

Ol 1988-nji ýylda aradan çykdy.

## NURY SARYÝEW
**(1922–1941)**



Nury Saryýew – meşhur bagşy Sary bagşynyň iň körpe ogludyr. Nury 1922-nji ýylda Baharly etrabynyň Bamy obasynda dünýä inýär. Nurynyň kakasy Sary bagşy halk arasynda uly meşhurlyk gazanan ussatdyr. Onuň öýi elmydama bagşy-sazandalaryň gelim-gidimli ýeri bolýar. Görnükli bagşy-sazandalaryň Sary bagşylarda elmydama myhmançylykda bolmagy, galyberse-de, agalary Pürlüdir Ora-

zyň saza bolan çäksiz höwesleri ýaşajyk Nura-da öz täsirini ýetirýär. Nury aýdym-saza örän ýaşlykdan imrinýär. Günleriň birinde ussat halypa Hanmämmet gyjakçy Sary bagşynyňkyda myhmançylykda wagty onuň ünsüni alty ýaşlyja Nurynyň gyjaga şeýle höwes bilen erk edip bilşi özüne çekýär. Ýaşajyk Nury Hanmämmet halypa şeýle diýip ýüzlenýär: «Hanmämmet aga, maňa «Torgaýyň saýraýşyny» çalyp bersene». Şonda halypa şeýle diýýär: «Torgaýyň saýraýşy?» Baý, ol-a kyn düşer-ow maňa. «Torgaý guşy» çalyp bersem bolmazmy?». Nury başyny ýaýkaýar.

«Torgaý saýranda, aýdym aýdyp berýär. Hersi bir hili saýraýar» diýip, Nurujyk jogap berýär. Şonda ussat halypa Hanmämmet gyjakçy Nura şeýle diýýär: «Torgaýdan şonça dürli aýdym eşidip bilýän bolsaň, Nury jan, seniň gulagyň biziňkiden ýitiräk bolarly». Ol Sary bagşa ýüzlenýär. «Ýyndam boljak taý enesine eýermez» diýleni-dä, halypa. Körpäňiziň gep urşuna paýhas edýäňizmi?!»

1933-nji ýylda on bir ýaşly Nury dagy ähli maşgalasy bilen Aşgabada göçüp gelýärler. Ýaşajyk Nury şäherdäki sazçylyk mekdebine gatnap başlaýar. Başdaky ýönekeýje sapaklar ilkibada Nuryny kanagatlandyrmajak boldy. «Maňa tegelek çyzyp öwretjek bolandan, sazyň özüni diňledip öwrediberseler bolmaýarmyka, kakamyňky ýaly?» diýerdi. Nurynyň göwnüsowuklygy uzaga çekmedi. Notalary goşup, ýönekeýje etýudlary çalyp ugrady, soň kiçeňräk heňlere erjeşdi. Nota seredip çalmak tälimini ele aldygyça, şol «içi boş» tegelekler ýalňyzlanyp, öz-özleri bir täsin heňe çatylyşyp, sepleşip barýan ýalydy. Nury wagt geçdigisaýy okuwa has hem gyzykdy, oňa bütinleý durky bilen berildi. Sazyň teoriýasyny yhlas bilen öwrenýärdi, soňabaka garmoniýanyň inçe syrlaryny öwrenmeklige höwes bilen ýapyşýar.

1935-nji ýylyň bahary Nury üçin iň bagtly, ýatdan çykmajak günleriň biri boldy. Şol ýyl Aşgabada Moskwanyň P. I. Çaýkowskiý adyndaky Döwlet konserwatoriýasynyň wekilleri gelip, türkmen oglan-gyzlarynyň içinden has zehinli ýaşlary gözden geçirýärler. Şol gözden geçirişde moskwaly hünärmenleriň ünsüni aýratyn hem garagözelek, gysga boýluja, on üç ýaşly oglanyň gyjak çalşy özüne çekýär. Nury olara halk heňleri bilen öz döreden heňlerini çalyp berýär. Komissiýa ýaş sazandanyň owaz alşynyň intonasion dürslügini, ritme,

melizme duýgurlygyny, umuman, sazdan «tagam alyş» duýgusynyň salyhatlylygyny belleýär. Nury Moskwa konserwatoriýasynyň milli bölümine biragyzdan kabul edilýär. Nury Saryýew konserwatoriýada Iwan Ýewstigneýewiç Wolginden skripka klasy boýunça sapak alýar. Konserwatoriýada okan ýyllary Nury özüniň okuwa erjelligi, ýiti zehini bilen öz ýoldaşlaryny we mugallymlaryny haýrana galdyrýar. Indi atlary äleme dolan ägirtlerden sapak alýan Nurynyň gyjak çalşy düýpgöter başgaçady. Student ýyllary Nury özüniň meşhur «Nesil» («Pioner») diýen sazyny döredýär.

1941-nji ýylyň iýun aýynyň başynda konserwatoriýanyň türkmen bölümini üstünlikli tamamlaýar. Şol ýyl hem zalym faşistler Sowet ýurdunyň üstüne çozýar. Şol urşa Nury hem öz islegi bilen gidýär. Ýöne duşman güllesi on dokuz ýaşyny dolduran Nurynyň bu ýagty jahandan baky gitmegine sebäp bolýar. Nury Saryýewiň döreden «Nesil» («Pioner») diýen sazy şu günler hem biziň sazandalarymyzyň repertuaryndan düşmän gelýär.

## GARÝAGDY ALYÝEW
**(1923–1980)**



Türkmenistanyň at gazanan artisti, gyjakçy Garýagdy Alyýew 1923-nji ýylyň ýanwar aýynyň 15-ine Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň Ýyldyz obasynda dogulýar. Garýagdy ýaşlykda atadan mahrum bolýar. Ejesiniň saglyk ýagdaýynyň ýaramazlygy sebäpli, maşgalanyň eklenji ýaşajyk Garýagdynyň gerdenine düşýär. Ol on-on iki ýaşlarynda sygyr bakardy. Ol ýyllar Garýagdylar Aşgabat obasynda ýaşardylar. Garýagdyjygyň ýanynda başga-da mal bakýan oglanlar bardy. Nowruz aga diýen ýaşuly obanyň çekenesini bakardy. Her bazar güni ogly Dörtguly oňa kömekleşmäge gelerdi we oglanlara gyjak çalyp bererdi. Garýagdy hem Dörtguludan gyjak çalmagyň ýönekeýje til-



11. Sargyt № 952

simlerini öwrenip başlaýar. Soňra Dörtguly Garýagda bir gyjagam ýasap berýär. Şondan soň Garýagdynyň bar oýnagy gyjak bolýar. Ilki «Torgaý guşlar» diýen sazy çalmagy öwrendi. 1938-nji ýylda Garýagdynyň ejesi aradan çykýar.

Şäherde gyjakçylaryň okuwa kabul edilýänligi baradaky habary eşiden Garýagdy hem özi ýaly oglan-gyzlar bilen okuwa gelýär. Şonda Garýagdy «Torgaý guşlar» bilen Pürli aganyň «Bagyşlanýar» diýen sazlaryny çalyp berýär. Şonda «Torgaý guşlar» diýen sazy gaýtaladyp çaldyrýarlar. Halypalar Täçmämmet aganyň, Sahy Jepbarowyň synagyndan üstünlikli geçen Garýagdy guş bolup uçýar. Ol şeýle ägirtlerden irmän-arman öwrenýär. Garýagdy okuwyny üstünlikli tamamlaýar. 1960-njy ýyla çenli Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary ansamblynda işleýär. Şol döwürlerde, ýagny uruş ýyllarynda Garýagdy goşun gullugyna çagyrylýar. Alty ýyllap gulluk edýär. Harby gullukdan Garýagdy ýene ansambla işe dolanyp gelýär.

Garýagdy Alyýew 1960-njy ýylda Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary ansamblynda gyjakçy bolup işe çagyrylýar. Ol ömrüniň ahyrky günlerine çenli şu atly ansamblda jan aýaman zähmet çekýär. Bu ansamblda işlän döwründe zamanamyzyň beýik sazandalary Pürli agadan, Çary agadan köp zatlary öwrenýär.

Ýurdumyzyň dürli künjeklerinden gelen bagşylara ussatlyk bilen sazandarlyk edýär. Ussat bagşy Sahy Jepbarowyň, zehini daş ýarýan Orazgeldi Ylýasowyň (Sygan bagşynyň) ýanynda ençeme ýyllap sazandarlyk etmek Garýagdy Alyýewe miýesser edýär. Ansamblyň öz bagşylary Nurýagdy Baýramowa, Gurbandurdy Jenowa, Giçgeldi Amanowa, Kiçi Geldimyradowa, Oraznepes Döwletnazarowa, Baýram Ylýasowa, Daşoguz bagşysy Ilaman Annaýewe, Marydan Gaýgysyz Çaryýewe, balkanly Saryhan Sapaýewe, Tuwakmyrat Bugaýewe, Aşyrmämmet Dawudowa ussatlyk bilen sazandarlyk edýär.

Garýagdy Alyýew 1967-nji ýylda Moskwada, «Mawy yşyk» programmasynyň baýramçylyk konsertinde sazanda Ýagmyr Nurgeldiýew bilen bilelikde üstünlikli çykyş edip gelýär.

Garýagdy Alyýew ýeke bir ussat gyjakçy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ol birnäçe ajaýyp ilhalar aýdymdyr sazlary hem döredýär. Magtymguly Myşşyýewiň sözlerine «Çarwa gözeli», Geldi Bäşiýewiň sözlerine «Bagtyýar», bagşy Hangeldi Annamyradowyň

sözlerine «Ak altyn», «Zamana geldi» ýaly aýdymlary döredýär. Garýagdy Alyýewiň döreden «Ýubileýe sowgat» diýen sazy halk saz gurallary ansambllarynyň repertuaryny bezäp gelýär. Garýagdy aga gyjakdyr dutary ýasamakda ýokary ussatlyk görkezýär. Onuň ýasan dutardyr gyjaklaryny saz muşdaklary höwes bilen alardylar.

1972-nji ýylda Garýagdy Alyýewe «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar. Entek döredijilik zehininiň ýaňy taplanan wagty Garýagdy Alyýew 1980-nji ýylda biwagt aradan çykýar.

## ATA ABLYÝEW
**(1925–2002)**



Türkmenistanyň halk artisti, «Gaýrat» medalynyň eýesi Ata Ablyýew 1925-nji ýylyň ýanwar aýynyň 30-yna Aşgabat etrabynyň Änew obasynda garyp daýhan maşgalasynda eneden bolýar. Ýaş döwründe ol «damana» ýolunyň ussady Durdy bagşynyň ogly Halmyrat bagşydan dutar çalmagyň ilkinji tilsimlerini, aýdym aýtmagy öwrenýär. Iki tarapynda-da güýçli din wekilleri bolany üçin, kakasy Ably aga ogluna aýdym aýtmaga rugsat bermändir. Şol döwürde Aşgabatda okap, beýik halypalardan tälim alan Amangeldi Hydyr ogly saglyk ýagdaýy bolmany üçin Aşgabatdan öz obasy Änewe göçüp gelipdir. Ýaş, zehinli Ata şol halypadan gyjagyň başlangyç göçümlerini, hasaplaryny öwrenýär. 1937-nji ýylda Sahy Jepbarowyň ýolbaşçylygynda türkmen milli halk saz gurallar ansambly açylýar hem-de ansambla höwesjeň zehinler üçin kabul ediş topary döredilýär. Şol wagt kabul ediş toparynyň agzalary S. Tumanýan, P. Saryýew, M. Täçmyradow dagy bolupdyrlar. Ýaş sazanda Atany we onuň ýoldaşlary Çary Gurbanowy, Rahman Meredowy, Aşyr Muhammedowy ýaş görüp, olary çeperçilik tehnikumyna (şu mahal D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşe) geçirýär-

ler. Ol ýerde Atanyň ilkinji dutar mugallymy M. Täçmyradow, gyjak klasyndan bolsa P.Saryýew bolýar. Birnäçe aý geçenden soň, dutar mugallymy Mylly aganyň ogly Hojamyrat bolýar. Gyjak klasyndan bolsa Pürli aganyň inisi Oraz Saryýew bolýar. Iki ýyl şu halypalardan tälim alandan soň, Atany 1939-njy ýylyň sentýabr aýynyň 15-ine Türkmen radiosynyň halk saz gurallary ansamblyna işe çagyrýarlar. Şol ansamblda Atanyň halypalary Mylly aga bilen Pürli aga bolýarlar. Ol işlän döwründe Türkmen döwlet filarmoniýasynyň bagşysy S. Jepbarowyň ýanynda, 1947-nji ýyldan başlap, tä onuň ömrüniň ahyryna çenli, ýagny, 1977-nji ýyla çenli oňa sazandarlyk edýär. S. Jepbarowyň mukam sazlaryna, täzeden işlän aýdymlaryna («Bu gün», «Düşdi nazarym», «Janlarym», «Ak ýüzli maralym», «Ýar gyrmyzy geýnipdir») bile siňdiren zähmeti üçin halypasy Sahy agadan köp sag bolsunlar alýar. Ata Ablyýew işlän döwürlerinde birnäçe daşary ýurtlarda, ýagny, Wengriýada, Türkiýede, Eýranda, Fransiýada, Owganystanda, Saud Arabystanynda türkmen saz sungatyny wagyz etmekde uly işler bitirdi. Öz işiniň daşyndan birnäçe ýerlerden gelen bagşylara sazandarlyk edip, birnäçesine halypalyk etdi. Olaryň içinde Türkmenistanyň halk artistleri H. Annamyradow, N. Baýramow, A. Çaryýew, Türkmenistanyň at gazanan artistleri O. Döwletnazarow, Bibi Welmyradowa, ýaş gyjakçylar A. Ataýew, B.Söýünow dagy bardy. Ata Ablyýewiň çeken zähmetini göz öňünde tutup, hökümetimiz oňa beýik at-abraýlar berdi. 1964-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy», 1979-njy ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk artisti», 1994-nji ýylda «Gaýrat» medalyny berdi. Ata Ablyýew 80-den gowrak aýdymdyr sazlaryň awtorydyr. Olardan öz halypasy Sahy Jepbarowa bagyşlap, şahyr Şalar Akmämmedowyň sözlerine «Sahy bagşydyr», şahyr Hudaýguly Allamyradowyň sözlerine «Bagşydyň» diýen aýdymlary hem-de «Ussada» diýen sazy döretdi. Mundan başga-da, şahyr Çary Ýalkabowyň sözlerine «Sary gyz, saklan biraz», şahyr Geldi Bäşiýewiň sözlerine «Käkilik», «Uz eýlär», şahyr Magtymguly Myşşyýewiň sözlerine «Garrylar gerek», şahyr Abaýdy Jokgaýewiň sözlerine «Halyçy gelin» diýen aýdymlary döretdi.

Halypa mukamçy-kompozitor A. Ablyýew «Ynamly», «Ýaryşdaş dostlar», «Änew mukamy», «Joşýar göwün», «Ussada», «Dostum sen» diýen ajaýyp sazlaryň hem awtorydyr.

Halypa sazanda, mukamçy-kompozitor Ata Ablyýew 2002-nji ýylda aradan çykdy.

## ÇARY GURBANOW
**(1927–1967)**



Türkmen milli saz sungatynda özüniň ýiti zehini, tebigy ussatlygy bilen tapawutlanyp, gysga ömründe il içinde meşhurlyk gazanmagy başaran sazandalaryň biri hem gyjakçy Çary Gurbanowdyr.

Çary Gurbanow 1927-nji ýylda Aşgabat raýonynyň öňki «Budýonnyý» diýen kolhozynda eneden bolýar. Şol wagtlar Budýonnyý obasyna «Bagşylar obasy» hem diýipdirler. Sebäbi ol obada at-owazalary bütin türkmene dolan Mylly Täçmyrat, Sahy Jepbar, Jepbar Hansähet, Geldimämmet Orazguly, Giçgeldi Aman, Kiçi Geldimyrat, Nurjemal Adyýewa, Ata Ably, Ýagmyr Nurgeldi ýaly bagşylardyr sazandalar ýaşaýardylar.

Çary ýaşlykda ata-eneden jyda düşýär. Kakasy Gurban aganyň dört ogly bolýar. Çary ýetim galan çagalaryň iň körpesidi. Ata-enesiz galan çagalaryň eklenji iň uly dogany Hojagulynyň gerdenine düşýär. Çarynyň gözüni açyp göreni-eşideni aýdym-saz bolansoň, ol saza örän ýaşlykdan imrinýär. Eýýäm 6 ýaşan Çary saz älemindäki ilkinji ädimlerini ätläp başlaýar. Ýaş çagajykka saz guraly bolmansoň, konserw kürüşgesine sap oturdyp, oňa sim çekip gyjak edinip «saz çalýar». Soňraklar, ol kürüşgäniň ýerine, suw kädisinden gyjak ýasanýar eken. Çarynyň özünden uly dogany Soltanyň hem aýdym-sazdan oňat başy çykýan eken. Soltan ençeme ýyllap filarmoniýada gyjakçy-sazanda bolup işleýär. Soňra ony filarmoniýanyň direktorynyň orunbasary wezipesine belleýärler. Agasynyň çalýan gyjagynyň ýakymly owazy Çaryny hem öz erkine goýmaýar. Ol ýatsa-tursa ýüregi gyjak küýseýär. Agasynyň ýany bilen öýlerine gelýän bagşy-sazandalaryň ýerine ýetirýän aýdymdyr sazlaryndan Çarynyň gulagy mazaly ganýar.

Galyberse-de, meşhur Sahy bagşy Çarynyň iň uly agasy Hojagulynyň jan ýaly dosty eken. Hojaguly hem aýdym-saza uly sarpa goýupdyr. Ýaşajyk Çary gije-gündiz gyjagyny elinden düşürmeýär. Ol tiz wagtyň içinde ýönekeýje halk sazlaryny çalmagy başarýar. Çarynyň çagalykda bile önüp-ösen ýoldaşy, dosty Ata Çeşmeliniň gürrüň bermegine görä: «Bir gün Çarylarda otyrdyk. Öýde diňe ikimizdik. Çary gyjakda täze bir heňi öwrenjek bolup garabaşyna-gaý bolup derläp, saz çalýardy. Gapydan duýdansyz giren Hojaguly öz inisiniň şeýle bütin durky bilen saz çalyp oturanyny gözügidijilik bilen synlady. Çary bu wagt bir gulaga öwrülipdi. Agasynyň gapydan girenini hem duýmandy. Saz tamam bolansoň, agasy Hojaguly: «Oglanlar gurgunmysyňyz, sag-aman ýörsüňizmi?! Çary jan, asyl sen-ä saz bilen başagaý bolup, gapydan geleni-gideni hem duýjak däl. Seniň şu gyjak bilen, görýän weli, çynyň-ow. Saz diýilýän zat oňat kärdir, inim. Onuň azaby iňňe bilen guýy gazan ýalydyr. Eger seniň saz sungatyna şeýle höwesiň bar bolsa, gel, gowusy, men seni Sahy aganyň ýanyna alyp gideýin. Goý, seniň zehiniňe onuň özi baha bersin» diýdi. Onda Çary: «Agam, men ýeke gitjek däl. Ynha, dostum Atany hem alyp gitseň men gideýin» diýdi. Hojaguly pikirlenmän, ýalbaryjy äheňde inisine ýüzlendi: «Weý-weý, Çary jan, onuň hem gürrüňi bolarmy. Dostuň Atany hem alyp gideris. Sen-ä Sahy halypa öz bilýän sazlaryňdan çalyp berersiň. Bizem dostuň Ata bilen saňa syn ederis. Onsoňam Çary jan, başyňy belent tut, çekinmede, öz sungatyňy halypa görkez. Bu duşuşyk seniň üçin saz äleminde ilkinji synagyň bolar» diýdi. Ol dogrudan hem şeýle boldy. Agasy Çaryny Sahy bagşa görkezip: «Ynha, dost, şol gije-gündiz gyjak bilen bile ýatyp-turýar» diýip gürrüňini edip berýän iň körpämizä-hä şu oglanjyk bolmaly. Indem özüň diňle-de, baha ber. Göwnüňe ýarasa-ha alyp gal. Göwnüň ýetmese-de, näme, entek kämilleşýänçä alyp gitjek» diýip, sözüni soňlamanka, Sahy bagşy: «Tüweleme, tüweleme, gaty gowy, gaty gowy, Çary jan. Gelen bolsaňyz, gaty gowy edipsiňiz. Hany, şu oturgyjyň üstünde otur bakaly» diýip, Sahy aga mylaýym gürläp, Çara ýer görkezdi. Çary oturgyja geçip oturdy. Oturgyçda oturan Çaryjygyň aýagy ýere-de ýetmeýärdi. Şol wagtlar Çarynyň bary-ýogy 10–11 ýaşy bardy. Sahy aga oturgyçda ymykly oturan Çara ýüzlenip: «Çary jan! Sen bu gün

bize näme sazlary çalyp berjek. Bilýän sazlaryňdan çekinmede çalyp ber bakaly? Bizem ynha, agaň, dostuň bilen bile oturyp, bir hezil edip diňläli» diýip, Çarynyň eline gyjagy berdi. Ýaşajyk Çary gyjagy derrew düzdi-de, özüniň ilkinji öwrenen «Garybym», soňra bolsa «Ak eşekli» diýen sazlary yzly-yzyna çaldy. Saz gutaran badyna Sahy aga birhili, esli wagtlap dymyp, bir nokatdan gözüni aýyrman pikirlenip durdy. Ara düşen dymyşlygy Hojaguly bozdy: «Näme dost! Çary jan entäk ýaş oglan. Onsoňam ol öwrenje. Siziň tamaňyzy ödärden entek has irräk. Gowusy, onuň elleri ýitileşýänçä, men ony alyp gidäýeýin» diýip, Sahy aganyň pikirini bilmäge howlugýan ýaly gürledi. Hojagulynyň gaty tolgunýandygyny aňan Sahy bagşy pert gürledi: «Ýok, dost! Indi, sen inimi äkitjek diýip azara galyp oturma. Çary jana indi özümiz hossarlyk hem ederis, oňa sazam öwrederis. Dogrudanam, Çary seniň gürrüň berşiňdenem ukyplyrak eken. Çary ýaly şeýle süýji, labyzly, şirin çalyp biljek zehinler asyrda bir gezek ýa dörär, ýa-da döremez. Indi Çarynyň şu günden beýläk kakasy bar diýip hasap edäýiň! Çary jany men birki ýyl gowy halypa-şägirt edip bereýin. Goý, halk sazlaryny çuňňur öwrensin!» diýdi. Ol halypa meşhur Oraz Sarydy. Şol günden beýläk Çarynyň gyjaga bolan garaýşy, söýgüsi has-da artdy. Indi ol öz göwün söýen, arzuw eden sazandasyndan sapak alýardy. Talapkär Oraz Sary Çarynyň üýtgeşik tebigy zehinini, päki ýaly ýiti elini synlap, oňa guwanýardy. Elinde baryny edip, öz saz hazynasyndan eçilýärdi. Çary hem öz gezeginde bir sazy eşitdigi boldugydy. Şol sazy yzysüre gaýtalap çalyp bilmegi başarardy. Iki-üç ýyl Oraz Sarydan gyjak öwrenip, onuň «ak patasyny» alan Çary duran bir gudrata öwrüldi. Onuň ussatlygy has-da kämilleşipdi.

1939-njy ýylda Çary Gurbanow Sahy Jepbarowyň ansamblynda gyjakçy sazanda bolup işläp başlaýar. Çary Sahy halypa bilen konsertlerde, toýlarda çykyş edip başlaýar.

1948-nji ýylda Aşgabatda güýçli ýer titremegi zerarly, Çary öýsüz-öwzarsyz galýar. Şonda Sahy aga hossarlyk edip, Çaryny öz öýüne ýygnaýar. Ol köpçülikde, toýlarda, oturyşmalarda bolanda: «Çary jany men ikinji oglum hasap edýärin» diýerdi. Olar soňra ençeme ýyllar ataly-ogul ýaly bolup ýaşadylar hem-de zähmet çekdiler. Çary Gurbanow ömrüniň ahyrky ýyllary öz döwrüniň meşhur bagşysy

Orazgeldi Ylýasowyň (Sygan bagşynyň) ýanynda hem ençeme ýyllap sazandarlyk edýär. Wagtal-wagtal Sahy halypa Orazgeldini ýörite öýüne çagyryp, Çary Gurbanowyň hem-de Çary Täçmämmedowyň sazandarlyk etmeginde aýdym-saz diňlärdi. Olaryň ajaýyp, guýmagursak zehinine öz ýanyndan çäksiz begenerdi.

Çary Gurbanow ýeke bir türkmen gyjagyny ussatlyk bilen çalman, eýsem ol doganlyk kawkaz halklarynyň milli saz guraly kemençäni hem ussatlyk bilen çalardy. Azerbaýjan halk sazlaryny, kinofilmlerdäki sazlary, Beýbutowyň aýdymlarynyň sazlaryny ussatlarça çalardy. Onuň çalan: «Çargäh» diýen azerbaýjan halk sazynyň ýazgysy häzir radionyň altyn hazynasynda saklanýar.

Çary Gurbanowyň zehin gazanynda taplanyp, bize, halka beren sazlary häli-häzire çenli radioda ýaňlanyp dur. Ol sazlardan «Ýandym», «Çykdym güller», «Natuwan eýlär», «Gaşly ýar», «Nergiz», «Tomagaly» we başga-da ençeme sazlary görkezmek bolar. Ol sazlar türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar. Ömrüniň ahyrky ýyllary halypalyga ýetişen Çary Gurban birnäçe gyjakçylara halypalyk hem edýär. Olardan: halk arasynda «Aman Çemçe» lakamly Çaryýewi, Türkmenistanyň at gazanan artisti Myrat Saparowy (merhum) görkezmek bolar. Ýaňy akyly goýalyp, halypalyga ýetişen, saz sungatyna has çuňňur aralaşan Çary Gurbanow 1967-nji ýylda agyr derde sataşyp, 40 ýaşynyň içinde aradan çykýar. Özüniň gysga ömründe halkyň arasynda özüni ussat sazanda hökmünde ykrar eden Çary Gurbanowa (merhum) Türkmen milli saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň halk artisti» diýen at dakyldy.

Çary Gurbanowyň ýerine ýetirijilik ussatlygy barada saz öwrenijiler, ýazyjylar dürli ýyllarda, dürli gazet-žurnallarda ençeme makalalar ýazdylar. Geljekde ussat sazanda Çary Gurbanowyň ýerine ýetirijilik ussatlygy barada düýpli işler ediler diýen tamamyz bar.

# SAPARGULY IŞANGULYÝEW
## (1929–1987)



Türkmenistanyň at gazanan artisti Saparguly Işangulyýew 1929-njy ýylda Aşgabat etrabynyň Ýasmansalyk obasynda daýhan maşgalasynda dünýä inýär.

Sapargulynyň kakasy Işanguly Gadam oba sazandasydy. 1930–1940-njy ýyllarda Aşgabat etrabynyň Ýasmansalyk obasynda bolan toýlar onsuz geçmezdi. Ol obadaşlaryna dutar çalyp hezil bererdi. Saparguly dutar çalmagy ilki kakasyndan öwrenýär. Soňra, mekdepde okaýarka mekdebiň aýdym-saz gurnagyna gatnaşýar. Ol gurnaga Orazberdi Gurbanmyradow ýolbaşçylyk edýärdi. Orazberdi ökde gyjakçydy. Ol ilki Hally bagşynyň, soň hem Sahy bagşynyň ýanynda köp sazandalyk eden adamdy. Orazberdi Gurbanmyradow ömrüniň ahyryna çenli Türkmen döwlet filarmoniýasynda gyjakçy bolup işläpdi. Ine, mekdebiň aýdym-saz gurnagynda şeýle sazandadan tälim alan Saparguly ilki dutar çalsa-da, gyjagyň owazy ony öz erkine goýmaýar. Ol Orazberdiden gyjak çalmagy-da öwrenýär. Şeýdip, Saparguly dutara-da, gyjaga-da öz diýenini etdirip ugraýar.

Saparguly Türkmenistan radiosynda üç ýyl işländen soň, 1946-njy ýylda Ýaşlar teatrynyň ýanyndaky konsert toparyna işe girýär. Bu ýerde ol bagşy Nursähet Halsähedowyň ýanynda gyjak çalýar.

1948-nji ýylda Saparguly Işangulyýew Türkmen döwlet filarmoniýasyna işe geçýär. Bu ýerde Türkmenistanyň at gazanan artisti Oraz Saryýew, ökde gyjakçylar Bäşim Meredow, Çary Gurbanow ýaly halypalar bilen bile işlemegi, olardan öwrenmegi, sapak almagy Sapargulynyň ýerine ýetirijilik ukybyna has oňaýly täsir edýär. Şol ýyllarda Saparguly köp bagşynyň ýanynda gyjak çalyp, olara sazan-

darlyk edýär. Halypa bagşylar Sahy Jepbarowa, Gurbandurdy Jenowa, Kiçi Geldimyradowa, Giçgeldi Amanowa, Nabat Nurmuhammedowa, Nurmyrat Annaýewe, Nurýagdy Baýramowa, Hangeldi Annamyradowa, Dörtguly Durdyýewe, Oraznepes Döwletnazarowa we başgalara aýry-aýry ýyllarda sazandarlyk etdi. Nebitçileriň, gazçylaryň, pagtaçylaryň, balykçylaryň, çopanlaryň armaçysy bolup, zähmet adamlaryna lezzet berdi, olaryň alkyşyna mynasyp boldy.

1955-nji ýylda Türkmen edebiýatynyň we sungatynyň Moskwada geçirilen ongünlügine gatnaşyp, Saparguly Işangulyýew moskwaly tomaşaçylaryň söýgüsine mynasyp boldy. Türkmen edebiýatynyň we sungatynyň Moskwada geçirilen şol günlerinde üstünlikli çykyş edenligi üçin Saparguly Işangulyýew Hormat haty bilen sylaglandy.

1957-nji ýylda filarmoniýanyň halk saz gurallary orkestri, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri, kompozitor Gurban Kulyýewiň ýolbaşçylygynda Bütindünýä ýaşlarynyň Moskwada geçirilen festiwalyna gatnaşýar. Halk saz gurallary orkestri festiwalda üstünlikli çykyş edip, üçünji baýraga hem-de Bütinsoýuz festiwalynyň laureaty diýen ada mynasyp bolýar. Şolaryň arasynda gyjakçy Saparguly Işangulyýew hem bardy.

Türkmenistanyň at gazanan artisti, gyjakçy Garýagdy Alyýewden gyjak ýasamagy-da öwrenýär. Ol diňe bir gyjak däl, eýsem dutar ýasamagy-da öwrenýär. Ussat Saparguly özüniň bu hünärini, türkmen milli saz gurallaryny ýasamagy öz ogullaryna-da öwretdi. Muhammetguly dutar ýasasa, Jepbarguly gyjak ýasaýar. Çary bolsa «Ata kesbi – ogla halal» diýlişi ýaly, kakasynyň ussat gyjakçy Saparguly Işangulyýewiň inçe sungatyny dowam etdirip ýör.

1985-nji ýylda Türkmen milli sungatyny dünýä ýaýmakda, ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin, Saparguly Işangulyýewe «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Saparguly Işangulyýew 1987-nji ýylda 58 ýaşynyň içinde aradan çykýar.

## ANNAGELDI JÜLGÄÝEW
**(1929)**



Annageldi Jülge Baharly etrabynyň dag içindäki Ymarat obasynda 1929-njy ýylda dogulýar. Ýaşajyk Annageldiniňki «Är – daýa çeker» diýleni bolýar. Ady külli türkmen iline dolan meşhur babasy Sary bagşy, daýylary Pürli, Oraz, Nury oňa görelde bolýarlar. Onuň gözüni açyp göreni-eşideni saz bolýar.

1942-nji ýylyň başynda Annageldiniň Türkmen döwlet halk saz gurallarynyň orkestrine işe alynmagy, häzirki zaman professional sazynyň, dünýä saz hazynasynyň gyrasyndan girmäge oňa ýardam edýär. Ýaňy 13 ýaşanam bolsa, onuň gyjak, skripka çalanda barmak basyşy, dury owaz alşy, çylşyrymly Ýewropa hem-de dünýä saz eserleriniň tagamyny bilşi üýtgeşikdi. Şonuň üçin tiz wagtdan orkestriň şol wagtky çeper ýolbaşçysy we baş dirižýory Grigoriý Arakelýan sazandalyk ukybyny nazara alyp, Annageldi Jülgäni, Şamyrat Gurbannepes bilen bilelikde dirižýoryň assistentligine belleýär.

Täçmämmet Suhanguly, Pürli Sary, Mylly Täçmyrat ýaly ägirtler Annageldä halypalyk edýärdiler. Sütün halypalardan onuň bilen bilelikde Jepbar Hansähet, Şamyrat Gurbannepes, Hojamämmet we Çary Täçmämmetler, Sapar Mämi, Çary Gurban ýaly soňra adygan sazandalar heň öwrenýärdiler.

Şol ýyllarda Annageldi bagşylary «kowmaga-da» ýetişýär. Sahy Jepbar, Nurjemal Ady, Rejep Gylyç, Abdylla Amanja dagynyň gapdalynda gyjak çalýar.

Halypalaryň aýtmaklaryna görä, ozallar gyjak ýekelikde çalnyp ýörlen saz guraly hasaplanylmaýar eken. Annageldi welin bu däbi saklamady. Dogrusy, onuň daýylary Pürli, Oraz, Nury birlän-ikilän sazy gyjakda çalypdylar. Annageldi bolsa gyjakda ýekelikde saz çalmagyny ýygjamlaşdyryp ugraýar. Ol: «Dünýäniň köp ýurtlarynda gy-

jak, skripka aýratyn, ýekelikde ýerine ýetirilýän saz guraly hökmünde ulanylýar, näme üçin biziň türkmenimizde gyjak diňe bagşy kowmaly?» diýip, köp oýlanýar. Döredijilikli gözlegler netijesinde gyjagy aýratynlykda, ýagny ýekelikde çalynýan saz guralyna öwürýär.

Ýyllaryň geçmegi bilen Annageldi gyjak çalma sungatyny ýokary belentlige galdyrdy. Häzirki zaman kompozitorlarynyň eserleriniň, halk sazlarynyň ençemesini ol gyjak üçin täzeden işledi, olaryň ömrüne ömür goşdy. «Keçpelek» diýen halk sazy, Pürli Sarynyň «Bagyşlanýar», Nury Sarynyň «Pioner» diýen sazlary, Aman Agajygyň «Sorama» romansynyň sazy onuň gyjagynda täze owaz, täze öwüşgin bilen ýaňlandy.

Annageldi Jülgäniň ummasyz gorunda onuň özüçe timarlamadyk, özüçe täze öwüşginleri goşmadyk ýekeje sazam ýokdur diýilse, öte geçildigi bolmaz. Bu «endik» oňa baş halypasy, jan ýaly daýysy Pürli Sarydan geçipdi. Mälim bolşy ýaly, Pürli aga beýleki halypalardan tapawutlylykda, çalýan sazlaryny her gezek özgerdýärdi, olara täze öwüşgin berýärdi. Annageldi turuwbaşdan, baryp-ha uruş ýyllarynda gyjagyň çygryny giňeltmäge synanyşyk etdi, bu guralyň owaz öwüşginlerini, ses sanyny köpeltmek üçin däp bolup gelýän üç kirişli gyjagy dört kirişlä öwürdi.

Türkmen sazyny dünýä ýaýmakda Annageldi Jülge ýaly uly hyzmat bitiren adam iki-ýeke bolsa gerek. Ol dünýäniň birgiden ýurtlarynda bolup, özüniň inçe sungaty bilen millionlarça tomaşaçylary aňk etdi. Annageldi Jülgäniň gyjagynda türkmen sazlary dünýä diňleýjileri üçin has ýakyn, has täsirli, has jadyly eşidilýär. Şeýle hem, ol Çaýkowskiniň, Wiwaldiniň, Aram Haçaturýanyň, Spendiýarowyň eserlerini ussatlyk bilen sünnäläp çaldy. Oňa dünýä el çarpdy. Hindistan, Indoneziýa, Fransiýa, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Şwesiýa, Eýran, Türkiýe, Wengriýa, Finlýandiýa, Mongoliýa, Owganystan...el çarpdy.

1957-nji ýylda A. Jülgäýew Moskwada geçirilen sazandalaryň Bütinsoýuz bäsleşigine gatnaşyp, bäsleşigiň laureaty bolýar. Şol ýyl hem A. Jülgäýewe «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar. Şahyr Geldi Bäşi aýtmyşlaýyn:

Berjaý kylyp daýysynyň pendini,
Haýran edýär dünýäň şäher-kendini,
Ýada salýar Pyragynyň bendini,
Owaz etse Annageldiň gyjagy.

Hakdan içen sazandalara mahsus bolşy ýaly, Annageldi mydam täzeligiň gözleginde. Ol halk sazlarymyzy, häzirki zaman saz eserlerimizi täzeden işläp, olary fortepianonyň gapdalynda ýerine ýetirdi. Onuň Türkmenistanyň at gazanan artisti Wladimir Sapegin bilen bilelikde çalan sazlary türkmen radiosynyň «Altyn saz hazynasynda» saklanýar.

Annageldi Jülgäýew onlarça aýdymdyr sazlaryň hem awtorydyr. Awtoryň orkestr we gyjak üçin ýazan «Ýaşlara salam» diýen sazy ilkinji ýaňlanan gününden başlap uly meşhurlyk gazandy. Onuň döreden «Ýara garaşýan», «Gözel» ýaly aýdymlary hem halkyň söýgüli aýdymlaryna öwrüldi.

Annageldi Jülgäýew özüniň manyly ömrüni Pürli Saryýew adyndaky Türkmen döwlet halk saz gurallarynyň orkestrine bagyş edýär. Ol bu orkestrde indi 50 ýyldan gowrak wagt bäri döredijilikli zähmet çekýär. Ol şu kollektiwde sazanda, solist, dirižýor boldy.

Häzirki döwürde Annageldi Jülge Türkmen milli konserwatoriýasynda «Türkmen sazy» kafedrasynyň halypa mugallymy bolmak bilen, ýaşlara gyjakdan tälim berýär.

Annageldi Jülgäniň babasy meşhur Sary bagşynyň pentlerinden:

«Biziň sazymyz bir börňülläp ýatan akabadyr. Kesbiňe jür bolmasaň, şol akabadan agyz suwam ýetmez. Çyn sazanda bir heňi dünýäniň bar nepinden eý görýändir. Pespäl boluň! Islegli ýerinde zehiniňizi paýlaşyň, sarpaňyz artar...»

Babasynyň pendine eýerip, Annageldi ýiti zehini, yhlasy bilen saz akabasyndan susup alma kemini goýmaýar. Şol susup alanlaryny bolsa joşgunly ylhama öwrüp, halkyna paýlaýar. Görnükli saz öwreniji Hudaýberdi Durdyýewiň jaýdar belleýşi ýaly, nesillere nusga bolar ýaly edip çalýar.

1982-nji ýylda A. Jülgäýewe milli saz sungatymyzy ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy. Halypa, ussat gyjakçy A. Jülgäýew 2009-njy ýylda «III derejeli Altyn asyr» ordeni bilen sylaglandy.

## GARGY TÜÝDÜK WE DILLI TÜÝDÜK TÜRKMENLERIŇ MILLI SAZ GURALLARYDYR

Gurluşy we ses çykaryşy boýunça gargy tüýdüge meňzeş fleýta kysymly gurallar jemgyýetçilik ösüş derejesi dürli-dürli bolan halklaryň köpüsine mälimdir.

Çarwaçylyk durmuş şertlerinde gargy tüýdük çopanyň mydama hemrasy bolupdyr.

Ýazmuhammet Köse, Ata Gara, Annaguly Saryýew, Baky Maşakow ýaly tüýdükçileriň tagallasy bilen biziň döwrümize tüýdük aýdym-sazlarynyň köpüsi gelip gowuşýar.

Gargy tüýdük türkmenleriň iň bir gadymy saz gurallarynyň biridir. Gargy tüýdügiň gelip çykyşy hakynda rowaýatlar köp. Olaryň birinde şeýle diýilýär:

Isgender patyşanyň şahy bolup, ol şahyny gizlinlikde saklaýar. Her gezek saçyny syrdyranda, ol saçyny syran adamy öldürer eken. Günlerde bir gün onuň saçyny syrmaga bir owadan, görmegeý ýigit gelýär. Isgender saçyny syrdyrandan soň, onuň boý-syratyna seredip, ony öldürmäge dözmeýär. Isgender patyşa ýigide hiç haçan, hiç ýerde bu hakda gürlemejekdigi barada ant içirip, bardy-geldi bir ýerde eşidäýse-de öldürjekdigini aýdýar.

Il-gün bilen derdini paýlaşyp ýören ýigit bu wakany içine sygdyryp bilmän, çöle çykyp, bir guýynyň içine:

– Isgenderiň şahy bar – diýip gygyrypdyr. Şol günden soň guýynyň içinden ösýän gargydan çopanlaryň ýasan tüýdükleri Isgenderiň şahynyň bardygyny uly ile gürrüň beripdirler, aýan edipdirler.

Rowaýatlaryň ýene biri Babagammar bilen baglanyşykly bolup, «gargy» diýen sözüň gelip çykyşy hem-de «şeýtan deşik» hakda aýdylýar.

... Babagammar ýogyn gargydan tüýdük ýasap, çyny bilen jan edip saz çalanda, esasy sesiň ýene birini tapjak bolup otyrka, şeýtan gelip tüýdügiň arka tarapyndan ýene-de bir deşik deşmelidigini aýdýar. Şondan soň ol deşige «şeýtan deşik» diýlip at berlipdir.

Gargy tüýdügi ýasap, ondan ses almak kyn bolanlygy sebäpli, görgi diýen sözden gelip çykanmyş.

Gargy güýz aýlary kesilip alnypdyr. Gargyny düýbünden kesip alyp, egrelmez ýaly, dikligine bir zada daňyp goýup guradypdyrlar.

Gargy tüýdük gowy ösen düme gargydan ýasalýar. Onuň düme gargydan ýasalmagynyň sebäbi düme gargynyň bogunlarynyň arasy ýygyrak bolýar. Beýleki suwly ýerde ösýän gargylardan hem ýasalýar, ýöne onda gargynyň ýokary başyragyndan alyp ýasalýar.

Tüýdükler uzynly-gysgaly bolýar. Ýagny, gargy tüýdük ýedi bogundan ýasalýar. Tebigatda iki sany birmeňzeş gargy bolaýmasa, bir ölçegde iki tüýdük ýasamak mümkin däl. Hatda ökde tüýdükçi ussalar hem tüýdük ýasanda ýalňyşar ekenler. Tüýdüge müşdük oturdylyp çalynýar.[1]

Gyzylarbatly tüýdükçi Agöýli Batyrowyň gürrüň bermegine görä, öňler tüýdügiň müşdügi kümüşden ýasalar eken. Soň-soňlar mis peşeňlerden ýasalyp ugrapdyr. Tüýdügi müşdüksiz hem çalmak bolar. Ýasalanda müşdügiň ölçegini alyp, şol ölçegde tüýdügiň ýokarsyndan kesip aýryp, müşdügi oturdýarlar. Müşdük tüýdügiň gyralarynyň öl bolup zaýalanmazlygy hem-de arassa ses almak üçin ulanylýar.

Gargy tüýdügiň iki hili görnüşi bar. Biri alty deşikli, beýlekisi bäş deşiklidir. Bäş deşikli tüýdük, esasanam, döwletimiziň günbatar etraplarynda duş gelýär. Esasy köp ulanylýan tüýdük alty deşikli tüýdükdir. Gargy tüýdügiň öň tarapynda 4 ýa-da 5 deşik bar. 5-nji ýa-da 6-njy deşik bolsa tüýdügiň arka tarapynda ýokarda ýerleşýär.

Ýedi bogun gargyny kesip alyp, onuň içi 6; 8; 10 *mm* edip boýdan-başa deşilýär. Käbir tüýdükçiler 10–15 *mm* aralykda deşýärler. Tüýdügiň içi näçe giň bolsa, şonça-da dem köp gidýär. Şonuň üçin hem her bir tüýdükçi öz ýagdaýyna görä tüýdük ýasapdyr. Tüýdügiň iň aşaky deşigi ölçelende gargynyň aşagyndan bir tutum ýer goýlup, bi-

[1] *Orazkulyýew A.* Gargy tüýdük. TMK-nyň kitaphanasy. Diplom işi. 1991 ý.

rinji deşigi deşilýär. Ikinji deşik birinjiden iki barmak ýokarda, üçünji ikinjiden iki barmak ýokarda, dördünji üçünjiden iki barmak ýokarda, bäşinji dördünjiden bir barmak ýokarda, altynjy deşik tüýdügiň arka tarapynda ýa-da bäşinjiden iki ýarym barmak ýokarda ýerleşdirilýär. Häzirki döwürde tüýdükçi ussalar şeýle ölçegde tüýdük ýasaýarlar.

Gargy tüýdük ýarylan mahaly, onuň daşyna öňki döwürlerde kiçi mallaryň içegesini geýdiripdirler.

Gargy tüýdük üflenip çalynýan saz guraly bolup, onuň özboluşly, hyşşyldyly ýakymly sesi bar.

Gargy tüýdügi toý-tomaşalarda, hatda gyzamykdan hassa bolup ýatanlary açmak, ýagny, şonuň keselini ýeňledip, göwnüni götermek üçin hem ulanylypdyr. Ýörite gyzamykda çalýan tüýdükçiler hem bolupdyr. Plany tüýdükçi gowy kömek edýär diýlip, daş-daş obalardan hem tüýdükçi çagyrylyp, hassanyň ýanynda çaldyrypdyrlar.

Toý-tomaşalarda tüýdükçiniň ýanynda aýdymçy hem bolupdyr. Aýdymçy tüýdügiň sesine görä goşup aýdym aýdypdyr. Gargy tüýdügi islendik sese görä çalyp bolmaýar. Gargy tüýdükde aýdym-sazlar hem-de ýörite tüýdük üçin sazlar bolupdyr. Haçanda tüýdükçi ýörite tüýdük sazlaryny çalanda, öňünden sazyň rowaýatyny kimiň, näme üçin bu sazy düzenligini gürrüň beripdirler.

Gargy tüýdük ýekelikde, iki bolup, hatda köplük bolnup hem çalnypdyr. Iki bolup çalnanda tüýdükçiler biri-birine bakyp, dyzyna çöküp oturypdyrlar. Köplük bolup çalnanda bolsa, ökde tüýdükçileriň biri ýolbaşçy bolupdyr.

## ÝAZMUHAMMET KÖSE
## (1875–1944)



Türkmen halkynyň gadymdan bäri dowam edip gelýän saz senediniň biri bolan gargy tüýdügiň hakyky eýeleri hakynda söhbet açylanda, ozaly bilen ussat sazanda Ýazmuhammet Kösäniň ady ýadyňa düşýär. Ol öz zamanasynyň edil meşhur Döwletdurdy tüýdükçi, Peýdaguly tüýdükçi, Agajan tüýdükçi ýaly ägirt uly halypa sazandasy, şol ussatlaryň deňine ýeten tüýdükçidir.

Ýazmuhammet Kösäniň hakyky ady Nyýazmuhammetdir. Ol 1875-nji ýylda Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Garakçylar obasynda dünýä inýär. Onuň kakasyna Öwez diýer ekenler. Ol hem şahandaz adam bolupdyr. Köse lakamy oňa ýaşlygynda bile oýnan oglanlarynyň degişmesinden galypdyr. Şeýlelikde, ýörgünli lakama ýazyp gidipdir.

Ýazmuhammet tüýdükçi jemi 5 dogan bolup, onuň özünden uly agasyna Hanjyk diýer ekenler. Ol 1941-nji ýylda aradan çykýar. Meşhur tüýdükçiniň aýal doganlary Gözel, Bike, Garagyz dagy hem aýdym-sazyň magşuklary bolupdyrlar. Bularyň hem ýaýrawlarynda aýdym-saza ýürek berenleri bar. Ýazmuhammet Kösäniň iki ogly bolup, olar Ýusup bilen Garadyr. Ýusubyň sazdan märeke sowarlygy bar eken. Ol irräk aradan çykýar.

Il içinde Gara Ýazmuhammet ady bilen adygan ikinji ogly dutar çalyp, aýdym aýdar eken. Kakasynyň gargy tüýdüginem gyrada goýmandyr. Tüýs gyzan mahaly tüýdügiň ýanynda ýanama aýtmasam bar eken.

Ýazmuhammet tüýdükçi ýaşlygynda goňşy obalaryndaky Agajan tüýdükçiden (Agajan Pirnazar 1864–1926) tälim alýar we halypa tutunýar. Bu halypa ussat tüýdükçiler Baky Maşakow, Şajyk Gulow, Musa Allamyrat, Nury tüýdükçi, Öwez tüýdükçi ýaly ägirt sazandalary hem ýetişdiren halypadyr.[1]

[1] *Rejebow M.* Köse tüýdükçi. 125 kitapça. Mary. 2001, sah. 1–2.



12. Sargyt № 952

Ýazmuhammet Köse Agajan tüýdükçini, Peýdaguly tüýdükçini özüne halypa edinýär. Olardan gargy tüýdük mukamlarynyň gadymky çalnyş nusgalaryny öwrenýär.

Meşhur tüýdükçi Ýazmuhammet Köse, Hydyr bagşy, ussat tüýdükçi Annaguly Sary, Muhammetmyrat Nepesli, Garly bagşy dagy bilen ýyllaryň dowamynda bile tirkeşýär. Nursähet bagşynyň, Jumasähet bagşynyň, Babanyýaz bagşynyň ýanynda tüýdük çalyp gezýär. Ol ussat tüýdükçileriň deňine ýetende, 1925-nji ýylda türkmen aýdym-sazyny we bagşy-sazandalaryny öwreniji rus alymy Wiktor Aleksandrowiç Uspenskiý bilen duşuşýar. Gargy tüýdük heňleriniň iň gadymy nusgalarynyň birnäçesini saz öwreniji alyma çalyp berýär. Saz öwreniji Ýazmuhammet Köseden «Heleý heňi», «Horele gubam», «Düşmüşem zyndana», «Gyr atym» atly heňleri ýazyp alýar. W. A. Uspenskiniň tagallasy bilen Ýazmuhammet Köse Aşgabada çagyrylýar. Aşgabatda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary ansamblyna goşulýar. 1935-nji ýylda bolsa onuň ussatlyk bilen çalýan sazlary Türkmenistan radiosynda-da ýygy-ýygydan ýaňlanýar.

1935-nji ýylda Moskwa şäherinde geçirilen aýdym-saz ýazgysyna-da gatnaşyp, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Nursähet Halsähediň, Jumasähet bagşynyň aýdan aýdymlaryna sazandarlyk edýär.

Muhammetmyrat Nepesli bilen bilelikde hem «Gülüm, Öwezjan», «Nowaýy» atly heňleri gramplastinka üçin ýazga berýär. Ýazmuhammet Köse özüniň uly sungatyny ulus-iline bagyş edýär. Baky Maşakow ýaly ussat tüýdükçileri ýetişdirýär. Onuň nusgalyk çalan mukamlary Marynyň radiosynda, Türkmenistan radiosynda wagtal-wagtal ýaňlanyp durýar.

«Çuwal serpen», «Begler», «Gelin mukamy», «Mämişi gökleň», «Bady saba», «Göç egremi», «Gülälek» ýaly gargy tüýdükde çalynýan naýbaşy mukamlaryň iň takyk hem şirin şahalaryny Ýazmuhammet Köse nesillere ýadygär goýupdyr.

Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy Ýazmuhammet Kösäniň dogduk mekanyna dolanyp barmagyna sebäp bolýar. Öý keşiginiň agramy onuň öz boýnuna düşýär. Ol tä ömri ötinçä gargy tüýdügini ýanyndan goýmandyr. Ony özüniň iň ýakyn hemrasy saýyp gelipdir.

Halkymyzyň meşhur tüýdükçisi Ýazmuhammet Köse 1944-nji ýylda aradan çykýar. Onuň sungatyny nesiller dowam edýär.

## BAKY MAŞAKOW
**(1905–1977)**



Garaşsyzlyk zamanamyzda saz sungatynyň sarpasy abraýly bolup, hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen halypa-şägirtlik ýörelgeleri, halk aýdym-sazlarymyzyň wagyz edilişi barha giň gerim alýar. Türkmeniň beýleki milli saz gurallary bilen bir hatarda gadymy «gargy» tüýdüginiň owazy hem barha belent ýaňlanýar. Gargy tüýdükde saz çalyp, öz ussatlygy bilen halkymyzyň kalbynyň töründe mynasyp orun eýelän Ýazmuhammet Köse, onuň şägirdi ussat tüýdükçi Baky Maşakow 1905-nji ýylda häzirki Mary etrabynyň Gülüstan daýhan birleşiginde garyp daýhan maşgalasynda dünýä inýär. Olar 5 çaga – iki gyz, 3 sany-da oglan dogan bolýarlar. Oglan doganlarynyň iň ulusy Baky, soňra Hekim (Döwlet uniwersitetiniň dosenti), iň kiçileri – himiýa mugallymy. Baky Maşakow 7 ýaşyna ýetende ilki kakasy, soňra ejesi dünýäden ötýär. Onuň şol döwürlerde has ýörgünli gargy tüýdük saz guralyny saýlamaklygynyň sebäbi, onuň daýylary gargy tüýdük çalar ekenler.

Baky Maşakow 1935-nji ýyllarda Aşgabada gelip, egirme-dokma fabrigine işe giripdir. 1938-nji ýyldan başlap, türkmen radiosy bilen aragatnaşyk saklap, göni efirde saz çalýar.

1941-nji ýylda filarmoniýa açylanda, Baky Maşakow ol ýere işe geçirilýär hem-de halk saz gurallary ansamblynda sazanda bolup işleýär. Bu ýerde ol 1956-njy ýyla çenli işläpdir we 1972-nji ýylda D. Öwezow adyndaky Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesinde (häzirki wagtda Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebi) işleýär, ol ýerde tüýdükçiler ansamblyny döredýär we

birnäçe ýaş sazandalary ýetişdirýär. Olaryň içinde Çaryýar Jumaýewi, Aşyr Ýazmyradowy, Jepbar Rozyýewi, Çary Ataýewi mysal getirmek bolar. Türkmen sazynyň taryhynda tüýdük saz guraly bilen öçmejek yz galdyran ussatlardan Mahmyt Aryk, Peýda tüýdükçi, Annaguly Sary tüýdükçi, Agajan tüýdükçi (Ýazmuhammet Kösäniň halypasy), Soltan tüýdükçi (Kiçi Garlynyň ogly), Ýazmämmet Köse (Baky Maşakowyň halypasy), Baky Maşakow ýaly tüýdükçi sazandalaryň hemmesi-de Mary sebitleriniň meşhur tüýdükçileridir.

Mary etraby üçin, dürli etimologik sebäplere görä, geçmişde tüýdük, ylaýta-da, gargy tüýdük häsiýetli bolupdyr. Munuň şeýledigine bagşyçylygyň tüýdüge (ýa-da goşa tüýdüge) ýanap aýdylmak usulynyň, tüýdük sazlaryny bolsa özbaşdak (aýdymçynyň) çalmak usulynyň-da diňe Mary sebitlerinde ösüp, şol ýerde hem belent professionallyk derejesine ýetirilendigi şaýatlyk edýär.

Ýazmuhammet Köse, onuň şägirdi ussat tüýdükçi Baky Maşakow, Soltan Naýçy, Muhammetmyrat tüýdükçi, Allan Rozy, Wellek Guwaly, Hojanazar tüýdükçi we başga-da onlarça ägirtler gargy tüýdük senedini ösdürmekde zehinini gaýgyrman, bu sungatyň taryhynda öçmejek yz galdyrmagy başardylar.



**Baky Maşakow şägirtleri bilen**

Baky Maşakowyň şägirtleri Türkmenistanyň at gazanan artisti, sungaty öwreniş ylymlarynyň kandidaty Çaryýar Jumaýew we Aşyr Ýazmyradow öz halypasynyň däbine eýerip, halypasyndan öwrenen tüýdük çalmak sungatyny mynasyp dowam etdirip, öz şägirtlerine geçirip ýörler.

Baky Maşakow 1977-nji ýylyň 30-njy aprelinde uzaga çeken agyr keselden soň aradan çykýar. Türkmenistanyň halk saz sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin oňa 1994-nji ýylda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent at dakyldy. Ussat tüýdükçiniň çalan sazlaryndan 90 töweregi häzir türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat. 12-nji iýun, 2009 ý.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler I, II tom. Aşgabat, 2009 ý.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007 ý.
4. *O. Annanepesow.* Ozal akan ýerden akarmyş aryk. Türkmenistanyň medeniýet ministrliginiň Okuw usulyýet merkezi (O.U.M.). Aşgabat, 2009.
5. *O. Annanepesow, W. Larionow* «Ussat dutarçy Çary Täçmämmedow» O.U.M. Aşgabat,1992.
6. *O. Annanepesow*. «Ussat sazanda Ýagmyr Nurgeldi» O.U.M. Aşgabat, 2007.
7. *O. Annanepesow, A. Berdiýew* «Milli sazymyz – ruhy baýlygymyz» O.U.M. Aşgabat, 2008.
8. *A. Ahmedow, A. Saparow*. «Dutaryň owazy – halkymyň sazy». «Türkmenistan» neşirýaty, Aşgabat, 1983
9. *A. Rejebow*. «Bagşylar» žurnaly, № 3. Aşgabat, 1995.
10. *A. Saparow. Mylly Täçmyradow.* M.: Sowetskiý kompozitor, 1986.
11. *A. Aşyrow.* Kyrklar. – A., 1993.
12. *B. Basilýew.* Yslam keramatlylar kulty. – A.: Türkmenistan, 1975.
13. *H. Durdyýew*. Şabram şelpeler. – A.: Türkmenistan, 1982.
14. *Ö. Atakow*. Bazar bagşy. – A.: Türkmenistan, 1997.
15. *O. Gandymow, W. Larionow*. Döwürleri baglanyşdyrýan tar. – A.: O.U.M., 1992.
16. *W. Uspenskiý, W. Belýaýew*. Туркменская музыка. I том. – A.: Türkmenistan, 1979.
17. *N. Nyýazlyýew*. Gönübek. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
18. *Ý. Nurymow*. Türkmen sazlary we sazandalary. – A.: Magaryf, 1993.
19. *M. Rejebow*. Köse tüýdükçi. – Mary, 2001.

# MAZMUNY

Giriş ... 7
Türkmen instrumental sazynyň gadymy gözbaşlary ... 10
Türkmen halk saz gurallaryna häsiýetnama ... 13
Dutar ... 13
Dutaryň perdeleri ... 15
Dutaryň perdelerinde türkmen halk sazlarynyň ilkinji «giriş» bölüminiň başlangyjynyň tertipnamasy ... 20
Dutarda ýerine ýetirilýän uly göwrümli sazlar ... 25
Türkmen dutarynyň repertuary we türkmen halk sazlarynyň elipbiý beýany ... 28
Gyjak ... 33
Gargy tüýdük ... 33
Dilli tüýdük ... 34
Goşa dilli tüýdük ... 34
Gopuz ... 35
Dutar çalmagyň usullary ... 35
Dutar sazynyň programmalylygy ... 37
Türkmen halk saz gurallary orkestriniň döredilmegi ... 38
Türkmen bagşyçylyk sungaty ... 42
Ahalteke bagşyçylyk ýoly ... 42
Damana bagşyçylyk ýoly ... 42
Salyr-saryk bagşyçylyk ýoly ... 43
Ärsary bagşyçylyk ýoly ... 44
Ýomut-gökleň bagşyçylyk ýoly ... 45
Çowdur bagşyçylyk ýoly ... 45
**Ahal dutar ýerine ýetirijilik mekdebi** ... 47
Amangeldi Gönübek (1830–1879) ... 49
Şükür Bagşy (1831–1928 (1931)) ... 52
Kel Bagşy (1850–1923) ... 54
Täçmämmet Suhangulyýew (1865–1942) ... 59
Mylly Täçmyradow (1885–1960) ... 61
Amangeldi Gönübekow (ady dakylan) (1887–1963) ... 67
Pürli Saryýew (1900–1971) ... 69
Geldi Ugurlyýew (1901–1964) ... 74
Hojamämmet Täçmämmedow (1922–1951) ... 76
Çary Täçmämmedow (1923–1976) ... 77
Tugur Berdinýazow (1923–1977) ... 80

Jepbar Hansähedow (1924–1964)....... 81
Annanyýaz Öwezow (1926–1987)....... 84
Sapar Mämiýew (1926–1989)....... 85
Şamyrat Gurbannepesow (1927–1948)....... 89
Soltanmyrat Jygaýew (1928–1980)....... 92
Ýagdy Mämmetliýew (1930–1983)....... 93
Ýagmyr Nurgeldiýew (1931–1993)....... 95
Aýmämmet Aşyrow (1934–1992)....... 98
Gurbannazar Nurymow (1939–1999)....... 99
Ýolaman Nurymow (1943)....... 105
Akmyrat Çaryýew (1947)....... 111
Begmyrat Gutlymyradow (1947–2010)....... 113
Ata Täçmämmedow (1950–1995)....... 116
**Mary dutar ýerine ýetirijilik mekdebi**....... 119
Öwezdurdy Welmämmedow (1886–1972)....... 121
Gurbandurdy Mahyýew (1890–1938)....... 122
Durdy Myradow (1902–1972)....... 123
Oraz Bagybekow (1922–1988)....... 125
Han Akyýew (1922–1998)....... 127
Durnazar Hudaýberenow (1927–1982)....... 134
Ýazgeldi Kuwwadow (1930–1993)....... 138
Amannazar Ataýew (1942–1997)....... 145
Döwletmyrat Hudaýberenow (1959)....... 149
**Gyjak saz guralynda ýerine ýetirijilik sungaty**....... 152
Hanmämmet Allanurow (1887–1937)....... 155
Sapar Bekiýew (1896–1964)....... 156
Oraz Saryýew (1915–1988)....... 158
Nury Saryýew (1922–1941)....... 159
Garýagdy Alyýew (1923–1980)....... 161
Ata Ablyýew (1925–2002)....... 163
Çary Gurbanow (1927–1967)....... 165
Saparguly Işangulyýew (1929–1987)....... 169
Annageldi Jülgäýew (1929)....... 171
**Gargy tüýdük we dilli tüýdük türkmenleriň milli saz gurallarydyr**....... 174
Ýazmuhammet Köse (1875–1944)....... 177
Baky Maşakow (1905–1977)....... 179
Peýdalanylan edebiýatlar....... 182